AŞYROW S.

# SOSIOLOGIÝA

Ýokary okuw mekdepleri üçin synag okuw kitaby

**Türkmenistanyň Bilim Ministrligi tarapyndan hödürlendi**

AŞGABAT
TOHU-2010

**UOK**
**S.Aşyrow**

Sosiologiýa dersi boýunça synag okuw kitaby.
Aşgabat, TOHU, 2010 ýyl.

Sosiologiýa dersinden okuw kitaby S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetinde öwrenilýän hünärler boýunça talyplar bilen umumy okuwlary we söhbetdeşlik sapaklaryny geçirmek üçin ýazylandyr.

Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň meýilnamasyna laýyklykda taýýarlanan synag okuw kitaby Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerinde hem hemme hünärler boýunça ulanylyp biliner.

Ylmy işgärler, mugallymlar we dürli ugurlarda işleýän hünärmenler, syýasy jemgyýetçilik we döwlet işgärleri bu kitaby öz işlerinde ulanyp bilerler.

©S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersiteti

**Aşgabat-2010**

# GIRIŞ

Sosiologiýa boýunça kitap ýazmaklyk ideýasy hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň täze ylym-bilim syýasaty bilen gönüden-göni baglanyşyklydyr. Mälim boluşy ýaly, bu ugurda hormatly Prezidentimiziň syýasaty Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimiziň ylym-bilim babatda derejesini dünýä ülňülerine, dünýä standartyna laýyk getirmekden ybaratdyr.

Beýik Galkynyş eýýamynyň bilim özgertmeleri esasynda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde Türkmenistanyň jemgyýetçilik durmuşyny öwreniş dersi girizildi. Onuň düzümine biri-biri bilen özara baglanyşykly we logiki yzygiderlilikde, aýratynlykda öwrenilýän okuw meýilnamalary işlenilip taýýarlanyldy.

Täze dersiň baş maksady ýurduň ýokary okuw mekdeplerinde taýýarlanylýan hünärmenleriň jemgyýet barada giň dünýä garaýşyny kemala getirmekden ybaratdyr. Şu dersiň üsti bilen Türkmenistanyň jemgyýetçilik gurluşynda häzirki döwürde bolup geçýän syýasy, ykdysady, durmuş we ruhy-medeni ösüşlere ylmy nukdaý nazardan baha bermek maksat edinilýär. Onuň düzüminde Sosiologiýa dersi aýratyn meýilnama boýunça öwrenilýär. Şu okuw meýilnamasy boýunça mugallymlar, talyplar üçin okuw kitabynyň we gollanmasynyň heniz taýýarlanylmandygyny göz öňünde tutup awtor şu eliňizdäki okuw kitabyny ýazdy.

Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenen meýilnama laýyklykda ýazyldy. Meýilnama esasynda şu aşakdaky problemalara seredilip geçildi:

Sosiologiýanyň ylym hökmünde döreýşiniň we ösüşiniň taryhy, jemgyýet sosiologiýanyň esasy obýekti hökmünde, sosial struktura düşüňjesi, sosial institutlar we guramalar, sosial stratifikasiýa hem onuň tipleri, etnososiologiýa, şahsyýet sosiologiýasy, amaly sosiologiýa, takyk sosiologik barlaglaryň görnüşleri we metodlary, kitabyň soňunda sosiologik adalgalaryň sözlügi berilýär.

Kitap dokuz bölümden ybarat bolup, onuñ birinji, “Sosiologiýa ylym hökmünde” diýen bölüminde, onuñ nämäni öwrenýänligi, teoretiki we praktiki ähmiýeti, obýekti we predmeti baradaky meselelere seredilip geçilýär. Sosiologiýa ylymy özüniñ dörän wagtyndan başlap, jemgyýetçilik durmuşynyñ dürli taraplarynyñ arasyndaky jemgyýetçilik gatnaşyklary bilen baglanyşykly meseleleri esasy üns merkezinde saklap gelipdir. Aýratynam, sosial özara hereket problemasyna ýokary derejede gyzyklanma bildiripdir. Şonuñ üçin bu problema has giñ orun berilýär. Şonuñ ýaly hem kitabyñ birinji bölüminiñ çäklerinde sosiologiýanyñ beýleki ylymlara gatnaşygy seljerilýär. Sosiologiýa filosofiýanyñ jümmüşinden gelip çykan ylymdyr. Adam, jemgyýet we döwlet baradaky meseleler ilki başda filosofiýa ylmynyñ çäklerinde goýulypdyr. Emma filosofiýa bu meseleler bilen tejribeden üzñe, dine akyl, pikir ýöretmek arkaly meşgul bolan bolsa, sosiologiýa belli bir derejede takyk ylym hökmünde jemgyýetçilik gatnaşyklarynyñ meselelerine seredilende anyk maglumatlara we tejribelere daýanýar.

Kitabyñ birinji bölümi, sosiologiýanyñ funksiýalaryna seredilip geçilmegi bilen tamamlanýar.

Kitabyň ikinji bölümi, “Sosiogiýanyň ylym hökmünde döreýşiniň we ösüşiniň taryhy”, diýlip atlandyrylan bu bölümde gadymy Hinistanyň mysalynda seljerilýär. Taryhda sosiologiýa, ilki sosial filosofiýa ady bilen dowam edip, diňe XIX asyryň ortalarynda sosiologiýa adyna eýe bolýar. Ol özbaşdak ylym hökmünde çykyş edip başlaýar. Şeýlelikde sosiologiýa gadymy döwürden soňra özüniň ösüşinde orta asyrlar we täze döwri (IV-XVIII asyrlar), XIX-XX asyrlary öz içine alýan döwri başyndan geçirýär. Bu döwürlerde ýaşap geçen Ýewropanyň görnükli alymlarynyň we syýasatçylarynyň, şol sanda Nikkolo Makiawelliniň, Tomas Gobbsyň, Ogýust Kontuň, Emil Dýurkgeýmiň, Karl Marksyň, Maks Weberiň öňe süren sosiologik taglymatlary kitapda yzygiderli derňelýär.

Kitabyň üçünji, “Jemgyýet sosiologiýanyň esasy obýekti hökmünde diýen bölüminde, jemgyýet we ilat, yurt, jemgyýet we döwlet diýen düşünjeler deňeşdirilýär. Jemgyýet düşünjesiniň industrial jemgyýetden

öňki jemgyýet, industrial jemgyýet, postindustrial, informasion jemgyýet görnüşlerinde kesgitlenilişi yzygiderli beýan edilýär.

Sosial struktura düşünjesine, kategoriýalaýyn we funksiýalaýyn çemeleşmek, sosial umumylyklar we sosial insitutlar kitabyň dördünji bölüminde seredilýär.

Bäşinji bölümde, sosial stratifikasiýa düşünjesine, sosial status we sosial rol, sosial mobillik we onuň görnüşlerine, stratifikasiýanyň adamzat jemgyýetiniň taryhyndaky görnüşlerine, jemgyýetiň synplara bölünişi dogrusyndaky dürli teoriýalara hersiniň üstünde aýratynlykda durlup geçilýär.

Etnososiologiýa we şahsyýet sosiologiýasy bölümlerinde jemgyýetiň etniki we sosial ulgamlarynyň özara baglanyşygy we aýratynlyklary ýüze çykarylýar.

Amaly sosiologiýa barada gürrüň edilende, onuň fundamentallaýyn sosiologiýadan tapawutly aýratynlygyny belläp geçmek bilen, fundamentallaýyn, teoretiki sosiologiýany we amaly, empiriki sosiologiýany biri-birine garşy goýman, eýsem olaryň maksadynyň birligine olaryň biri-biriniň üstüni doldurýanlygyna, awtor, okyjylaryň ünsüni çekýär.

Kitabyň iň soňky jemleýji bölümi takyk sosiologik barlaglaryň görnüşlerinden we usullaryndan ybaratdyr. Bu bölümde takyk sosiologik barlaglaryň mümkinçilikleri, olaryň amala aşyrylyşynyň etaplary we görnüşleri, barlagyň programmasy, sosiologiki barlaglarda saýlama, seçim problemasy, barlagyň, sosiologiki maglumatlaryň toplanyşynyň usullary giňişleýin beýan edilýär. Aýratynam, sosiologiýanyň jemgyýetçilik, syýasy döwlet işlerindäki ähmiýetine üns berilýär.

# I. SOSIOLOGIÝA YLYM HÖKMÜNDE

## §1. Sosiologiýa nämäni öwrenýär

Sosiologiýa sosial ýaşaýyş-durmuşy, jemgyýetde bolup geçýän sosial özgertmeleri, adamlaryň yzygiderli başyndan geçirýän sosial wakalaryny öwrenýär. Bu durmuşdaky bolup geçýän hadysalar adamlaryň durmuş ýörelgelerinde, jemgyýetdäki gatnaşyklarynda, hatda adamlaryň ykbalynda hem öz ornuny tapýandyr.

Jemgyýetçilik häsiýete eýe bolan adamynyň her bir hereketiniň öz töweregindäki başga adamlaryň kabul edişine baha berişine görä, kesgitli netijesi bolýar. Bu hereketi eden adam belli bir derejede ol netijäni göz öňünde tutýar.

Şonuň ýaly hem, şol bir wakanyň dürli ylymlar tarapyndan seljerilmegi mümkin we ondan çykarylýan netije biri-birine doly meňzeş bolmaýar. Emma bu ýagdaý sosiologiýanyň özbaşdak obýektiniň ýoklugyny aňlatmaýar. Sebäbi sosiologiýa ylmyna kesgitleme berlende hökmany suratda göz öňünde tutulmaly zat diňe bir onuň nämäni öwrenýänliginde däl-de ony nähili ýol bilen öwrenişine, faktlary nähili düşündirişine, oňa baha berişine baglydyr. Sebäbi sosiologiýanyň obýekti onuň nämäni öwrenýänligine bagly bolsa, onuň nähili ýol bilen öwrenişi sosiologiýanyň predmetine baglydyr. Sosiologiýanyň kesgitlemesine şeýle çemeleşmek, onuň obýektiniň we predmetiniň özara baglanyşykly utgaşyp gitmekligini aňladýar.

Ondan başga-da sosiologlar jemgyýetiň strukturasyny, gurluşyny we oňa girýän sosial institutlary, sosial guramalary seljerýärler. Sebäbi ahyrky netijede adamynyň ykbaly belli bir derejede ol edaralaryň alyp barýan işleriniň üstünlikli ýa-da gowşak bolýanlygyna baglydyr.

Adamlaryň özüni alyp baryşy nähili hem bolsa, olaryň hemme görnüşlerine sosial kategoriýa hökmünde seredilýänligi üçin sosiologiýanyň ylmy bähbitleriniň diapazony, öwrenýän meýdanynyň çägi ullakan giňişlige ýaýylyp gidýär. Mysal üçin, onuň seredýän

meseleleriniñ çägi uly bolmadyk maşgaladan, ýa-da dostlukly kompaniýadan başlap, sosial synplara, köp sanly märekä, adamlaryñ ullakan bileleşigine çenli baryp ýetýär. Sosiologiýany ylym hökmünde gyzyklandyrýan zat guramaçylykly jenaýatçylykdan başlap, dini ýörelgelere, professional toparlara we syýasy partiýalara çenli bu sferalarda bolup geçýän hadysalary öz içine alýar. Sebäbi bularyñ hemmesi jemgyýetde özüñi alyp barmaklygyñ köpçülikleýin häsiýete eýe bolan görnüşleriniñ ýüze çykmaklygyny añladýar. Sosial göreşiñ iñ gyzgyn nokatlarynda bolup geçýän hadysalary, wakalary analizlemek elmydama sosiologlaryñ üns merkezinde durýar. Sosiologlar taryhda we häzirki wagtda hem jemgyýetdäki sosial deñsizligi diňe düşündirmek bilen çäklenmän, jemgyýeti adalatlylygyñ we deñligiñ ideýalaryna laýyklykda özgertmegi niýet edinip dürli pikirleri öñe sürýärler.

Sosiologiýanyñ ylym hökmünde seýrek duş gelýän hadysa kybatdaşlygyny, onuñ jemgyýetiñ strategiki ösüş teoriýasynyñ birnäçe görnüşini işläp düzenligi bilen hem düşündirmek bolar. Bu teoretiki ýörelgeler funksional strukturadan, düzümden, gumanistik perspektiwadan, tasin, adaty däl sosiologiýadan, pozitiwizmden (faktlara esaslanmak), we marksizmden ybaratdyr.

Şu nukdaý nazardan bizi gurşap alýan dünýädäki bolup geçýän wakalary dürli-dürli görnüşde düşündirmek mümkindir.

Dünýä baha bermek, ony düşündirmek meselesi boýunça köp dürli sosiologiki çemeleşmeler, adamlaryñ içki dünýäsiniñ çylşyrymly bolşy ýaly, adamzat jemgyýetiniñ hem köp ölçegli bolmagy bilen baglanyşyklydyr. Şonuñ netijesinde sosiologiýa real hakykata dürli nukdaý nazardan baha berýär we göz ýetirýär. Diñe fiziki dünýä tebigat tarapyndan döredilenligi üçin bir manyly we yzygiderlidir. Sosial hakykat bolsa, diñe köp ölçegliligi däl-de, köp manylylygy hem añladýandyr. Adam sosial reallygy döredip, ony ölçemek we analizlemekden başga, oña baha berýär, tankyt edýär, kabul edýär ýa-da yzyna gaýtarýar, simwoliki ähmiýetli pikirleri ýaýradyp, hyýaly toslamalary hem döredýär.

Sosiologiýanyñ jemgyýeti köp taraplaýyn öwrenmegi, onuñ obýektiw we subýektiw usullary ulanmagy bu ylmyñ ikitaraplaýyn teoretiki statusa eýe bolmagyna getirýär. Sosiýalogiýa ykdysadyýet ýa-da psihologiýa ylymlary ýaly, diñe sosial ylym bolman, filosofiýa ýa-da sungaty öwreniş ylymlary ýaly gumanitar ylymlar bilen hem utgaşyp gidýändir. Şeýlelikde sosiologiýanyñ ylym-bilim (strukturasynda) gurluşynda üýtgeşik, täsin ýerleşmegi, onuñ mümkinçilikleriniñ çägini has giñeldýär.

Sosiologiýa jemgyýetde bolup geçýän dürli hadysalary öwrenende, mysal üçin, köçe märekesini, adamlaryñ saklap bilmeýän emosional duýgularyny, senagat korporasiýalarynyñ ýokary galmagyny we togtamagyny, bütin swilizasiýanyñ gününiñ batmagyny we syýasy režimleriñ ýykylmagyny öwrenende barlagyň dürli görnüşlerinden, hatda kä halatlarda öz aralarynda baglanyşygy bolmadyk görnüşlerinden hem peýdalanýar. Has takygy, ol özboluşly aşakdaky mümkinçiliklerden ugur alýar we şol sanda, taryhy deňeşdirme usulyndan, ulgamlaýyn (sistemleýin) çemeleşmekden we dialektiki usuldan, san görkeziji modellerden, tutuş ýa-da seçim, saýlama, sorag - jogap usulyndan metbugaty analizlemekden, syýasy reýtinglerden we ş.m. Sosiologiýa ýönekeý adamlaryň näme pikir edýändiklerini, nämä biynjalyk bolýandyklaryny we kime ses bermeklige taýýardyklaryny beýleki ylymlardan içgin öwrenmekden başga-da, belli bir derejede öňünden, jemgyýetiň uzak gelejekde haýsy ýol bilen ösjekdigini, onuň sosial strukturasynyň üýtgemeginiň hasabyny çykarmaklygy başarýar.

Sosiologlar tarapyndan ýygnalan maglumatlar esasynda taýýarlanan teklipleri dürli ugurlar boýunça döwlet we jemgyýetçilik edaralary özleriniň praktiki işlerinde peýdalanmaklary doly maksada laýykdyr. Döwlet ähmiýetli kararlar taýýarlananda we kabul edilende sosiologlaryň ol işlere ýakyndan çekilmegi özüniň degişli netijelerini berer.

Sosiologlaryň dürli ugurlar boýunça ýörite düzülen maksatnamalar boýunça taýýarlan teklipleriniň döwletiň edara ediş organlary tarapyndan yzgyderli ulanylmagy, edara ediş praktikasynda duş gelýän

negatiw hadysalaryň (wolýuntarizm, subýektiwizm) öňüni almaga kömek eder.

Sosiologiki maglumatlara öňi bilen döwlet ýolbaşçylary, reformatorlar we rewolýusionerler agalyk ediji we oppozision partiýalar daýanýarlar. Sosiologlaryň içinde görnükli syýasy maslahatçylara, belli rewolýusionerlere duş gelmek bolýar. Şonuň bilen birlikde sosiologiýany orta synpyň ideologiýasy hasap edýärler. Sebäbi, mälim bolşy ýaly, ol elmydama sosial durnuklylygyň we parhatçylygyň kepili hökmünde çykyş edýär.

Sosiologiýanyň köp ugurlylygy, jemgyýetiň ýönekeý çlenleri tarapyndan oňa bolan gyzyklanmany döredýär. XX asyryň 60-njy ýyllarynda Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda bu ylma ýakyndan köpçülikleýin gyzyklanýanlaryň sany millionlarça adama ýetdi. Sosiologlaryň galdyran problemmalary barada, ýagny şäherdäki jenaýatçylykdan başlap, ýurtdaky azlyklaryň ýagdaýyna çenli radio, telewideniýede döwlet derejesinde gürrüň edildi, bu meseleler boýunça ýurtdaky syýasatçylar, akademiki-professionallar öz aralarynda dürli pikirleri öňe sürdüler.

Sosiologlar şu günki gün hem, jemgyýetçilik pikirini öwrenmekde öňbaşçylygy saklaýarlar, adamlaryň uly toparlarynyň garaýyşlaryny, bildirmekde, ýüze çykarmakda öň hatarda barýarlar. Sosiologiýanyň auditoriýasy onuň öwrenýän obýekti ýaly, halkyň köp bölegini öz içine alýar. Haçan-da, ol ýa-da başga täzelikler girizilende (tölegli telefon ýa-da bilimiň täze sistemasy we ş.m.) ýurduň syýasy elitasy, uly hojalyk işgärleri elmydama ýönekeý adamlaryň pikirini bilmeklige uly üns berýärler:

Olar täzeligi gowy kabul ederlermi?!

Saýlawda ses bermäge gelerlermi?! Geçirilýän dürli reformalary kanagatlanmak bilen kabul ederlermi?! we ş.m. Sosiologiýa jemgyýetçilik pikiriň barometrdir-diýip doly ynam bilen aýtmak bolar.

Beýleki ylymlarda bolşy ýaly, sosiologiýa hem jemgyýetde esasy iki funksiýany ýerine ýetirýär, ýagny jemgyýeti öwrenmek we şonuň esasynda çykarylan netijeleri jemgyýetde praktiki meseleler çözülende

peýdalanmak. Şeýlelikde, sosiologiýa jemgyýetiñ öz-özüni öwrenmekliginde esasy gural hökmünde we praktikada sosial meseleriñ çözülmekliginde ähmiýetli serişde, gollanma bolup hyzmat edýär.

Sosiologiýanyñ, jemgyýetçilik durmuşynyñ dürli taraplary öwrenilende ýeterlik takyk we dogry maglumatlary ýygnap bilmegi we olaryñ ilatyñ dürli gatlaklarynyñ añyna ýetirilmeginiñ üpjin edilmegi ullakan ähmiýete eýedir. Sebäbi bu ýagdaý ilatyñ medeni-bilim derejesiniñ ösmegine, adam we jemgyýet baradaky ylmy düşünjeleriñ ýaýramagyna ullakan ýardam eder. Dogry barlanan sosiologiki maglumatlaryñ üsti bilen käbir dowam edýän sosial meselelerde ýalan, howaýy, durmuşdan üzñe toslamalar paş edilýär. Totalitar düzgüniñ şertlerinde SSSR-de, sosiologiýa ylmynyñ ösmeginiñ, öwrenilmeginiñ öñüne böwet basylmagynyñ esasy sebäpleriniñ biri hem, megerem, ol ylmyñ (sosiologiýanyñ) “Kommunizm” diýlip atlandyrylan hyýaly, toslama, başa barmajak düşünjä wehim salanlygyndan ybaratdyr.

Adamlaryñ, sosial toparlaryñ, bileleşikleriñ we guramalaryñ jemgyýetçilik durmuşynyñ dürli ugurlary barada yzygiderli takyk maglumatlary sosiologiýanyñ pudaklaýyn ugurlary berýär. Mysal üçin, maşgalanyñ sosiologiýasy häzirki industrial jemgyýetde onuñ özgermeginiñ, durnukly bolmaýanlygynyñ sebäpleriniñ üstüni açýar.

Bilim ulgamynyñ sosiologiýasy häzirki döwürde ýurtda ylym-bilimiñ ösmekligini üpjin etjek dürli ýollaryñ üstüni açmaklyga çalyşýar. Ilatyñ sosial gatlaklarynyñ öwrenilmegi sosial deñsizligiñ peýdaly we zyýanly taraplaryny öwrenmäge kömek edýär. Häzirki zaman industrial jemgyýetde, ilkinji gezek çuñ we hemme taraplaýyn sosiologiýa ylmy tarapyndan jemgyýetiñ sosial strukturasynda “orta synpyñ” ähmiýeti baradaky mesele öwrenildi we öwrenilýär. Ýene-de şäher we oba ýaýaşaýjylarynyñ durmuşy, dynç almak, býuroktiýanyñ fenomeni, ýaşlaryñ durmuş, iş, okuw we medenýetiniñ aýratynlyklary, zähmetiñ sosiologiýasy we ş.m. meseleleri sosiologiýanyñ dürli pudaklary öwrenýär.

Sosiologiýanyñ okadylmagy we ylym hökmünde öwrenilmegi bilen baglanyşykly jemgyýetçilik gatnaşyklarynda bolup geçýän hadysalara

baha berlende bu ylmyñ talabyna, derejesine laýyklykda seredilmelidir. Beýle diýildigi, bolup geçýän hadysalara baha berlende köpçülikleýin añ düşünjäniň nukdaý nazaryndan, derejesinden ugur almaklygy, nädogry baha berilmeklige tankydy göz bilen garamagy başarmagy añladýar.

Biziň pikirimizçe, ýokary okuw mekdeplerinde sosiologiýanyñ aýratyn ders hökmünde öwrenilmegi tutuşlaýyn sosiologiki pikir ediş endikilerini ele almaga, ýaşlaryñ uly durmuşa baş goşmaklaryna we jemgyýetde işeňňir sosial ýörelgelere eýermeklerine giñ ýol açar.

## §2. Sosiologiýanyň obýekti we predmeti

Her bir dersiň öz obýekti we öz derňeýän predmeti bolýar. Kada boýunça öwrenilmäge, özleşdirilmäge degişli bolan hadysalaryň, wakalaryň toplumyna dersiň obýekti diýilip düşünilýär. Ylym näçe umumy häsiýete eýe boldugyça, şonuň ýaly hem ol hadysalaryň ýaýrawy giň bolýar. Mysal üçin, biologiýa janly tebigatyň prosesleri bilen baglanyşykly zatlaryň hemmesini öwrenýär. (bios grek sözünden-ýaşaýyş)

Biologiýa diňe bir ýörite ylmy dersi bolman, janly tebigat baradaky ylymlaryň toplumyndan ybaratdyr. Şonuň ýaly hem öz gezeginde botanika biologiýanyň aýrylmaz bölegi hasap edilip, onuň obýekti ösümlik organizmlerinden ybaratdyr, şunuň bilen bagly zoologiýanyň obýektlerine hemme haýwan organizmleri girýär.

Sosiologiýanyň häsiýetli aýratynlyklaryny ýüze çykarmak üçin ony beýleki jemgyýeti öwrenýän ylmy dersler bilen deňeşdirmek zerurlygy ýüze çykýar.

Öňi bilen sosiologiýany adamlaryň gylyk-häsiýetini, özüni alyp baryşyny öwrenýän psihologiýa we sosial psihologiýa ylymlary bilen deňeşdirip geçeliň!

Psihologiýa aýratyn indiwidleriň, köp halatlarda beýleki indiwidler bien baglaşygy bolmadyk ýagdaýynda olaryň özlerini alyp baryşlarynyň aýratynlyklaryny öwrenýär.

Sosial psihologiýa öz aralarynda göni gatnaşykda bolýan, bitewi, kiçi sosial toparlaryň özlerini alyp baryşlaryny derňeýär. Sosiologiýanyň esasy ünsi bolsa, wagt we giňişlik çäklenmelerine garamazdan, adamlaryň uly toparlarynyň özini alyp baryşlarynyň umumy kanunalaýyklygyny ýüze çykarmaklyga gönükdirilendir. Bu sosial toparlaryň möçberi uly bolýanlygy üçin oňa girýän indiwidleriň hersiniň galan beýlekiler bilen göni gatnaşyk etmäge mümkinçilekeri bolmaýar. Emma, şeýle-de bolsa, olar yzgyderli özara hereketde bolýarlar, biri-birine täsir edýärler, özara hereketleriň netijesini duýýarlar. Emma köp halatlarda özara duýgudaşlyk gytaklaýyn häsiýete eýe bolýar. Nähili hem bolsa ýokardaky çemeleşmeler entäk sosiologiýanyň beýleki jemgyýetçilik hadysalaryny öwrenýän ylmy dersler bilen arasyny açmaklyga doly mümkinçilik bermeýär. Hakykatdan hem jemgyýetçilik dersleriň, mysal üçin, taryhyň, ykdysadyýetiň, syýasaty öwreniş ylymlarynyň obýekti, adamlaryň uly toplumy bolmaýan bolsa, onda olaryň obýekti nämeden ybarat bolýar diýen sorag ýüze çykýar. Şonuň üçin jemgyýeti öwrenýän ylymlaryň hemmesiniň, şonuň ýaly sosiologiýanyň hem öwrenýän obýekti bir meňzeş bolup, olaryň predmeti başga-başga häsiýete eýedir.

Şeýlelikde sosiologiýanyň beýleki jemgyýetçilik ylymlaryndan häsiýetli aýratynlygyny, predmetini ýüze çykarmak üçin ony ýokardaky agzalyp geçilen ylmy dersler bilen yzygiderli deňeşdirip geçmeklik maksada laýyk bolar. Şeýle tertipde deňeşdirmek üçin adamzadyň uly bileleşigini öwrenýän beýleki ylymlary hem ulanyp bolardy, mysal üçin etnografiýa, demografiýa, anrtopologiýa we ş.m.

Emma şeýle çemeleşilende hem, belli bir derejede bir meňzeş netije alnardy. Şonuň üçin häzirki pursatda taryh, ykdysadyýet we syýasaty öwreniş ylymlary bilen deňeşdirmek arkaly sosiologiýanyň aýratynlygyny ýüze çykarmaga üns bereliň!

Taryh-ylmy ders bolup, adamzat jemgyýetinde we onuň aýratyn böleklerinde, haçan hem bolsa, geçmişde bolup geçen ol ýa-da beýleki wakalary hasaba almak, ony ýazga geçirmek we düşündirmek bilen meşgullanýar. Taryhda wakalaryň her biri ýeterlik wagt hem giňişlik

boýunça takyk çäklendirilip berilýär. Haçanda taryhçy uruş barada gürrüň edende, ol doly, takyk haýsy uruş barada gürrüň edilýändigini düşündürmeli. Mysal üçin, ýediýyllyk, otuzýyllyk, birinji jahan uruşlary we ş.m uruşlar baradadygyny görkezmeli. Şonuň ýaly hem rewolýusiýa beýan edilende onuň takyk milli we wagt bilen baglanyşygyny görkezmeli. Mysal üçin, Rus biýik Fransuz 1830 (ýa-da 1848) ýyl amerikan we ş.m.

Ýokardaky görkezilen hemme taryhy wakalar, şeýle hem bir wagtda sosiologlaryň ylmy gözlegleriniň predmeti hökmünde hyzmat edýär. Emma taryhçylardan tapawutly sosiologlaryň üns merkezinde durýan zat, takyk aýry-aýry alnan taryhy sýužetler bolman, sýužetleriň içinden erç-argaç bolup geçýän, olary biri-birine golaýlaşdyrýan, birleşdirýän, sýužetleriň umumy häsiýete eýe bolan taraplaryndan ybaratdyr. Şeýlelikde sosiologlar aýry bir taryhy waka bilen gyzyklanman, wakalaryň hemmesine mahsus bolan alamatlary öz içine alýan, wakalaryň bir tipi, nusgawy görnüşi bilen gyzyklanýarlar. Mysal üçin, olar ýediýyllyk, otuzýyllyk we birinji jahan urşlary baradaky meseleler seljerilende bu uruşlaryň hemmesine degişli alamatlary göz öňünde tutup, olaryň esasy tipleýin görnüşiniň kanunalaýyklylygyny ýüze çykarýarlar, bu hem öz gezeginde sosiologiýanyň uruş baradaky konsepsiýasynyň esasyny düzýär.

Ýokardaky tertipde çemeleşip, rewolýusiýanyň sosiologiýasyny hem işläp düzmek bolýar. Netijede sosiologiýa taryhdan tapawutly bolup öňi bilen standartlaşan birmeňzeş obýeklere esaslanýar. Sosiologiýanyň obýekti hökmünde diňe gaýtalanýan we tipleýin sosial hadysalar, wakalar hyzmat edip biler, ýagny sosial rollar institutlaýyn obýektler, sosial prosesler, sosial kontrollygyň serişdesi, sosial strukturalar we ş.m.

Ykdysadyýet dersiniň özüniň predmetiniň çägindäki gatnaşyklarda, adamlaryň we sosial toparlaryň biri-biri bilen önüm öndürmek, paýlaşmak, alyş-çalyş etmek, maddy nygmatlary ulanmak boýunça özara gatnaşyklara girýändiklerini aňladýar.

Ykdysadyýet ylmy ders hökmünde diňe bir olaryň jemgyýetçilik durmuşynyň bu sferasynda özlerini alyp baryşlarynyň

kanunalaýyklylygyny öwrenmän, ondan hem başga ykdysady durmuşdaky hadysalary jemlemäge we ykdysady kanunlary öwrenmäge mümkinçilik berýän ýörüte kategoriýany işläp düzýär.

Şeýlelikde ykdysadyýet hem sosiologiýa ýaly tipleýin, standartlaşan, durnukly, gaýtalanýan sosial hadysalar bilen iş çalyşýar. Emma bu ýerde hemme tipleýin hadysalar jemgyýetiň ýaşaýyş durmuşynyň diňe bir sferasyna degişli bolup durýar. Ykdysadyýetçi, ykdysadçy ýörite bir zerurlygy bolmasa jemgyýetde, häzirki etapda estetikanyň derejesi bilen ýa-da maşgala durmuşynyň ýagdaýy bilen gyzyklanyp durmajagy düşnüklidir.

Emma sosiologiýanyň ykdysadyýet bilen gyzyklanmasy bolsa, ykdysady hadysalaryň beýleki hemme sosial gatnaşyklaryň görnüşlerine edýän täsirini öwrenmek bilen baglanyşyklydyr.

Syýasaty öwrenişiň bähbitleriniň sferasy, döwlet häkimiýetini edara etmek, saklamak we ony iş ýüzünde ulanmak bilen baglanyşykly göreşiň netijesinde ýüze çykýan admalaryň uly we kiçi sosial toparlarynyň özara gatnaşyklaryny öwrenmekden ybaratdyr. Syýasaty öwrenijiniň derňewçi hökmünde, mysal üçin, ykdysady, dini, bilim istitutlaryna üns bermegi bu institutlaryň syýasata öz täsirini ýetirişine doly baglanyşykly bolup durýar. Şonuň ýaly hem syýasaty öwreniş ylmy ykdysadyýet ýaly adamlaryň arasyndaky özara hereketiniň aýartyn, ýörite, görnüşini öwrenýär.

Ykdysadyýetden we syýasaty öwrenişden tapawutly sosiologiýa jemgyýetçilik durmuşynyň hemme ýüze çykmalaryny derňeýär, onda-da ýakyn baglanyşygyny we biri-birine täsirini derňeýär. Jemgyýetdäki bolup geçýän wakalara, hadysalara sosiologiýanyň nukdaý nazaryndan baha birmezden olara düýpli düşünmek mümkin däldir.

P.A.Sorokin, asyryň başynda birnäçe sosiologlaryň çykaran netijelerine salgylanyp şeýle belläp geçýär. ,,Işçileriň iş haky, mysal üçin, diňe bir talap we teklibiň arasyndaky gatnaşyga bagly bolman, belli bir derejede ahlak ideýalaryna bagly bolupdyr... syýasy gurluşyň formasy ilatyň sanyna we gür ýerleşişine bagly bolupdyr. Zähmet bölünişigi belli bir derejede wakalaryň raýdaşlygyna bagly bolupdyr.

Jemgyýetde ykdysadyýetiň guralmagy diňi ynançlaryň formasyna bagly bolupdyr. Geografiki şertler belli bir derejede önümçiligiň we maşgalanyň gurluşyna halkyň däp-dessuryna we ş.m. täsir edýär. Gysgaça aýdylanda, düýpli hakykatdan ugur alnanda hemme hadysalar özara hereketleriň biri beýlekileri bilen baglanyşykly" P.A.Sorokin Sistema sosiolagi. T.1, 89-90 sah.

Adamlaryň uly möçberdäki bileleşikleri olaryň döremeginiň maksadyna garamazdan, sosiologiýanyň obýekti hökmünde hyzmat edýär. Şeýle bileleşikler hökmünde, mysal üçin, bütin bir ýurduň ýa-da hatda bir topar ýurduň ilaty ösüşiň belli bir etabynda çykyş edip biler. Emma sosiologiýanyň predmeti bu bileleşiklere girýän adamlaryň ýa-da adamlaryň toparlarynyň arasyndaky emele gelýän sosial jemgyýetçilik gatnaşyklaryndan ybaratdyr.

Sosiologiýanyň predmetiniň kategoriýalary, ylmy düşünjeleri şu aşakdakylardan ybaratdyr:

Sosial status we sosial rol, sosial struktura, sosial funksiýa, sosial stratifikasiýa, sosial institutlar, sosial kontrollyk, sosiallaşmagyň düýp mazmuny, sosial özara hereket, sosial gatnaşyklar, sosial mobillik we onuň görnüşleri.

## §3. Sosial durmuş we sosial özara hereket

Sosiologiýa ylmy özüniň dörän wagtyndan başlap, jemgyýetçilik durmuşy we jemgyýetçilik durmuşynyň dürli taraplarynyň arasyndaky jemgyýetçilik gatnaşyklary bilen baglanyşykly meseleleri esasy üns merkezinde saklap gelipdir. Aýratynam, sosial özara hereket problemasyna ýokary derejede gyzyklanma bildiripdir.

Sosiologiýanyň düýbüni tutujy Ogýust Kont özüniň „Sosial statika“ diýen işinde, sosial gatnaşyklaryň tebigatyny öwrenip şeýle netijä gelýär. Muňa laýyklykda jemgyýetçilik strukturasynyň iň möhüm sostaw bölegi hökmünde, eýýäm özünde sosial özara hereket bar bolan birlik çykyş edip biler. Şonuň üçin ol maşgalany, jemgypetiň iň ýönekeý guramasy diýip yglan edýär.

M.Weber „sosial hereket“ diýen düşünjäni sosial işiň iň ýönekeý birligi hökmünde ylmy dolanyşyga girizýär.

Ol bu düşünje arkaly diňe bir tarapyň, ýagny indiwidiň amala aşyrýan hereketi bilen baglanyşykly ýüze çykýan garşylyklaryň çözülmegini göz öňünde tutman, şunuň bilen birlikde bu „herekete“ beýleki tarapyň nähili jogap berjekdigini hem göz öňünde tutýar.

Jemgyýetçilik raýdaşlygy, agzybirligi baradaky ideýa Emil Dýurkgeýmiň döredijiliginde esasy orna eýedir. Ol adamlary biri-birine golaýlaşdyrýan, birleşdirýän gatnaşyklaryň häsiýetini derňeýär.

Sosial özara hereket baradaky mesele sosiologiýanyň görnükli wekilleriniň hemmesiniň üns merkezinde durýar. Haçanda sosial gatnaşyklar barada mesele ýüze çykanda praktikada öňi bilen seredilýän sosial obýektleriň özara biri-birine edýän täsiri derňelýär. Sosial özara hereket baradaky meselä sosiolog Pitirim Sorokin özüniň „Sosiologiýanyň sistemalary“ diýen işinde takyk seredip geçýär. „Sosial özara hereket“ prosesi aýry-aýry adamlary bitewi jemgyýete birleşdirýän arassa biologiki wekilleri akylly-başly pikir edip bilýän iň esasy hem sosial jandarlara öwürýän mehanizmdir.

Öz wagtynda O.Kont we P.A.Sorokin aýratyn alnan indiwidiň ýönekeý „sosial kletka“, ýa-da ýönekeý sosial hadysa hökmünde seredip bolmaýanlygyny anyklapdyrlar. Sebäbi indiwidden „jemgyýet“ ýa-da jemgyýeçilik hadysalarynyň alnyp bolunmajagy düşüniklidir. Munuň üçin bir däl-de, köp indiwidler, iň bärkisi iki indiwid gerekdir. Ondan hem başga iki ýa-da köp indiwidleriň jemgyýetiň bir düzüm bölegi bolmagy üçin diňe san görkezijisi ýeterlik däldir. Has takygy olaryň öz aralarynda herekete girmekleri bir tarapdan edilen herekete ikinji tarapdan jogap gaýtarylmagy zerurdyr.

Sosiologiýanyň nukdaý nazaryndan özara herekete nähilli düşünmeli? P.A.Sorokiniň kesgitlemesine görä, adamlaryň özara hereketleriniň dürli görnüşlere iki hili ýagdaý arkaly, birinjiden, psihiki, emosional duýgular başdan geçirilende we daşky fiziki hereketleriň täsiri astynda ýüze çykyp biler. Bu ýerde adamlaryň göni gatnaşyklarda bolan

ýagdaýlary we gytaklaýyn gatnaşyklarda bolan ýagdaýlary hem göz öňünde tutulýar.

Mysal üçin, adamdan doly awtobusyň içinde, biriniň, seniň aýagyň üstüne bilgeşleýin ýa-da tötänlikde basmaklygy (daşky hereketi hem seniň şunuň bilen baglanyşykly, gaharly ýüzlenip aýtmaklygyň, psihiki näsazlygyň) döränligini we daşky hereketi aňladýar. Netijede bularyň aralarynda göni özara hereketiň bolup geçenligini görýärsiň. Ýene-de, Maýkl Jeksonyň çykyşyna, telewizor arkaly tomaşa edilende, oňa hormat goýujylaryň arasynda (psihiki, emosional) duýgulary we daşky hereketleri başdan geçirilýänliginiň şaýady bolýarsyň. Şunuň ýaly, onuň özüniň hem, şeýle pursatlary başyndan geçirýänligini görýärsiň. Birinji getirlen mysalymyzda özara hereket göni ýüzbe-ýüz häsiýete eýe bolan bolsa, soňky mysalymyzda sosial özara hereket gytaklaýyn häsiýete eýedir.

Salgyt gullugynyň wekilleriniň bu ugur boýunça täze taslamany işläp düzmekleri, kanun çykaryjy organlaryň deputatlarynyň ony gözden geçirip, oňa düzedişler girizip, ony kabul etmek üçin ses bermekleri, Hormatly Prezidentimiziň täze kanuny güýje girizmek baradaky Permana gol çekmegi we bu täze kanunyň köp sanly telekeçileriň, döwletiň raýatlarynyň girdeýjilerine etjek täsiri, bularyň hemmesi çylşyrymly proses bolup biri-biri bilen baglanyşykly sosial özara hereket hökmünde ýüze çykýar. Bu ýerde adamlaryň bir toparynyň başdan geçiren duýgularynyň hem-de daşky hereketleriniň beýleki adamlaryň duýgularyna we daşky hereketlerine eden täsiri köp halatlarda biri-birini görmeýän hem bolsalar örän uludyr. Özara hereketiň elmydama biologiki bedende hem bir hilli üýtgeşmäni emele getirýänligini belläp geçmek bolar. Mysal üçin, adam durmuşda bir özüne ýakymly zady görende we eşidende ýa-da onuň tersine bolanda adamyň ýüz keşbi, gan aýlanyş ulgamynda bolup geçýän üýtgeşmeler arkaly üýtgäp gidýär.

Her bir sosial özara hereketiň ýüze çykmagynyň esasy şertleri nämeden ybarat? P.A.Sorokin bu ugurda üç şertiň üstünde durup geçýär. 1) sosial özara hereketiň ýüze çykmagy üçin belli bir özara duýgudaşlyk esasynda iki ýa-da köp indiwidleriň barlygy gerek; 2) ol barlygyň

hemme taraplaryň duýgularyna we hereketlerine täsir edip biljek belli bir hereketi amala aşyrmagy gerek; 3) indiwidleriň biri-birine täsir etmeklerini üpjün edip biljek serişdeleriň, geçirijileriň bolmagy gerek. Bulardan başga, dörünji şert hökmünde biri-birine galtaşykly, arkalaşykly hereket etmek üçin umumy esasyň bolmagy hem zerurdyr.

P.A.Sorokin bu şertleriň hersiniň üstünde aýratyn durup geçýär. 1 Boş giňişlikde (haýwanlardan ýa-da ösümliklerden doldurylan giňişlikde) hiç hili sosial özara hereketiň bolup bilmejegi düşnüklidir. Bir indiwidiň duran ýerinde hem bu proses amala aşmaz. Robinzonyň, onuň ikiatýogy we geçisi bilen gatnaşygyny sosial özara gatnaşyk hökmünde kabul edip bolmaz. Şunuň bilen bir wagtda, iki we köp indiwidiň barlygynyň fakty hem olaryň arasynda özara hereketiň bolup geçmegi üçin ýeterlik kepil bolup bilmez. Indiwidleriň özara hereketleriniň ýüze çykmagy üçin olaryň bu prosesi amala aşyrmaga taýýar bolmagy, ýeterlik ukybyň we islegiň bolmagy hem zerurdyr.

2) Bu temanyň başynda belenip geçilişi ýaly, özara hereketiň ýüze çykmagy üçin iň bolmanda iki indiwidiň biriniň beýlekisine täsir etmegi, başga sözler bilen aýdylanda, beýlekä ugurukdyrylan bir hereketi amala aşyrmagy zerurdyr. Hakykatdan hem bir ýerde üýşüp duran adamlar biri-birlerini görýärler we eşidýärler. Emma olaryň biri-birleri bilen işi ýok, her kim diňe özüniň içki problemalary bilen meşgul, şeýle ýagdaýda bize olaryň arasynda özara hereket bolup geçýär diýip aýtmaklyga hiç bir hili esas galmaýar.

3) Özara herekete gatnaşyjylaryň biri-birine ýörite geçirijileriň üsti bilen täsir etmegi, özara gatnaşygyň dowamynda berilýän maglumatyň elmydama haýsy hem bolsa, bir hilli maddy ýaýradyjylarda, göterijilerde şöhlelendirilýänligi bilen baglanyşyklydyr. Has takygy, umuman, maglumat maddy ýaýradyjylaryň daşynda ýaşap bilmeýär. Hatda pikir edip bilip bolmaýan genetikanyň derejesine mahsus bolan maglumat, material göterijilerde-molekulalarda maddanyň himiki häsiýetini saklaýan kiçijik bölejiginde bardyr. Haýwanlaryň özaralarynda ýönekeý maglumatlary alyşmaklary hem maddy göterijileriň kömegi bilen amala aşyrylýar. Mysal üçin, haýwanlaryň we guşlaryň sürülerine howp

abananda, habar bermek we ony kabul etmek ýagtylyk we ses tolkuny görüş we eşidiş organlarynyň kömegi bilen amala aşyrylýar.

Garynjalaryň özaralaryndaky hereketi we gatnaşyklary is ýaýradyjy maddalaryň kömegi bilen amala aşyrylýar. Bir söz bilen aýdylanda, hemme ýagdaýlarda maglumatyň berilmegi we kabul edilmegi diňe maddy ýaýradyjylara baglydyr.

Haýwanlaryň özara gatnaşyklaryndaky ýüze çykýan maddy göterijiler tebigy häsiýete eýe bolup, olar gysga wagtlaýyn, diňe bir gezek kabul edilmeli gatnaşygy üçin niýetlenendir. Netijede beýle ýagdaýy her gezek täzeden gaýtalamaly bolýar.

Adamynyň sosial özara hereketiniň, haýwanlaryň özara gatnaşygyndan düýpli tapawudy diňe adama mahsus bolan ikinji habar beriş ulgamynyň barlygydyr. Adam maglumaty haýwanlardan tapawutly ses we ýagtylyk tolkunlarynyň üsti bilen däl-de, bulary çalşyrýan simwoliki şertleýin belginiň, sözüň üsti bilen alýar. Şertleýin belgileriň üsti bilen aňladylyp berilýän maglumat uzak wagtyň dowamynda saklanyp we peýdalanylyp bilner. Mysal üçin, daşyň, agajyň, kagyzyň, kinolentada, magnit diskinde şöhlelendirilen maglumat, uzak wagtlap saklanylyp galýar. Sebäbi olary tebigatda taýýar görnüşde ýaşaýan tebigy maddy göterijilerden, ýaýradyjylardan tapawutly, emeli zatlardan ybarat bolup, adamlar döredýär. Özara hereketiň döremegi üçin berilýän maglumatyň material göterijisiniň bolmagynyň zerur bolşy ýaly, maglumaty bir tarapdan ikinji tarapa ýetirmek üçin ýörite geçiriljiler ulanylýar. Mysal üçin, subýektler telefon arkaly gürleşenlerinde (geçiriji telefon kabeli ýa-da Ýeriň emeli hemrasynyň kömegi bilen berilýär radio tolkunlary) ýa-da hat iberilende (geçiriji-kagyz ýetirmegi üpjün edýän aragatnaşygyň serişdesi).

Geçen asyrlarda ýaşap geçen awtorlaryň kitaplaryny okap, olar bilen özara herekete girişip bolýar. Şondan bäri geçilen ýola ser salsak, bu prosese, gör, näçe sosial subýektler gatnaşypdyrlar (redaktorlar, harp ýygnaýjylar, terjimeçiler, kitap çykaryjylar, kitap söwdasyny edijiler, kitaphanada işleýänler) bularyň hemmesi hem bu özara hereketiň geçirijileri, sosial subýektleri bolup çykyş edýärler. Şeýlelikde,

geçirijileriň maglumatyň material göterijileriniň barlygynda adamlaryň özara hereketine wagt hem, giňişlik hem böwet bolup bilmeýär. Öňde bellenilip geçilişi ýaly, sosiologiýa beýleki ylymlardan, mysal üçin, psihologiýadan we sosial psihologiýadan tapawutly, diňe bir indiwidleriň arasyndaky göni gatnaşyklar arkaly bolup geçýän özara hereketi öwrenmek bilen çäklenmeýär. Bu ylmyň öwrenýän obýekti hökmünde sosial özara hereketleriň hemme görnüşleri çykyş edýär. Mysal üçin, haçan-da bir adam radio arkaly çykyş edende, gazetde we žurnalda makalasy çap edilende ýokary derejedäki wezipeli adam hökmünde köp sanly raýatlaryň bähbitlerine täsir edip biljek resminamanyň aşagyna goluny goýanda, ol özüne tanyş we nätanyş köp sanly adamlar bilen özara herekete girişýär.

Sosial özara hereketiň ýüze çykmagy bilen baglanyşykly P.A.Sorokin tarapyndan seredilip geçilen şertleriň üç hili görnüşinden başga, onuň umumy esasyny düzýän dördünji görnüşini hem görkezmek bolar. Netijede, umuman, alnanda peýdaly özara hereketiň döremegi üçin iki tarapyň hem bir dilde geplemegi zerurdyr. Bu ýerde gürrüň diňe bir lingiwistik goruň umumylygy barada barman, ondan hem başga subýektleriň çen bilen özara hereket boýunça birmeňzeş kadalardan, düzgünlerden, prinsiplerden ugur almaklaryna baglydyr. Şeýle bolmadyk ýagdaýynda, özara hereket amala aşyrylman galar ýa-da iki tarap üçin hem özüniň ters netijesini berer.

Sosial özara hereket düşünjesiniň sosiologiýada iň wajyp problema öwrülmegi, onuň dürli taraplarynyň iki derejede, mikro derejede we makro derejede öwrenilýänliginden ybaratdyr. Mikro derejede indiwidleriň göni özara gatnaşyklary kiçi toparlaryň çäklerinde bolup geçýär. Makro derejede sosial özara hereket iri sosial toparlaryň we strukturalaryň çäklerinde bolup geçýär. Sosial özara hereketiň amala aşyrylyşynyň usullaryny, mehanizmini düşündirmek we ýazga geçirmek boýunça birnäçe sosiologiki konsepsiýalar işlenip düzülipdir. Olardan şu aşakdakylaryň üstünde durup geçmeklik ýeterlikdir. Bular alyş-çalyş teoriýasyndan, simwoliki, şertli belgileri ulanmak konsepsiýasyndan, etnososiologiýadan , täsir galdyrmak arkaly dolandyrmak usulyndan

ybaratdyr. Umuman, ylmy äheňde sosial özara hereket düşünjesi, öňi bilen has belli bolan alyş-çalyş teoriýasynda işlenilip düzülen hasap edilýär. Bu teoriýanyň ideýasynyň esasyny işläp düzenlerden Bentam we Smitiň garaýyşlaryna görä, adamzat nesliniň işinde hereketlendirji güýç hökmünde her bir adamynyň özüne peýdaly tarapa ýykgyn edýändigini görkezmek bolar. XIX asyryň ahyrynda XX asyryň başlarynda antropologiýa boýunça ýazylan birnäçe işlerde ilki durmuş taýpalarynyň ýaşaýyş durmuşynda alyş-çalyş boýunça ylalaşyklaryň ullakan ähmiýete eýe bolanlygy bellidir.

Alyş-çalyş teoriýasynyň ilkinji ýüze çykmagynyň şertleriniň biri, her bir adamynyň sosial hereketiniň gözbaşynda peýdaly başlangyç düşünjesiniň ýatanlygyny ykrar etmeklikdir. Bu düşünje öz gezeginde her bir adamynyň özüniň yzygiderli hasaply alyp barmaga, dürli görnüşlerde peýda görmäge (haryt görnüşinde, pul, hyzmat, dereje, hormat, taryplamak, üstünlik, dostlukly, söýgi we ş.m. gymmatlyklary) almaga hem edinmäge çalyşmaklyga tarap itekleýär.

XX asyryň 60-njy ýyllarynyň başynda amerikan sosiologi Homans sosial özara hereketi „hereketleri çalyşmak“ adalgasy arkaly derňeýär. Şeýle çemeleşmek arkaly özara hereket, onuň pikiriçe, her tarapyň maksimum peýda görmegi, çykdaýjylaryny bolsa azaltmaga çalyşmagyna getirýär. Garaşylýan sowgatlaryň iň esasy bölegi hökmünde, ol sosial taryplanmagy öňe sürýär. Hereketleriň çalyşmaklygynyň netijesinde peýdanyň özara bölüşilmegi we bu gatnaşyklaryň gaýtalanyp durulmagy, kadaly düzgüne girýär. Netijede iki tarap hem şol düzgüniň gaýtalanmagyna garaşmagy özüne endik edinýär. Şol ýola düşen düzgüni bir tarapyň bozmagy, beýleki tarapyň nädogry kabul etmegine, hatda gaharly hereket etmegine hem getirip biler.

Bu ideýalary beýleki häzirki zaman amerikan sosiology Titer Blan ösdürýär. Onuň tassyklamasy boýunça adamlaryň arasynda hemme gatnaşyklar iş ýüzünde diňe ekwiwalentden (deň gelmeklik) çyzgysy boýunça, bermeklik we yzyna gaýtaryp almaklyk prinsipi esasynda amala aşyrýar. Mälim boluşy ýaly, bu netijeler bazar ykdysadyýetiniň

ideýasyndan kabul edilip alnandyr. Umuman, alyş-çalyş teoriýasy, sosial özara hereket bilen ykdysady ýa-da bazar gelişiklerine esaslanyp, ahyrky netijede edilen hyzmatyň yzyna gaýtaryljagyna bil baglamagy aňladýandyr. Netijede alyş-çalyş teoriýasyna laýyklykda her bir sosial özara hereketi, bazardaky satyjynyň we satynalyjynyň arasyndaky gatnaşyga meňzetmek bolar. Bu gatnaşygyň netijesi iki tarapy hem kanagatlandyryp, yzygiderli gaýtalanmagy ýuwaş-ýuwaşdan, onuň adamlaryň özara garaşýan gatnaşygyna ösüp geçýär.

Beýleki sosial özara hereketi düşündirmegi özüne maksat edinip goýýan teoriýalaryň biri, simwoliki, şertleýin belgiler bilen aňladylýan hadysany öwrenýän teoriýadyr. P.A.Sorokiniň görkezişi ýaly, adamlar haýwanlardan tapawutly özleriniň we beýleki adamlaryň hereketlerini görkezmek üçin dürli şertleýin atlary, özüniň arassa fiziki manysynyň daşyna çykýan, şertleýin belgiler bilen çalşyrmak usuly arkaly ulanýarlar. Şunuň bilen baglanyşykly özara hereketiň manysyny şertleýin aňladyjy hökmünde gepleşikleri seljermeklige esasy üns berilýär. Şonuň üçin özara hereketiň ähmiýetine „adamlaryň arasyndaky üznüksiz gepleşikleriň dowamynda olaryň syn etmeklerini, birek-biregiň maksadyna baha bermeklerini we olardan täsirlenmeklerini“ üpjün edýän proses hökmünde baha berilýär.

Simwoliki interaksionizm konsepsiýasynyň düýbüni tutujylaryň biri Jorj Gerbert Mid hasap edilýär (Çikago uniwersitetiniň professory, filosof). Ol ýogalandan soň, onuň yzyny dowam etdirijiler, alymyň umumy mirasyna esaslanyp, „Akyl-paýhas we jemgyýet“ atly kitap çykarýarlar. Bu işde Mid, nähilli ýagdaýda, sosial prosesleriň adamyny döredişi, onuň özüne we özüniň jemgyýetdäki aýratyn tutýan ornuna düşünişi barada yzygiderli durulyp geçilýär.

J.G. Midiň garaýşyna görä adamdan beýleki işjeň jynsyň ondan üýtgeşikligi iki hili tapawudy öz içine alýar.

1. Işjeň jandarlaryň hemmesi adamynyň hem öz içine alynanlygynda beýnisi bardyr. Adam ýene-de akyl-paýhas bilen hem ýaraglanandyr.

2. Beýleki hemme görnüşlerde bolşy ýaly, adamynyň hem özboluşly beden gurluşy bardyr. Emma diňe adam özüniň hususy, aýratyn gaýtalanmajak şahsyýet hökmünde duýgyny götermeklige ukyplydyr.

Ýokardaky görkezilen birinji tapawut boýunça gürrüň biologiki häsiýete eýe bolan beýni bilen diňe adama mahsus bolan, akyl-paýhasyň özara baglanyşygy barada gidýär. Beýniniň diňe biologiki esasyny ykrar etmeklikden tapawutly, Mid, akyl-paýhasa diňe hususy adam bedeni bilen baglanyşykly hadysa hökmünde garamagyň nädogry pikirdigini belleýär. Şonuň üçin akyl-paýhasa, sosial prosesiň çäklerinde döreýän we ösýän hadysa hökmünde baha bermek we onuň tebigatynyň sosial häsiýete eýedigini ykrar etmek zerurdyr. Tebigata, sosial durmuşa akyl ýetirmek prosesiniň dowamynda, diňe sosial akyl-paýhasyň täsiri astynda adamynyň beýnisi gurşap alan dünýä akyl ýetirip bilmek ukybyna ýa-da sosial- biologiki häsiýete eýe bolýar. Bu proses indiwidiň subýektiw tejribesi bilen, sosial biologiki häsiýete eýe bolan beýniniň hereketiniň özara baglanyşygynyň, gatnaşygynyň ýüze çykmagyny aňladýar.

Netijede, indiwidiň nähilli derejede öz hereketine başga adamlaryň nukdaý nazaryny goşup, kabul edip bilişine görä, sosial akyl-paýhas, beýnini şeýle derejede maglumatdan dolduryp biler.

Ýokardaky bellenip geçilen ikinji aýratynlyk, ýagny adamynyň bedeni, bilen şahsyýetiň arasyndaky aýratynlyk barada meseläniň goýulmagy, fiziki bedeniň sosial şahsyýet bolmagyna mümkinçilik berýän zadyň nämedigine jogap bermäge kömek edýär. Oňa mümkinçilik berýän zat, diňe beýleki sosial şahsyýetler bilen özara herekete girmekdir, sebäbi, şahsyýet diňe beýleki şahsyýetler bilen belli bir gatnaşyklarda ýaşap biler.

Şeýle bolmadyk ýagdaýynda, indiwid beýleki indiwid bilen özara herekete girmezden akyl-paýhasa eýe bolup bilmez.

Simwoliki interaksionizm kosepsiýasyna laýyklykda, sosial ýaşaýyş durmuş biziň özümizi beýleki sosial rollarda göz öňüne getirip

bilmeklik ukybymyza baglydyr. Başganyň ornuny kabul etmeklik bolsa, biziň içki öz- özümiz bilen gürrüň etmeklik ukybymyza baglydyr.

Etnososiologiýanyň tarapdarlary adamlaryň arasyndaky gatnaşyklary ýola goýmaklygyň düzgünlerini taýýar görnüşde ynanyp kabul edýärler. Olar öz barlaglarynyň esasynda, antropologlaryň we etnograflaryň ýönekeý medeniýetleri we obşinalary öwrenýän usullaryny goýýarlar. Bu uguryň predmeti hökmünde adamlaryň arasyndaky gatnaşyklaryň ýapyk görnüşleri çykyş edýär. Şonuň bilen birlikde, sosial gatnaşyklaryň hemme formalary, esasan, gündelik dil üsti bilen amala aşyrylýan gepleşiklere syrykdyrylýar.

Täsir galdyrmak arkaly dolandyrmagyň ideýasy boýunça adamlar özara hereketiň gidişinde, adatça biri-biriniň öňünde oýuna meňzeş, hersi özi barada täsir galdyrmak üçin beýlekilere ýüzlenip, özboluşly çykyş edýär.

Şeýle ýagdaýda ýüze çykýan sosial kespler teatrdaky oýnalýan oýunlara meňzeş bolýar. Adamlaryň arasyndaky özara hereketi kadalaşdyrmak ýagdaýy, olar üçin simwoliki peýdaly görnüşde aňlatmaga esaslanýar. Galybersede, olar kähalatlarda özleri barada başgalarda oňat täsir galdyrmagy maksat edinip, ýörite situasiýalary döredýärler.

## §4. Sosiologiýanyň jemgyýetçilik ylymlary bilen gatnaşygy

Sosiologiýa jemgyýetçilik ylmy hökmünde beýleki jemgyýeti we adamyny öwrenýän dersler bilen baglanyşyklydyr. Tebigy suratda bu ylymlaryň obýekti biri-birine doly ýa-da bölekleýin gabat gelip biler. Emma, olaryň predmetleri elmydama tapawutlanýarlar. Sosiologiýanyň beýleki ylymlara golaýlygy we şonuň ýaly hem, onuň olar bilen özara baglanyşygy üç hili sebäbe görä kesgitlenýär.

1) Derňelýän obýektiň umumylygy bilen kesgitlenýär. Şuňa laýyklykda sosiologiýanyň, filosofiýanyň, medeniýeti öwrenişiň, psihologiýanyň, hukugy öwrenişiň, ykdysady teoriýanyň, taryhyň we

ş.m. ylymlaryň öwrenýän obýektleri meňzeş bolsa-da, predmetleri aýrydyr. Şu nukdaý nazar bilen seredilende lukmançylyk we biologiýa ylymlarynyň öwrenýän obýekti adamy öwrenýän ylymlar hökmünde sosiologiýanyň obýekti bilen bölekleýin gabat gelip biler.

2) Derňelýän predmetleriň golaýlygy bilen kesgitlenýär. Şeýle çemeleşilende sosiologiýa jemgyýeti öwrenýän ylymlara golaýdyr.

3) Başga ylymlardan barlaglaryň usullarynyň kabul edilip alynmagy bilen kesgitlenýär. Mysal üçin, sosiologiýa matematiki usullary kabul edip olary statistiki derňewlerde we şonuň ýaly hem dürli modelleri gurmakda işjeň ulanýar.

Sosiologiýanyň jemgyýetçilik ylymlarynyň arasyndaky ornuny kesgitlemek üçin, şol ylymlar bilen arabaglanyşygyna seredip geçeliň! Mysal üçin, syýasaty öwreniş ylmy jemgyýetçilik durmuşynyň syýasy tarapyny öwrenýär. Syýasaty ylym hökmünde öwrenilende, döwlet, döwleti dolandyrmak, häkimiýet, häkimiýetleriň görnüşleri, syýasy ýolbaşçylyk, syýasy guramalar we toparlar, kanunçylyk, raýatlyk we raýat hukuklary ýaly, umumy häsiýetli meseleler derňelýär. Mundan başga hem, syýasaty öwreniş ylmy adamlaryň syýasy ulgamda özlerini alyp baryşlaryny we bu ugurda olara täsir edýän hadysalary öwrenýär.

Hukugy öwreniş ylmy jemgyýeti düzýän adamlaryň, sosial toparlaryň, döwlet edaralarynyň biri-birleriniň arasyndaky hukuk gatnaşyklarynyň esaslaryny öwrenýär.

Ykdysadyýet nazaryýeti, esasan, jemgyýetiň ykdysady durmuşynyň hadysalaryny öwrenýär. Ykdysadyýet diýlende adamlaryň önümçilik, alyş-çalyş, paýlanyş we maddy eşretleriň ulanylyş ulgamynda bilelikdäki hojalyk işi göz öňüne gelýär. Ondan hem başga, ykdysadtýet diýlende kärhanalaryň işleýişi, dürli maddy önümleriň öndürilişi, maliýe meseleleri, halk hojalygynyň pudaklary, pul-haryt aýlanyşygy we ş.m. meseleler göz öňüne gelýär.

Sosiologiýa folosofiýanyň jümmüşinden gelip çykan ylymdyr. Adam, jemgyýet we döwlet baradaky meseleler ilki başda filosofiýa ylmynyň çäklerinde goýlupdyr. Emma, filosofiýa bu meseleler bilen tejribeden üzňe, diňe akyl – pikir ýöretmek arkaly meşgul bolan bolsa,

sosiologiýa belli bir derejede takyk ylym hökmünde jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň meseleleri seljerilende faktlara we tejribelere daýanýar.

Bu ýokardaky agzalyp geçilen jemgyýetçilik ylymlarynyň hemmesi hem sosiologiýa ylmy ýaly, adamlaryň özara gatnaşyklaryny öwrenýärler. Häzirki pursatda obýekt bilen predmeti tapawutlandyrmak uly ähmiýete eýedir. Sebäbi bu ylymlaryň hemmesiniň obýekti bir meňzeş bolup, her biri şol bir obýekte öz ýörite predmetiniň nukdaý nazary bilen seredip baha berýär.

Sosiologiýanyň ekologiýa ylmy bilen baglanyşygy, tapawutly başga häsiýete eýedir. Ekologiýa ylmy organizimiň daşky gurşawa gatnaşygyny öwrenýär. Ekologiki barlaglar iki ugry, haýwanlaryň özara gatnaşyklaryny we ösümlikleriň özara gatnaşyklaryny öwrenmekligi göz öňünde tutýar.

Görüşimiz ýaly, ekologiýa hem, sosiologiýa hem özara gatnaşyklaryň faktlaryny öwrenýärler.

Sosiologiýanyň psihologiýa ylmy bilen gatnaşygynda, indiwiduallaýyn psihologiýanyň ünsi adamynyň içki dünýäsini, psihikasyny öwrenmeklige ugrukdyrylan bolsa, sosiologiýa adamyny onuň sosial baglanyşyklarynyň we sosial özara gatnaşyklarynyň üsti bilen öwrenýär.

Sosiologiýanyň obýekti, bölekleýin, sosial psihologiýanyň obýekti bilen gabat gelýär. Sebäbi sosial psiholiýa adamlaryň özara gatnaşyklaryny görkezýän hadysalary öwrenýär. Sosiologiýa bolsa, jemgyýetdäki dürli görnüşli gatnaşyklary umumylykda, biri-birleri bilen arabaglanyşykda öwrenýär. Şeýlelikde ylmy-düşünje ulgamynda sosiologiýa aýratyn orun degişlidir. Ol jemgyýeti öwrenýän ylymlaryň içinde, jemgyýeti tutuşlygyna öwrenýän ýeke-täk ylymdyr. Şonuň ýaly hem, fizika ylmy tebigaty tutuşlygyna öwrenýän ýeke-täk ylymdyr.

Sosiologiýa ylmy jemgyýeti tutuşlygyna öwrenmek bilen meşgullanmakda muny esasy gyzyklandyrýan zat, indiwidiň içki dünýäsi bolman (bu mesele psihologiýa ylmyna degişli), jemgyýetiň içki dünýäsi, adamlaryň uly toparlarynyň jemgyýetde özüni alyp baryşlarynyň usuly gyzyklandyrýar. Sosiologiýa ylmy, adamlaryň

jemgyýetde özüni alyp baryşy, olaryň dünýä garaýşy, ýurtdaky bolup geçýän hadysalara baha berişleri, hereketleri we ş.m. (dowam edýän düzgünleri goldaýandyklary, garşy bolýandyklary, bitaraplygy),baha berlende adamlara aýratyn indiwid hökmünde seredilmän, indiwidiň pikiri seljerilmän, adamlaryň uly toparlarynyň döwletde, jemgyýetde özara baglanyşykly döwlet we jemgyýet ähmiýetli pikirleri seljerilýär.

Sosiologiýa ylmy, jemgyýet hakyndaky ylmy garaýyşlaryň ösüş taryhyny, jemgyýetiň gurluşygyny we düzümini, jemgyýetçilik durmuşynyň esasy taraplaryny we olaryň özara baglanşygyny açyp görkezýär. Şonuň ýaly hem, jemgyýet bilen adamynyň, jemgyýet bilen maşgalanyň, jemgyýet bilen tebigatyň özara baglanyşygy baradaky düşünjelere we garaýyşlara okuw dersiniň dowamynda belli bir yzygiderlilikde seredilip geçilýär.

Ýokardaky görkezijilerden ugur alyp, sosilogiýa baha berlende, onuň jemgyýetçilik we gumanitar ylymlarynyň ulgamynda tutýan orny aýratyn häsiýete eýedir.

Sosiologiýa tutuş jemgyýetiň hemme wakalaryny, hadysalaryny we proseslerini derňeýän ylymdyr.

Umumy sosiologiýanyň teoriýasy, beýleki ähli jemgyýetçilik we gumanitar ylymlarynyň teoriýasy hökmünde çykyş edýär.

Sosiologiýanyň işläp düzen, adamyny we onuň işini, öwrenmekligiň tehnikasy we usullary, beýleki hemme jemgyýetçlik we gumanitar ylymlary tarapyndan ulanylýar. Hatda predmetara derňewleriň utgaşygy döreýär we olar sosiologiýanyň hem-de beýleki jemgyýetçlik, gumanitar ylymlarynyň çatrygynda geçirilýän (sosial-ykdysady, sosial-syýasy we ş.m.) derňewlerden ybarat bolýar.

Netijede, sosiologiýa jemgyýetde we onuň strukturalarynda bolup geçýän hadysalaryň we prosesleriň ylmy taýdan esaslandyrylan görnüşini işläp düzýär. Şonuň  ýaly hem, onuň dürli strukturalarynyň özara hereketiniň kanunalaýyklygyna düşünmeklige doly mümkinçilik berýär.

## §5. Sosiologiýanyň funksiýalary

Her bir ylmyň funksiýalary, onuň jemgyýetiň gündelik pratikasy bilen köpdürli baglanşyklaryny görkezýär. Ol ýa-da başga ylmyň ýerine ýetirýän funksiýalary arkaly gurşap alan sredanyň hadysalaryny öwrenmäge ugrukdyrylan takyk herekete bolan jemgyýetiň islegi kanagatlandyrylýar. Şoňa laýyklykda, sosiologiýanyň zerurlygy sosial ulgamyň, ýagny jemgyýetiň, adamynyň hereketde we ösüşde bolmagy bilen baglanyşykly isleg bilen şertlenendir.

Jemgyýetçilik durmuşyny öwrenmek bilen sosiologiýa şu aşakdaky meseleleri çözýär;

1. Sosiologiýa, sosial hakykat baradaky bilimiň döremegi bilen baglanyşykly ylmy problemalary çözýär. Sosial ösüş proseslerini düşündirip beýan etmek we şonuň ýaly hem sosiologiki barlaglaryň usullaryny işläp düzmek bilen meşgullanylýar.

2. Sosiologiýa sosial hakykatyň özgermegi bilen baglanyşykly problemalary öwrenýär, sosial proseslere meýilnamalaýyn maksada laýyk täsir etmekligiň ýollaryny we serişdelerini analizleýär. Bu pudak iş ýüzünde bütünleýin praktiki ähmiýete eýe bolan sosiaolgiýa degişlidir.

Fundamental (düýpli) we praktiki ähmiýetli sosiologiýa öz aralarynda obýekti we derňeýän usuly, metody boýunça däl-de, öz öňlerinde goýýan maksatlary boýunça tapawutlanýar. Prakitiki ähmiýete eýe bolan sosiologiýa, fundamental sosiologiýanyň, jemgyýetiň ösüşündäki kanunlary hem-de kanunalaýyklyklary boýunça çykaran netijelerini, öwrenenlerini peýdalanyp jemgyýeti peýdaly ugra tarap özgertmegiň ýollaryny we usullaryny gözleýär. Şonuň üçin, sosiologiýanyň bu ulgamyny, esasan, adamyň işiniň praktiki häsiýetli ugry gyzyklandyrýar, mysal üçin, maşgalanyň sosiologiýasy, syýasy konfliktiň sosiologiýasy, hukugyň sosiologiýasy, zähmetiň sosiologiýasy, medeniýetiň sosiologiýasy we ş.m

Ýene-de bellemeli zat, sosiologiki bilimiň teoretiki (fundamental) we praktiki ähmiýetli ugurlara bölünmegi ýeterlik derejede şertleýindir. Sebäbi, sosiologiýanyň teoretiki we praktiki ugurlara bölünmegine

garamazdan, olar deň derejede ylmy we praktiki meseleleriň çözülmegine öz goşandyny goşýarlar. Olaryň arasyndaky tapawut, öňi bilen olaryň öňünde goýýan maksatlarynyň olar üçin haýsylarynyň birinji derejeli, haýsylarynyň ikinji derejeli bolup durýandygyndan ybaratdyr, has takygy, olaryň bähbitleriniň teoretiki ýa-da praktiki ulgamda jemlenýänliginden ybaratdyr. Hakykat ýüzünde hem teoretiki barlaglar özleriniň dowamyny praktikada ulanylanda tapýarlar (öňe sürülen teoriýany barlamak üçin, faktlary düşündirmek we ş.m.), şonuň ýaly hem praktiki barlaglar täze faktlary açyp biler, emma dowam edýän teoriýalaryň  nukdaý nazaryndan, ol faktlary düşündirip bolmaýan pursatlarynyň hem ýüze çykmagy mümkin netijede bu ýagdaý täze teoretiki düzgünleri gözlemeklige itergi berýär. Munuň özi, empriki sosiologiki barlaglara hem degişlidir, olar praktiki meseleleri çözmeklige hem gönükdirilip biliner.

Sosiologiýanyň şu aşakdaky funksiýalaryny belläp geçmek mümkindir.

1. Teoretiki-akyl ýetirme funksiýasynyň çaklamasyna görä, sosiologiýa adatça bilimden teologiki göz öňüne getirmelerden, ideologiýadan tapawutly aýratyn, obýektiw häsiýete eýe bolan, subut edip bolýan ylym-bilim pudagyna degişlidir.

Durmuşda reýal hakykata laýyklykda takyk situasiýa ýa-da bilinmedik, öwrenilmedik sosial fakta duş gelinende praktiki işiň bähbidini göz öňünde tutup, ony beýan etmek, öwrenmek zerurlygy ýüze çykýar. Sosial fakt, bu ýeke-täk jemgyýetçilik häsiýetine eýe bolan waka bolup, ol diňe jemgyýetçilik durmuşynyň häzirki seredilýän ulgamyna degişlidir. Bu sosial faktyň teoretiki we empiriki taýdan derňelmegi, sosiologiýanyň akyl ýetirme funksiýasynyň ýüze çykmagyny aňladýar. Şunuň bilen birlikde, takyk sosioal hadysanyň ýagdaýynyň tebigaty barada, onuň reýal ösüşiň netijesine täsiri barada ylmy maglumat düşünjesi toplanýar. Başga sözler bilen aýdylanda, akyl ýetirmeklik, öwrenmeklik funksiýasy, bir wagtda, beýan etmeklik we diagnostiki häsiýete eýedir. Akyl ýetirmek, öwrenmek funksiýasy sosial proseslerïň gidişini öňünden görmäge kömek etmelidir. Mysal üçin, häzirki toparda,

kollektiwde adamlaryň jebisliginiň nähili derejedeligini bilmekden başga, ol jebisligiň derejesini öňkidenem ýokary götermek üçin, ýene-de näme etmelidigini bilmek zerurdyr.

Bu meseläni çözmek üçin sosiologiýa düzgün boýunça, ýakyn, meňzeş ylymlara, ykdysadyýete, demografiýa, psihologiýa daýanýar.

Akyl ýetirmek, öwrenmek funksiýasynyň ýene-de bir tarapy, ol sosiologiki barlaglaryň teoriýasyny we metodlaryny, sosiologiki informasýany ýygnamagyň, analizlemegiň metodyny we tehnikasyny işläp düzmekden ybaratdyr.

2. Praktiki- özgertme funksiýasy sosiologiki bilimi, sosial praktikanyň dürli ugurlarynda, şonuň ýaly hem, indiwidiň we sosial gurşawuň (sredanyň) özara baglanyşygyny sazlaşdyrmak üçin peýdalanmaklygy göz öňünde tutýar.

Bu funksiýanyň dürli görnüşleri şu aşakdakylardan ybaratdyr:

a) guramaçylyk-dolandyryş, edara etmeklik funksiýasy – bu sosial guramalary kämilleşdirmekden, dürli sosial problemalary çözmekden ybaratdyr. Mysal üçin, zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak, edara ediş (dolandyryş) organlarynyň iş usulyny kämilleşdirmek, maksada okgunly hereket edip, kanagatlanarly jemgyýetçilik pikiriň döremegine täsir etmek we ş.m., başga sözler bilen aýdylanda, bu sosial tehnologiýanyň döredilmegini aňladýar.

b). Guramaçylyk-informasion funksiýa özüniň dowamy hökmünde sosial taslamanyň (taýýar meýilnamasynyň) funksiýasyny öňe sürýär, sebäbi taslamasyz sosial tehnologiýany döretmek we onuň amala aşyrylyşynyň meýilnamasyny işläp düzmek mümkin däl.

Sosial taslamany işläp düzmek – geljekdäki obýektiň ylmy taýdan esaslandyrylan gurluşynyň (konstruksiýasynyň) ýa-da dowam edýän obýektiň täze hil ýagdaýyny görkezýän görnüşiniň taýýar edilendigini aňladýar. Bu ýagdaý sosial edara etmegiň, dolandyrmagyň bir görnüşidir.

Sosial taslamalaşdyrmakda ( sosial taslamany işläp düzmekde) öňi bilen sosial meseleler çözülýär. Şunuň bilen birlikde, tutuşlygyna alynanda, sosial taslamalaşdyrmagyň obýektiniň nähili bolýanlygynyň

ähmeýeti ýokdur. Mysal üçin, göni sosial ähmiýetli (keselhana, mekdep) ýa-da önümçilige degişli (zawod, fabrik), binagärligiň nukdaý nazaryndan gurulýan (etrapça) we ş.m.

Esasy zat, bu taslama düzülende, sözüň giň manysynda, sosial görkezijileriň göz öňünde tutulmagydyr we olaryň iş ýüzünde amala aşyrylmagy üçin ähli zerur şertleriň döredilmegidir.

ç) öňden çaklama funksiýa (ylmy esasda öňünden aýtma). Sosiologiýanyň bu funksiýasy jemgyýetiň tutuşlygyna we onuň aýratyn bölekleriniň ösmekligine ugrukdyrylan, ylmy taýdan esaslandyrylan usullaryň işlenip düzülmegine bolan jemgyýetiň isleginiň şöhlelendirilmegidir (ýüze çykmagydyr).

Ylym durmuş hakykaty bilen baglanyşykly hadysalaryň tebigatyny öwrenip, garaşylýan netijäni gysga wagtlaýyn ýa-da uzak wagtlaýyn öňünden aýtmaklyk mümkünçiliginden peýdalanýar.

Aýratynam sosial hadysalar bilen baglanyşykly çaklama uly ähmiýete eýedir. Sebäbi, bu ýerde ol, dört sany ähmiýetli soraga jogap tapmaklyga kömek edýär.

- kesgitlenen üýtgeşmeleri girizmeklige zerurlyk barmy?
- göz öňünde tutulýan üýtgeşmeleri amala aşyrmaklyga mümkinçilik barmy?
- Üýtgeşmeler haýsy ugur boýunça geçmeli?
- Nähili ýol bilen, jemgyýetiň haýsy tarapyna täsir etmeklik arkaly bu üýtgeşmeler amala aşyrylyp bilner?

Mysal üçin, ol ýa-da beýleki döwlet kärhanasynyň gelejekdäki ösüşini göz öňünde tutmak bilen, şonuň ýaly hem kollektiwiň sosial strukturasynyň üýtgeşmelerini, zähmetiň we onuň şertleri bilen kanagatlanmagyň derejesini, ösüşiň mümkinçiliklerini we ş.m., biz hemme položitel we otrisatel faktorlaryň analizine daýanmaly. Munuň özi şu aşakdakylary aňladýar. Birinjiden, biz döwlet sektorynyň şu günki özgerişiniň umumy tendensiýasyny (ösüş ugryny) düýpli derňemeli, (priwatizasiýa, hususylaşdyrmak, aksionerçilik jemgyýetlerini döretmek, peýda getirmeýän kärhanalara dotasiýa, döwlet tarapyndan pul kömegini bermegi togtatmak we ş.m.).

Ikinjiden, biz häzirki kärhananyň potensial mümkinçiliklerini öwrenmäge we özleşdirmäge daýanmaly hem-de şonuň ýaly hem kärhana ýolbaşçylyk edýän takyk adamlary, işleýän kontingenti, çigmal, ylmy, materiýal-tehniki, sosial durmuş bazasyny göz öňünde tutmaly. Şu ýokardaky düzüjileri derňemezden, subýektiň gelejekdäki ýagdaýy barada, seredilýän döwür boýunça häsiýetlendiriji häsiýetnamasyny we şoňa laýyklykda peýdaly rekomendasiýa, maslahat) berip bolmýar.

Sosial çaklamada, onuň adamlaryň aňyna we işine ters täsir edip biljek pursatlaryny hasaba almaklyk hem zerurdyr. Çaklamanyň bu aýratynlygy, onuň ylmy taýdan esaslandyrylan dürli görnüşleriniň işlenip düzülmegini we peýdalanmaklyga hödürlenmekligini talap edýär.

Sosial çaklamanyň iki tipi (görnüşi) tapawutlandyrylýar we olarda öňünden aýtmaklyk, özboluşly utgaşyp gidýär.

- gözleýiş, agtaryş, barlaýyş häsiýetli, çaklama, mümkin boljak ýagdaýy beýan edýär.
- Kadalaşdyrylan çaklama, çak edilen maksatdan ugur alyp, işlenýän, arzuw edilýän ýagdaýy, şonuň bilen birlikde, ony gazanmaklygyň, oňa ýetmekligiň ýollaryny we serişdelerini beýan edýär.

Wagt ölçegi boýunça çaklamalar gysga möhletli, orta möhletli, uzak möhletli bolýar.

Çaklamaklyk häsiýetli derňewleri amala aşyrmak üçin dürli usullar ulanylýar. Mysal üçin, statistiki analiz, ekspertleýin baha bermek usuly, matematiki modelirowaniýe we ş.m., şunuň bilen birlikde dürli usullaryň utgaşdyrylmagy iň ýokary netijeleri berýär.

Sosiologlar dürli ugurlar boýunça çaklamaklyk häsiýetli barlaglary geçirýärler. Mysal üçin, jemgyýetiň sosial strukturasynyň ösüşi, zähmetiň sosial problemalary, maşgalanyň sosial problemalary, bilimiň sosial problemalary, kabul edilen kararlaryň sosial netijeleri we ş.m.

Sosial häsiýetli geçirilýän çaklama işleri, hyýaly we ideologiki funksiýany ýerine ýetirýän ýörelgelerden, konsepsiýalardan, hakykaty aňladýanlygy üçin düýpli tapawutlandyrmak zerurdyr.

# II. SOSIOLOGIÝANYŇ YLYM HÖKMÜNDE DÖREÝŞINIŇ WE ÖSÜŞINIŇ TARYHY

## §1. Sosial syýasy pikirleriň döremeginiň gadymy döwri

**Gadymy Hindistan.** Gadymy hindileriň sosial jemgyýet baradaky pikirleri olaryň Wedalarynda berlipdir (Wedos-bilim diýmegi aňladýar). Wedalar giň eserler toplumyndan ybarat bolup, ol doly dini häsiýete eýedir. Wedalaryň bir awtory bolman, ol 1500 – nji ýyldan başlap, 600 ýyly öz içine almak bilen (biziň eramyzdan ozal), takmynan, dokuz ýüz ýylyň dowamynda düzülipdir. Bu döwürde hindileriň ilkinji guleýeçilik döwletleri döräpdir. Muňa diňe göçüp – gonup ýaşamak düzgüninden oturumly ýaşaýyş düzgünine geçilmegi we toparlanyşygyň, oba hojalygynyň döremegi mümkinçilik beripdir.

Hindi jemgyýeti berk kadalara eýermek bilen kastalara bölünipdir we olaryň iň esasylaryny şu aşakdakylar düzüpdir:

Kastalaryň iň ýokary basgançagynda wedalary düşündirip bilýän, parasatly dindarlar – brahmanlar durupdyr. Ikinji orun serkerdelik we häkimlik edýän kşatrilere degişli bolupdyr.

Kasta ierarhyýasynyň üçünji basgançagy Waýşýalara (Çarwadarlara we ekerançylara degişli bolup) iň soňky basgançagyny şudralar – gullar eýeläpdirler. Bulardan başga, hindi jemgyýetinde hiç bir hili hasaba girmeýän, olar bilen hatda golaýlaşmak hem uly günä hasap edilýän, eldegirilmesizler, galtaşmaga mynasyp däller hem ýaşapdyrlar. Kastalaryň özara gatnaşyklaryny sazlaşdyrmak örän berk düzgünler arkaly amala aşyrylypdyr. Netijede bir kastadan beýleki kasta geçmeklige hiç bir hili mümkinçilik galmandyr. Bu meseleleriň kadalaşdyrylmagy gadymy hindi filosofiýasynyň (pelsepesiniň) aýrylmaz bölegi bolan Karma hakyndaky taglymatda öz beýanyny tapypdyr. Bu taglymata görä, adamynyň dünýä inip ýaşaýyşy, onuň haýsy kasta degişli bolmalydygy we geljekde haýsy kasta degişli boljaklygy ýaşaýyşyň üç döwre degişlidigi (geçmiş, häzirki we geljek)

bilen düşündirilýär. Karma kanunyna görä, adamynyň täzeden dogulmaklyk ýörelgesine laýyklykda, onuň haýsy kasta degişli bolmalydygy geçmişdäki ýaşaýyşa bagly bolup durýar. Eger – de adam geçmişdäki ýaşaýşyna görä, aşakdaky kastanyň wekili hökmünde dogulan bolsa, ol öňki ýaşaýşynda eden günälerini ýuwmak üçin, bütin ömründe şonuň aladasynda bolmaly eken. Eger – de adam ömrüniň häzirki ýaşaýyş böleginde köp peýdaly işler etse, gadymy Hindistanyň sosial – ýaşaýyş düzgünlerini kadalaşdyrýan hemme talaplaryny we normalaryny ýerine ýetirse, onuň gelejekdäki ýaşaýşynda, ýokary soslowiýanyň wekili hökmünde täzeden dogulmagynyň mümkinligini hem Karma kanuny ykrar edýär.

Gadymy Hindistanda olaryň Wedalarynda öňe sürülen düşünjeleriň esasynda buddizm (butparazçylyk) döreýär. Bu ugry döreden Sidhartha Gautama Budda patyşalyk maşgalasynda eneden bolýar. Ol 29 ýaşynda monahlyk derejesini alyp, brahmanlara mahsus bolan ýaşaýyş durmuşynyň çäklendirilen iň garyp normalaryna berlen bolýar (asketizm). Emma ol soňra asketizmiň we gedonizmiň (ýaşaýyş durmuşyndan has ýokary derejede lezzet almaklyga ymtylmak) azat bolmagyň, goranmagyň serişdesi bolup bilmeýänligine düşünýär.

Budparazlygyň täze ýörelgesine görä , dünýewi – ýaşaýyş kadalaryndan el çekmän hem azatlyga tarap hereket edip boljaklygy ykrar edilýär. Şonuň bilen birlikde, adamynyň ýaşaýyş-durmuşyna baglylygy onuň iň esasy kemçiligi hasap edilýär. Eger – de, şeýle bolýan bolsa, onda ol durmuşa bolan açgözlülikden, durmuşa, dünýä bolan baglylygyny duýmakdan el çekmeli bolýar. Beýle etmekligiň aňsat ýoly butparazlygyň görkezişine görä, durmuş bilen baglanyşykly edilýän hereketleriň hemmesinden el çekmeli, sebäbi adamynyň hereketleri ony ýene – de durmuşyň gutarnyksyz aýlawly ýollaryna barmagyny şertlendirýär. Isleg barada gürrüň edilende hem “dogry adam”, ondan-oňa ýykgyn etmekden el çekmeli. Islegden el çekmeklik bolsa, öz – özünden durmuşa bolan baglanyşykdan el çekmeklige alyp barýar. Şeýle bolanda adam dünýäniň hemme kynçylyklaryndan, betbagtlyklaryndan – keselden, dogmakdan, ölmekden, ýitgilerden gorkmaýar, doly erkinlige

çykýar. Beýle ýol bilen azatlyga çykmak, öňi bilen dindarlara degişli bolýar. Emma bu mümkinçilikden peýdalanmak beýleki özüni dogry alyp barýan adamlar üçin hem ýaýradylypdyr. Munuň esasy şerti butparazlygyň öňe süren bäş talabyndan ybarat kadalarynyň toplumyny berjaý etmekden ybarat bolupdyr : başganyňkyny almazlyk, janly – jandara zyýan ýetirmezlik, howaýy, ýalan – ýaşryk gürlemezlik, gadagan edilen jyns gatnaşyklaryna baş goşmazlyk we serhoş ediji içgileri içmezlik.

**Gadymy Hytaý.** Hytaý siwilizasiýasy öz döwründe köp sanly filosofiki (pelsepewi) mekdeplerini we ugurlaryny döredipdir. Şolaryň içinde hytaý dünýägaraýşyna, dünýä düşünişine laýyklykda iň täsirli we ähmiýetli ugur konfusiançylykdyr. Konfusiançylyk diňe soňra dini doktrina häsiýetine eýe bolýar. Emma ol başda sosial teoriýa hökmünde ýüze çykýar. Konfusiançylyk jemgyýetde bolup geçýän proseslериň maksadyny we olaryň sebäplerini düşündirmekligi öz öňünde maksat edip goýmandyr. Meseläni beýle äheňde goýmaklyk we çözmeklik diňe ýewropa ylmynda mümkin bolupdyr. Konfusiançylyk ideologiýasynyň maksady durmuş – praktiki meseleleri çözmeklige dini häsiýetine garamazdan ugrukdyrylan bolupdyr. Emma onuň diýseň ähmiýetli zerur meseleleri öz içine almaklygy, oňa sosial teoriýa diýmeklige hem esas döredipdir.

Bu ugry esaslandyryjy Konfusiý bolupdyr (biziň eramyzdan öň 551-479 ýyllar). Bu ylmyň döremekligine, şol döwürdäki Hytaýda dörän sosial taryhy şertler itergi beripdir. Şol wagtlar Hytaýda köp sanly özbaşdak monarhiýa düzgünleri agalyk edipdir we olar öz aralarynda duşmançylykly gatnaşyklarda bolupdyrlar. Jemgyýetiň ýokary gatlagynyň wekilleri häkimiýet we döwlet ýolbaşçylaryna öz täsirlerini ýetirmek ugrunda göreşipdirler, bäsleşipdirler. Ýurtda rehimsiz merkezleşdirilen häkimiýetiň agalyk sürmegi, Hytaý durmuşyndaky dowam edip gelen jemgyýetçilik ukladyny bozupdyr. Bularyň hemmesi ahlak normalarynyň bozulmagyna, jemgyýetçilik durmuşynyň sazlaşykly ösmegine ullakan zyýan ýetirmän durup bilmändir.

Şeýle taryhy şertlerde Konfusiýanyň sosial konsepsiýasy, ýurtda dörän zyýanly hadysalaryň öňüni almaklyga, olary ýeňip geçmeklige ugrukdyrylan bolupdyr. Onuň gumanistik häsiýetli konsepsiýasynyň merkezinde gumanist "Žen" prinsipi bolupdyr. Bu söz terjime edilende "gumanizm", "adamkärçilik", "adamsöýüjilik" düşünjeleri aňladýar. Başgaça aýdylanda, bu prinsipi has takygy şeýle sözler bilen düşündirmek bolar. "Öz halamaýan, islemeýän zadyňy başgalara etme we özüň nämäni gazanmaklygy isleýän bolsaň, şoňa ýetmeklik üçin başgalara – da kömek et".

Konfusiýançylykda prinsip "li" – düzgünleri ýerine ýetirmeklikde ullakan rol oýnapdyr. Bu prinsipiň talabyna görä, adam jemgyýet tarapyndan işlenip düzülen we hödürlenýän normalara esaslanyp, özüne degişli zatlaryň hemmesini halal we takyk ýerine ýetirmeli. Hytaý jemgyýetinde adamlara we sosial toparlara degişli özara gatnaşyklar, örän çylşyrymly kadalaryň we görkezmeleriň ulgamy arkaly amala aşyrylypdyr. Şeýle edilmezden, Konfusiýanyň nukdaý nazaryndan jemgyýetiň kadaly dowam etmegi mümkin bolmandyr. Edil şu ýörelge soňra Hytaý jemgyýetiniň durmuş – ýaşaýşyny guramagyň esasy prinsipine öwrülýär. Konfusiý bu prinsipe, ýönekeý etiketiň ýerine ýetirilişinden ýokary ähmiýet berýär. Emma ol ölenden soň, haçanda konfusiýaçylyk Hytaýda iň ýokary ideologiýa bolandan soň, ýokary prinsip belli bir derejede formal ýagdaýda düşünilipdir, etiketi yzarlamak manysynda düşünilip, şeýlelikde Konfusiýanyň ylmynyň gumanistik häsiýete eýe bolan ugurlary ikinji orna geçipdir.

**Gadymy Gresiýa.**Gadymy zamanyň ilkinji sosiologlaryny sosial filosoflar diýip atlandyrypdyrlar. Olaryň içinden iň beýikleri öňe çykypdyrlar. Eflatun (biziň eýýamymyzdan öňki 427 – 347 – nji ýyllar) we Aristofel (biziň eýýamymyzdan öňki 384–322–nji ýyllar). Olar hem häzirki sosiologlar ýaly, adamlaryň özara gatnaşyklaryny, däp – dessurlaryny öwrenipdirler, takyk faktlary jemläpdirler, öz konsepsiýalaryny öňe sürüpdirler. Olaryň hemmesi, nähili ýol bilen jemgyýeti kämilleşdirmek üçin, praktiki çözgütleri hödürlemek bilen tamamlanypdyr.

Taryhda Eflatunyň “Döwlet” diýen ylmy işi “umumy sosiologiýa” boýunça ilkinji ýazylan iş hasap edilýär. Bu işde ol özüniň sosial teoriýasyny beýan edýär. Onuň pikiriçe jemgyýetiň döremekliginiň sebäbi, jemgyýetsiz, adamlar ýaşaýyşda özleriniň isleglerini kanagatlandyryp bilmändirler, şol sebäpli olar bilelikde ýaşamaklyga mejbur bolupdyrlar.

Eflatunyň pikiriçe, ideal döwleti (döwlet we jemgyýet bir manyda düşünilipdir) ylmyň kömegi bilen gurup bolýar. Döwletiň kömegi bilen ýurtda berk tertip – düzgün ýola goýulýança, her bir raýatyň diňe öz işi bilen meşgul bolmagy üçin şert döredilýänçä, zähmet bölünşigi başga raýatlaryň, soslowiýalaryň, synplaryň işine goşulyşmazlygy üçin şertler döredilýänçä (sosial bölünşik barada gürrüň gidýär), ýurtda bulaşyklyk, bidüzgünlikler dowam eder.

Eflatun hem gadym zamanyň köp alymlary ýaly, jemgyýet barada hakyky obýektiw häsiýete eýe bolan konsepsiýany berip bilmändir. Onuň sosial teoriýasy köp halatlarda subýektiw häsiýete eýedir, sebäbi, ol ýurtdaky dowam edýän takyk, hakyky sosial barlygy düşündirmän ideal, dogry döwlet gurluşy barada gürrüň edýär. Beýle bolmaklygy, onuň ideal döwlet baradaky ylmynyň, ideýa baradaky ylmyndan gelip çykýandygy bilen düşündirilýär. Ol idealistik filosofiýanyň düýbini tutujydyr.

Eflatun döwletiň raýatlaryny üç soslowiýa ýa – da synpa bölýär (ýokary, ortaky we aşaky soslowiýalar). Ýokary synp akyldarlardan, filosoflardan ybarat bolup, döwleti edara etmek işini amala aşyrýarlar, ortaky synp harbylardan we goragçylardan ybarat bolup, döwletiň howpsuzlygyny üpjün edýärler, aşaky synp daýhanlardan we hünärmenlerden ybarat bolup maddy nygmatlary öndürýärler.

Häzirki zaman jemgyýet-de ýokarky synp üçin ullakan artykmaçlyklar göz öňünde tutulypdyr. Emma, ol oňa garamazdan, kä halatlarda häkimiýetden peýdalanmaklygyň bikanun ýollaryny ulanýar. Emma Eflatunyň ylmynda mesele düýbünden başgaça çözülýär. Bu ýerde filosof ýokary synpy jemgyýetden goraman, tersine jemgyýeti ondan goraýar. Şonuň üçin, ol ýokary gatlagy, hususy eýeçilik edinmek

hukugyndan mahrum edýär. Onuň pikiriçe, baýlyk adamy zaýalaýar, döwleti edara edýänler ýörite bu ugurdan okuwy gutaranlar bolmaly, üstesine – de edebiýatdan, sazdan baş çykarmaly, filosofiýany we matematikany bilmeli. Döwleti edara etmek işine diňe ýaşy 50 – ä ýeten adam goýberilmeli. Döwleti edara edýän adamlar, ýaşaýyş-durmuşyndan hiç bir hili lezzet alman, durmuşyň hözirini görmän ýaşamaly, emma olaryň döwlet işleri boýunça görkezmeleri gönüden–göni bökdençsiz ýerine ýetirilmeli we olaryň hemme ýaşaýyşdan alýan lezzeti diňe şu ugurda jemlenmeli.

Eflatun jemgyýetiň öňi bilen kellesinden çüýräp başlaýanlygyndan habarly bolup, ol ýolbaşçylardan arassalygy, halallygy talap edipdir we nogsanlyklara ýol bermejek iş şertlerini hem işläp düzüpdir. Häkimiýet jemgyýeti edara etmekligiň diňe bir esasy serişdesi, guraly bolman, ol halkyň içinde abyraýa daýanmaly. Döwletiň raýatlary özleriniň işinde we özlerini alyp baryşlarynda döwlet ýolbaşçylaryndan görelde almaly. Netijede Eflatun özüniň sosial teoriýasynda we ideal, dogry baradaky konsepsiýasynda soraglaryň soragyna jogap berýär. Şunda nähili ýol bilen häkimiýeti elde saklamaly we halkyň goldamaklygyny gazanmaly diýen düşünjeler barada pikir ýöredýärler.

**Aristotel.**Munuň üçin tertibiň esasyny düzýän güýç hökmünde orta synp çykyş edýär. Mundan hem başga, ýene – de iki synp özüniň barlygynda dowam edýär – baý plutokratiýa we eýeçiliginde hiç zat bolmadyk proletariat. Arestoteliň pikiriçe, döwleti edara etmegiň, dolandyrmagyň iň optimal wariandyny tapmak üçin aşakdaky şertleri üpjün etmek zerurdyr:

1) Garyp adamlaryň köpçüligini döwleti edara etmek işinden çetleşdirmezlik;
2) Baýlaryň özlerine mahsus bolan bähbitlerini goramaklyk mümkinçiliklerini çäklendirmek;
3) Orta synpyň beýleki iki synpdan köp bolmagyny we güýçli bolmagyny gazanmak.

Jemgyýetiň kämil däldigini, Aristoteliň öwredişine görä, düzetmekligi, maddy nygmatlary deň paýlamak esasynda däl-de,

adamlaryň ahlak derejesiniň gowulanmagynyň üsti bilen gazanmaly. Kanun çykaryjy hemmeler üçin deňligi üpjün etmeklige tarap ýykgyn etmän, hemmeler üçin deň durmuş şertlerini döretmeklige tarap ýykgyn etmeli. Beýik akyldaryň pikiriçe, hususy eýeçilik edinmeklige hemmeleriň mümkinçiligi bolmaly, sebäbi hususy eýeçilik adamynyň ahlak päkligine zeper ýetirip bilmez (bu meselede ol Eflatuna garşy gidýär). Onuň pikiriçe, bu meselede esasy zat adamynyň hususy eýeçiliginde näçe zadyň barlygynda däl – de, adamlaryň baýlykdan peýdalanmak medeniýetiniň derjesine üns bermekden ybaratdyr.

Hususy eýeçilik adamlarda sagdyn bähbitlerini goramak duýgusyny ösdürýär. Bu ýagdaýda adamlar biri – birine gyýa göz bilen seretmän, her kim öz işi bilen meşgul bolýar. Jemgyýetde köp işläp az hak alýanlar elmydama az işläp köp hak alýanlardan närazydyrlar. Sagdyn adamlary herekete getirýän zat, olaryň köp sanly isleglerinden, göz öňünde tutýan maksatlaryndan ybaratdyr. Emma bu ugurda esasy hereketlendiriji güýç pula bolan söýgüden ybaratdyr. Bu mesele isleseň – islemeseň hemmeleri gyzyklandyrýar.

Köpçülik eýeçiliginiň agalyk sürýän şertlerinde hemmeler ýa – da köpçülik garyp we gaharly bolýar. Emma hususy eýeçiligiň şertlerinde baýlyk we deňsizlik ýüze çykýar. Şunuň bilen birlikde, köp raýatlar üçin ynsanperwerlik duýgularyndan ugur alyp, başgalara kömek etmeklige mümkinçilik döreýär (iň ýamany gyradeňlik). Şeýle hem, hususy eýeçilik barada çendenaşa deňsizligiň döwlet üçin howply ýagdaýlary döredýänligini hem belläp geçmek zerurdyr. Şu nukdaý nazardan Aristoteliň jemgyýetde, ortaky synpyň beýleki synplardan köpsanly we güýçli bolmagyny arzuw etmegi şu günki – gün hem ullakan ähmiýete eýedir.

Meşhur gadymy filosoflaryň, jemgyýetiň gurluşy barada öňe süren ideýalary gysgaça şulardan ybaratdyr. Şol döwürden bäri 2500 ýyl geçen hem bolsa, olaryň öňe süren ideýalarynyň köpüsi dünýä jemgyýetçiligini gyzyklandyrman durup bilmeýär.

## §2. Sosialogiýa ylmynyň ösüşiniň orta asyrlar we täze döwri (IV – XVIII asyrlar)

**Foma Akwinskiý (1225 – 1274).**Orta asyrlar döwri, jemgyýeti sosiologiýa ylmynyň nukdaý – nazaryndan öwrenmek boýunça düýpli täzelikleri girizip bilmändir. Orta asyrda sosial we ylmy pikirleriň öňe sürülmegine Aristoteliň işleri belli bir derejede täsir edipdir. Onuň işleri XII – XIII asyrlarda Ýewropanyň köp dillerinde neşir edilipdir. Ol ýagdaý dünýäniň gurluşyna diňe dini düşünjelerden başga, real göz ýetirmelere hem hemaýat edipdir. Emma, beýle diýildigi dünýä göz ýetirmek boýunça hristian ideologiýasyndan özbaşdak teoriýa döredildi diýildigi däldir. Orta asyrlar ylmy diňe teologiýa medeniýetiniň çäklerinde, hristian ideologiýasynyň çäklerinde onuň bilen ugurdaş ýagdaýda ýaşap bilipdir.

Foma Akwinskiý – teolog, onuň döreden filosofiki konsepsiýasy häzirki döwre çenli katoliklerde ýeke – täk dogry hasap edilýän dini taglymatdyr. Bu ýörelgä görä, teologiýa, ylymlaryň iň ýokary basgançagyny aňladyp, Hudaýa iň golaý durýan dini taglymatdyr. Filosofiýa adamynyň aň – düşünjesinden gelip çykýan taglymat bolup, ol teologiýa garşy goýulmaly däldir.

Döwlet häkimiýeti we sosial deňsizlik, Hudaýyň erki bilen ýüze çykýan hadysadyr. Hudaý dünýäni şeýle döredipdir, bize diňe oňa boýun egmek, hemme ýörelgelerini ýerine ýetirmek galýar.

Foma Hudaýyň häkimiýetini we dünýewi häkimiýeti takyk ikä bölýär, eger – de adamynyň göwresi dünýewi häkimiýete degişli bolsa, onuň ölmez – ýitmez ruhy Hudaýyň garamagynda galýar.

Akwinskiý döwleti edara etmegiň iň oňat formasy hökmünde monarhiýany ykrar edipdir, sebäbi bu ulgam Hudaýyň ýolbaşçylygynda dünýäniň täzeden gurluşyny emele getirýär. Emma onuň aýtmagyna görä, döwlet ýolbaşçysy özüni Hudaýa golaý saýyp bilmez, sebäbi bu özüniň ýerdäki häkimiýetinden ýokarda dini häkimiýetiň barlygyny (Buthuna) ykrar etmelidir.

**Nikkolo Makiawelli (1469 – 1527).** Täzeden döreýiş döwrüniň meşhur syýasatçysy bolupdyr. Makiawelli ilkinjileriň hatarynda täze döwrüň akyldary hökmünde Platonyň we Aristoteliň ideýalaryna ýüzlenip şonuň esasynda jemgyýet we döwlet barada özüniň özboluşly teoriýasyny döredipdir.

Onuň "Hökümdar" atly traktaty, özboluşly gadym zamanyň ýörelgesiniň häkimiýet, jemgyýet, döwlet kategoriýalaryna düşünişiniň gaýtalanmasy bolupdyr. Makiawelli Eflatunyň döwlet baradaky ýörelgelerini dowam etdiripdir. Emma esasy üns merkezinde saklaýan zady döwlet we onuň strukturasy baradaky mesele bolman, syýasy lideriň şahsyýeti we onuň özüni alyp baryşy baradaky mesele bolupdyr. Onuň beýle çemeleşmeleri özüniň terjimehaly bilen baglanyşykly bolup (syýasatçy we diplomat bolupdyr), ondan başga täzeden döreýiş döwrüniň talabyna laýyklykda, onuň üçin şahsyýet baradaky mesele öňdäki orna geçipdir. Netijede Makiawelliniň ady bilen baglanyşykly sosiologiýa we syýasaty öwreniş ylymlary özleriniň täze ölçeglerine eýe bolup, adamlaryň jemgyýetde özüni alyp baryşy baradaky ylym hökmünde ykrar edilipdir.

Makiawelliniň pikiriçe, syýasata özboluşly häsiýete eýe bolan hadysa hökmünde garap, syýasatda umumy ahlak kadalaryny ulanmak arkaly çemeleşmek bolmaýar. Döwletiň özbaşdak, öz öňünde goýýan maksatlaryna görä döwlet ýolbaşçysynyň öz hereketlerinde ulanýan düzgünleri, ýönekeý adamlaryň hereketlerini kadalaşdyrmak üçin ulanylýan düzgünlerden düýpgöter tapawutly bolýar. Şonuň üçin, döwlet ýolbaşçysy öz işinde üstünlik gazanjak bolsa, öňi bilen adamlaryň özlerini alyp baryşlarynyň kanunlaryny bilmelidir. Has takygy Makiawelliniň garaýyşlaryna laýyklykda, adam bir tarapdan özünde bar zady saklamaklyga tarap ymtylýan bolsa, ikinji tarapdan, başgadaky bar zady özüne almak, şony edinmeklige tarap ymtylýandyr. Gurply adamlar özleriniň ýygnan zatlaryny ýitirmekden howatyrlanýarlar, garyplar bolsa, özlerinde ýok zatlary edinmek isleýärler. Bu iki tarapyň islegleri hem döwlet üçin ýykgynçylykly häsiýete eýedir. Haçan-da döwletiň iň ýokary gymmatlygy, döwletiň birligi terezä salnanda döwlet ýolbaşçysy

özüniň aýgytly hereketleri bilen, wagt ýitirmän, ýurtda bulagaýlyk döredýänleriň çäresini görmelidir.

Döwlet ýolbaşçysynyň ýurtda ykbal kesgitleýji pursatlarda, uly hüşgärlik görkezip edýän hereketlerini Makiawelli, hemmä umumy abadançylygyň hatyrasyna edilýänligi, düzgün – tertibi, howpsuzlygy we raýatlaryň ýaşaýyş durmuş şertleriniň yzygiderli aladasynda bolunýanlygy bilen esaslandyrýar.

**Tomas Gobbs (1588 – 1679).** Gobbs köpçülikleýin şertnamanyň teoriýasyny işläp düzýär. Bu teoriýa raýat jemgyýeti baradaky ylmyň esasyny düzýär. Adamzadyň gelip çykyşy boýunça tebigy ýagdaýy, hemmeleriň uruşy hemmelere garşy diýen düzgünden ybarat bolýar.

Döwlet döredilenden soň, adamzat jemgyýeti belli bir kadalar boýunça ýaşap başlandan soň, bu düzgünler öz bolmalysy ýaly ýola düşüp, galyberse-de adamlar dogabitdi öz aralarynda hyzmatdaşlyk etmeklige taýýar bolupdyrlar. Bu zatlaryň şeýle bolmalydygy barada Eflatun we Aristotel hem pikir edipdirler. Emma hakykytda beýle däl. Hamala diýersiň adam öz tebigaty boýunça diňe hyzmatdaşlyga ýykgyn edipdir diýen düşünje nädogrudyr. Adam öz tebigy döreýşi boýunça egoistik häsiýete eýedir, ol şöhrata we baýlyga ýykgyn edýär. Durmuşyň maddy we ruhy nygmatlaryny deň paýlap bolmaýar. Şonuň üçin jemgyýetiň çäklerinde, adamlaryň özara gatnaşyklarynyň esasyny ýaryş we bäsleşik düzýär. Eger – de adam başgany tebigy duýgulary arkaly söýýän bolsa, onda ol hemmeler bilen deň derejede gatnaşyk etmegiň ýoluny gözlärdi. Emma biziň her birimiz kim has peýdaly boljak bolsa, şony gözleýäris. Şonuň üçin biziň tebigatymyz dostlary gözlemeklige iteklemän, özümize peýda getirip biljek zatlara tarap itekleýär. Adamlar durmuşda yzygiderli göreşden, durmuşdaky ýüze çykýan howplardan dynmak üçin, “Jemgyýetçilik şertnamasyny” baglaşmak baradaky netijä gelýärler. Bu ýagdaý raýat jemgyýetiniň döremekligine getirýär. Raýat jemgyýeti ösüşiň ýokary basgançagydyr. Bu jemgyýetiň esasyny hemmeler tarapyndan ykrar edilen ýuridiki kanunlar düzýär. “Jemgyýetçilik şertnamasynyň” netijesinde hemmeleriň uruşy hemmelere garşy diýen düzgün gutarýar. Raýatlar meýletin özleriniň

şahsy azatlygyny çäklendirýärler, ýerine özleriniň döwlet tarapyndan ygtybarly, goragly bolmaklaryny gazanýarlar (öňi bilen hususy eýeçilige bolan hukugyň goralmagyny we ş.m.).

Gobbs özüniň “raýat baradaky” traktynda iki netijä gelýär:

1. Adamlar jemgyýetçilik ýaşaýşyna başarnyksyz dogulýarlar. Beýle durmuşda ýaşamaklygy terbiýe, sosiallaşmak arkaly öwrenýärler.
2. Raýat jemgyýeti biriniň beýlekiden gorkmaklygy netijesinde döreýär.

Adamlar bir ýol bilen özlerine hormat goýulmagyny gazanyp bilmedik ýagdaýynda, ony başga ýol bilen, başgalaryň üstünden agalyk etmek üsti bilen gazanmak isleýärler.

Adamlar hökman agalyk etmek ýa – da boýun egdirmek arkaly däl – de, birek – birek bilen hyzmatdaşlyk etmek ýoly bilen hem belli bir peýdaly netijeleri gazanyp bolýanlygyna garamazdan, ýene-de has köp peýda getirip biljek boýun egdirmek ýoluny saýlap alýarlar. şonuň üçin Gobbsyň pikiriçe diňe ikitaraplaýyn gorky adamlary belli bir derejede boýun egdirmeklige, agalyk etmeklige ýykgyn etmekden saklap biler. Gorky sözüniň manysyna Gobbs, sosiologiýanyň talaplaryna laýyk düşünýär, ýagny “gelejegiň gahar – gazabyna garaşmak”. Gorky aýrylyşdyrmaýar, tersine, birleşdirýär, iki we köptaraplaýyn howpsuzlygyň aladasyny etmeklige mejbur edýär. Döwlet şeýle talaby kanagatlandyrmak üçin iň amatly serişde hökmünde hyzmat edýär. Şonuň üçin uzak wagtlaýyn, durnukly jemgyýetiň ýaşamagynyň sebäbi, söýgi ýa-da kanagatlanarlykly gatnaşyk bolman, eýsem, deň derejede iki taraplaýyn gorkudan ybaratdyr.

Adamlar özleriniň tebigy gelip çykyşy boýunça deňdirler. Olaryň deňligi garşylykly, göreşde biri – birine deň derejede zyýan ýetirmeklige ukyby, ýagdaýy bolan adamlaryň çäklerinde ölçelýär. Onda nireden deňsizlik peýda bolýar, ýüze çykýar? Ol raýat jemgyýeti tarapyndan girizilýär. Birnäçeleriň öňki nesilleri ilki başda beýlekilerden güýçli bolandyklary üçin ýeterlik oljany basyp almaklyga ýetişipdirler we şonuň esasynda olaryň soslowiýa artykmaçlyklary kesgitlenipdir we ol

artykmaçlyklary raýat döwleti tarapyndan goralypdyr, beýlekiler bolsa, ýaşaýyşy üpjün edýän şertleriň iň aşaky derejesinden başlamaly bolupdyrlar.

## §3. Häzirki zaman sosiologiýa ylmy (XIX – XX asyrlar)

**Jemgyýetiň XIX asyra çenli döwürde öwrenilişiniň özboluşlylygy.** Her bir ylmy dersiň özüniň taryhy bolýar. Bu taryhy bilmeklik her bir ylmy öwrenmeklige girişýänleriň hemmesi üçin zerurlyk bolup durýar.

Taryhyň görkezişine görä, akyl-pikiriň çuňňur düşünjäniň ýüze çykmalary ylmy diskussiýalar bilen baglanyşykly bolupdyr. Olaryň esasynda bolsa, soňra ylmyň paradigmasyna (düýp nusgasyna öwrülen) ideýalar döräpdir.

Sosiologiýa ylmy akyl-pikiriň täze, düýbünden özbaşdak ugry hökmünde dörän XIX asyryň intellektual önümidir. Şunuň bilen birlikde muňa günbatar ýewropada tradisION jemgyýetden industrial jemgyýete geçmeklik bilen baglanyşykly dörän krizisiň netijesi hökmünde hem garamak bolar. Sosiologiýany esaslandyryjy Ogýust Kontyň „industrial jemgyýet“ diýen termini hemmelerden tapawutly, yzygiderli ulanmagy, gaýtalamagy hem arassa tötänlik däldir. Sosiologiýa aýratyn ylmy ders hökmünde şeýle at bilen ilki başda Fransiýada soňra doly özbaşdak Germaniýada we Amerikada döreýär. Bu üç döwletde bu ylym batly depginler bilen ösýär. Sosiologiýanyň teoretiki fundamentini esaslandyrmak boýunça geçirilen işleriň esasy bölegi 1890 we 1930 ýyllaryň aralygyndaky döwre degişlidir. Şunuň bilen bir wagtda sosiologiýanyň ylymdan öňki döwrüniň wekilleriniň bu ylmyň düýbini tutmakda bitiren işlerini ýatdan çykarmak bolmaz. Häzirki zaman dünýä sosiologiýasynyň görnükli wekilleriniň biri Robert Merton „Sosiologiýa gadymy predmeti öwrenýän iň ýaş ylymdyr“ diýip örän ýerlikli belläp geçýär. Hakykatdan hem biziň şu günki gün jemgyýet diýip atlandyrýan hadysamyz bilen adamlar gadymy eýýämden bäri, asyrlaryň jümmüşinde gyzyklanyp gelipdirler.

Adamzadyň akyldar, parasatly danalary iki ýarym müň ýylyň dowamynda jemgyýeti seljeripdirler, derňäpdirler we beýan edipdirler emma alan düşünjelerini, bilimlerini sosiologiýa diýip atlandyrmandyrlar. Ilkinji we ýeterlik doly jemgyýetiň gurluşy baradaky düşünjäni gadym zamanyň filosoflary Platon we Aristotel beripdirler. Sosiologiki pikirleriň köpsanly klassikleri ylmyň taryhyna filosofiýanyň klassikleri hökmünde giripdirler. Sebäbi sosiologiýa döräp we uzak wagtyň dowamynda filosofiýanyň sostaw bölegi, sosial filosofiýa hökmünde dowam edipdir. Şonuň üçin ilkinji „sosiologlary“ sosial filosoflar diýip atlandyrypdyrlar. Gadym zamanyň şeýle filosoflarynyň ägirtlerinden ikisini Platony we Aristoteli belleýärler. Ýene-de orta asyrlarda Araplardan çykan akyldar Ibn-Haldun özüniň dykgatly garaýyşlary bilen adamlaryň uly sosial toparlarynyň özüni alyp baryşlaryny öwrenip adamzat jemgyýetiniň anatomiýasyny (gurluşyny) işläp düzüpdir. Diňe Platonyň we Aristoteliň döwründen iki müň ýyl geçenden soňra, Ýewropanyň ylmy pikiri dünýä bileleşigine jemgyýet barada meşhur, tanymal ylmy işleri sowgat bermegi başarypdyr. Bu işleri amala aşyrmagy öňi bilen sosiologiýanyň ylmy etapynyň öňisyrasyndaky ýaşap geçen wekilleriniň M. Makiawelliniň, DŽ. Lokkyň we T. Gobbsyň gujur-gaýratlylyk bilen çeken zähmetiniň netijesinde mümkin bolupdyr.

Ýewropanyň XVII-XIX asyrlardaky akyldarlarynyň köpüsi şol sanda wolter, Didro, Kant, Gegel sosiologiýanyň resmi suratda döremeginden köp wagt öň adamlaryň ahlak häsiýetleri, jemgyýetçilik ahlagy we tradisiýalary, halklaryň häsiýetleri, sosial tipleriň özüni alyp baryşy barada ýazypdyrlar. XVII-XVIII asyrlarda sosiologiýanyň döremeginde kesgitleýji rol oýnamaly terminler ýüze çykypdyr. Mysal üçin, jemgyýet, medeniýet, swilizasiýa, synplar, struktura, funksiýa we ş.m.

Sosiologiýa ylym hökmünde sosial filosofiýanyň öňki müňýyllyklaryň dowamyndaky taryhy göz öňünde tutulmadyk ýagdaýynda XIX asyryň ortasynda döreýär. Filosoflar täze ylymlary döretmekde we olara degişli atlary tapmakda örän önümli işläpdirler.

Ýadyňyza salsak ykdysadyýet baradaky ylymyň düýbini tutujy filosof Adam Smit, psihologiýanyň-filosof Wilgelm Wunt bolupdyr. Şeýlelikde häzirki wagtda sosial ýa-da özüňi alyp baryş baradaky ylymlaryň esasyny filosoflar tarapyndan döredilen üç ylym şol sanda psihologiýa, ykdysadyýet we sosiologiýa düzýär. Ondan hem başga filosofiýanyň jümmüşinden dürli wagtlarda özbaşdak ylym hökmünde fizika we astranomiýa, matematika we beýleki hemme dersler bölünip aýrylýar. Diňe sosial ylymlaryň ýüze çykmagy tebigaty öwrenýän ylymlardan tapawutly gijä galypdyr. Adamzat jemgyýeti häzirki antropologlaryň hasap edişine görä 40 müň ýyl mundan ozal döräpdir. Emma jemgyýet baradaky ylymlar-sosiologiýa, ykdysadyýet, psihologiýa, etnografiýa, antropologiýa hemmesi bir wagtda diýen ýaly XIX asyryň ortasynda döräpdir.

XIX asyrda jemgyýet barada tejribä daýanýan, empiriki ylymyň döremegi tötänlik bolman eýsem belli bir derejede zerur bolan ylmy we sosial-ykdysady şertleriň döremegi bilen baglanşyklydyr. XIX asyr bu tebigaty öwrenýän ylymlaryň asyry bolup onuň idealy tejribä we faktlara daýanýan bilimdir. Ylymyň çägi ýokdur, tebigaty öwrenýän ylymyň usuly hemme hadysalary öz içine almak bilen şol sanda oňa ahlak, hukuk, jemgyýetçilik gurluşy, bir söz bilen aýdylanda öňki metafizikanyň we esassyz çaklamalaryň predmetine girýän ugurlaryň hemmesi degişlidir.

XIX asyryň ylymy dünýä garaýşynyň stiline, häsiýetine orta asyrlaryň obskurantizmi (aň-bilime, magarifa, progrese aýratyn duşmançylykly garaýyş) we şonuň ýaly hem proswetitelleriň (aň-bilim, medeniýet ýaýradyjylaryň) ahlak, edep-düzgün barada öwüt- nesihat berijiligi ýat bolupdyr. Häzirki zaman dilinde aýdylyşyna görä, XIX asyrda tebigat ylymlarynyň lideri hökmünde fizika boýunça (I.Nýutonyň mehanikasy we biologiýa boýunça (Ç.Darwiniň) görnüşler baradaky ewolýusion teoriýasy) hasap edilýär. Şu ylymy dersleriň hut özleri öz zamanasynyň pikir ediş, ylmy dünýä garaýşynyň stilini, häsiýetini kesgitläpdirler. Bu dünýä garaýşyň stiliniň aýratynlygy sosiologiýanyň we kriminologiýanyň döremek prossesine göze görünýän täsirini

ýetirmän durup bilmändir. Jemgyýetçilik täsinlikleri (şol sanda jenaýatçylyk hem) fizikanyň we biologiýanyň öwrenýän obýektlerinden prinsip boýunça tapawutlanman obýektiw häsiýete eýe bolan hadysalar hökmünde seredilip başlanypdyr. Şol sebäpden köp wagtlap jemgyýet baradaky tejribä faktlara esaslanýan, pozitiw häsiýete eýe bolan ylym, sosial fizika onuň bölümleri bolsa mehanika bilen meňzeşlikde-sosial statika we sosial dinamika diýlip atlandyrylypdyr.

XIX asyrda ýerwopa jemgyýeti gutarnykly we yza gaýduwsyz kapitalistik ösüş ýoluna düşýär. Şol döwrüň ylmy döredijiligine seredilip geçilýän alymlaryň ikisi O.Kont we K.Marks kapitalizmiň ilki başlanýan döwrüne gabat gelipdir. Emma beýleki ikisiniň E.Dýurkgeýmiň we M.Weberiň döredijiligi bolsa ösen döwrüne gabat gelýär.

Jemgyýetiň iki döwri öz hili boýunça hem biri-birinden tapawutlanypdyr. Bu tapawut öz gezeginde alymlaryň jemgyýeti beýan edilişlerinde we jemgyýetçilik hadysalaryna baha berişlerinde hem ýüze çykypdyr.

**Sosiologiýanyň ýüze çykmagy. O.Kont sosiologiýany esaslandyryjydyr.** Diňe häzirki döwürde sosiologiýa empiriki faktlara, ylmy usula we teoriýa esaslanyp, takyk ylym hökmünde ykrar edilýär. Bu ylymyň ösüşiniň taryhynda öňki bellenip geçilen iki etap hem sosiologiýanyň ylymdan öňki döwri hökmünde häsiýetlendirilýär. Sebäbi ol irki döwürlerde adamyň we jemgyýetiň nämedigini düşündirýän ideýalaryň toplumy entäk diňe sosial filosofiýanyň çäklerinde ýüze çykypdyr.

Fransuz alymy **Ogýust Kont (1798-1857)** sosiologiýany esaslandyryjy hasap edilýär. Ol ilkinji bolup, “sosiologiýa” terminini hödürleýär. Bu latyn hem grek dillerinde, jemgyýet baradaky ylym diýen düşünjäni aňladýar. Kont pozitiw usulynyň ideýasyny öňe sürmek bilen sosiologiýanyň taryhynda düýpli açyş edýär. Onuň pikiriçe ylym çözülmeýän, çözülmejek meselelerden düýpli el çekmeli. Bulara ylymda tassyk edip, subut edip bolmaýan we şonuň ýaly hem iňkär edip bolmaýan meseleler girýär.

Kont pozitiwist hökműnde sosiologiýany takyk ylym tebigaty öwredýän ylymlara kybapdaş işläp dűzűpdir. Onuň pikiriçe sosiologiýa hem tebigaty öwredýan ylymlar ýaly obýektiw kanunlary öwrenmeli, jemgyýetde bolup geçýän real hadysalary seljermeli. Şunun bilen baglanyşykly onuň pikiriçe täze ylymyň esasy usuly gözegçilik etmek we eksperimentden ybarat bolmaly.

Kont adamzadyň aňynyň ösűşinde űç fazany belläp geçýär. Olar teologiýa, metofizika we pozitiwden ybaratdyr. Teologiýa we metofizika fazalarynda hadysalar seljerilende diňe pikirlenip, akyl ýetirmek usuly ulanylýar. Bu ýerde çykarylan netijäniň dogrudygyny ýa-da nädogrudygyny takyk faktlaryň, barlaglaryň űsti bilen bilmeklik műmkinçiligi bolmaýar. Kont meseleleri çözmekde ylymdan öňki iki döwűrde ulanylan "akyl ýetirme" usulynyň garşysyna aktiw ylmy seljermeler arkaly netije gazanmaklyga műmkinçilik berýän pozitiw usuly öňe sűrýär.

Kontyň ylymy iki bölűmden ybarat bolup, onuň birinjisi sosial statikasy, ýaşaýyşyň kanunlaryny ýazmak bilen, ikinjisi sosial dinamikasy, kanunlary we jemgyýetiň özgermeginiň etaplaryny yazmak bilen meşgullanýar.

Jemgyýetçilik dűzgűnleriniň bozulmagynyň öňűni diňe döwlet alyp biler. Ol syýasy hakimiýetiň gűýjűnden peýdalanyp, sosial raýdaşlygy we jemgyýetiň syýasy bitewiligini gazanyp biler. Şonuň ýaly hem jemgyýetiň ykdysady we sosial ugurlaryna doly goşulmaklyga döwlete ygtyýar bermeli, emma ahlak ulgamyna goşulmakdan döwlet saklanmaly. Kont ahlak we syýasy häkimýetleriň bölűnmeginiň tarapdary bolup çykyş edipdir. Ol orta asyrlar döwrűne ýokary baha beripdir.Sebäbi şol döwűrde döwlet bilen dini edaralaryň arasynda häkimiýeti takyk bölűşmek prinsipi amala aşyrylypdyr.

Beýle diýildigi, ahlak meselesi dine, syýasat bolsa, doly döwlete degişli bolupdyr. Bu ýagdaý jemgyýetde intellektual we ahlak terrorçylygyň öňűni almagyň ygtybarly serişdesi bolup hyzmat edipdir. Sebäbi ýurtda dowam edýän häkimiýet öňde baryjy pikirleriň ösmegini

syýasy bähbitlere bagly edıp goýan ýagdaýynda şeýle negatiw situasiýalar ýüze çykyp biler.

Kontyň pikiriçe jemgyýet iň ýokary barlykdyr, gymmatlykdyr, indiwid şoňa dogry düşünip, özüniň öňündäki borçlaryny doly we dogry ýerine ýetirmelidir.Jemgyýete boýun bolmak her bir graždanyň mukaddes borjudyr. Beýle diýildigi Hudaýa ýa-da döwlete boýun bolmaklygy aňlatman, eýsem biriniň hemmelere boýun bolýandygyny aňladýandyr. Jemgyýetçilik ýaşaýşynyň esasy etiki prinsipi- "durmuş başgalar üçindir".

**Sosiologiýanyň ösüş taryhynda E.Dýurkgeýmiň, K.Marksyň we M.Weberiň orny. Emil Dýurkgeým (1858-1917).** Bu fransuz alymynyň hem Kontuňky ýaly merkezi problemasy sosial raýdaşlygy gazanmakdan ybaratdyr. Bu ýerde zähmetiň jemgyýetçilik bölünişigi esasy serişde hökmünde hyzmat edýär. Adamlaryň belli bir taýýarlykly hünärler boýunça bölünmekligi we şu tertipde zähmet funksiýalaryny ýerine ýetirmekleri jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň sazlaşykly sistemasyny emele getirýär.

Adam näçe öz hünäri boýunça kämilleşdigiçe bişişen sosial şahsyýet hökmünde öňe çykýar. Bu uzak döwri öz içine alýan taryhy ösüşiň netijesidir.

Adamzat jemgyýetiniň ewolýusiýasynyň saýasynda entäk şahsyýet bolmandyr, emma onuň ýerine hemme ugurlar boýunça köpçülikleýin aň-pikir agalyk sürüpdir. Bu köpçülikleýin ynanç we duýgularyň toplumydyr. Köpçülikleýin aň-düşünjäni göterijiler hökmünde aýratyn adamlar çykyş edýän hem bolsa ony indiwidual aň bilen gatyşdyrmak bolmaz. Sebäbi ol bütin halkyň häsiýetini, onuň ideallaryny, tradisiýalaryny görkezýändir. Biziň gurluşymyza görä özümiz ýaly pikir edýänleri, duýýanlary gowy görýäris. Hatda başga ýurtlarda hem öz watandaşlarymyza ýykgyn edýäris. Adamlary umumy ynanç we meňzeş duýgular biri-birine çekýär. Bular jemgyýetiň bir kollektiw hökmünde ýaşamagynyň esasy şertleri hökmünde hyzmat edýär. Kollektiwleýin aň-aýratyn hormat goýulýan gymmatlykdyr. Haçanda biziň ynançlarymyz, ideallarymyz we tradisialarymyz howp astyna düşende biz olary

bilelikde goraýarys. Umumy ynançlara, mukaddesliklere şek ýetirmek iň uly jenaýatdyr. Kollektiw agressiw şahsyýetiň kanunlardan we däp-dessurlardan çykyp her-hili görnüşde sürtenmelerinden özüni goraýar we şeýle ýol bilen öňküdenem ýokary agzybirligini gazanýar.Zähmet bölünişigi üýtgeşikligi girizýär we bu ýagday näçe çuňlaşdygyça adamlarda birlige, bitewilige we alyş-çalşyga ymtylyşlar güýçlenýär. Alyş-çalyşyň ýuridiki formasy hökmünde şertnama hyzmat edýär. Alyş-çalyş iki tarapyň hem özara razylygy hökmünde öz üstlerine alýan borçlaryny göz öňünde tutýar. Şundan hem hyzmatdaşlyk we kooperasiýa ýüze çykýar. Kooperasiýalaşmaklyk umumy işiň özara bölüşilmegini aňladýar. Satyn alyjynyň satyjy bilen şertnamasy, işewür adamynyň işçi bilen şertnamasy we ş.m. esasynda özara sosial gatnaşygyň formasy ýüze çykýar. Bu gatnaşyklar jemgyyetiň sosial institutlary tarapyndan işlenilip düzülýän hukuklar we kanun boýunça kadalaşdyrylýar.

Yza galak, ýönekey jemgyýetlerde mehaniki raýdaşlyga esaslanyp, şahsyýet özüne degişli bolman, kollektiwe, köpçülige siňip gidýär. Onuň tersine, durmuş raýdaşlyga esaslanýan ösen jemgyyetde olaryn ikisi biri-biriniň üstüni doldurýar. Jemgyyet näçe ýönekeý boldugyça, şonçada adamlaryň köpüsi biri-birine menzeş bolýarlar, güýç ulanmaklygyň, mejbur etmekligiň derejesi ýokary bolýar, zähmet bölünşiginiň derejesi, indiwidleriň tapawutlylygynyň basgançagy pes bolýar. Dýurkgeým şu mesele bilen baglanşykly bir antropologyň belläp geçen zadyny mysal getirýär: “Kim Amerikanyň ýerli ýaşayjysynyň birini gören bolsa, onuň, olaryň hemmesini gördügidir”. Emma onuň tersine, siwilizlenen halklarda iki indiwid ilkibada göreniňden biri-birinden tapawutlanýar. Jemgyýetde dürli tapawut köp boldugyça adamlaryň biri-birine bolan çydamlylygy, demokratiýanyn esasy şonça-da giň we ýokary bolýar. Zähmet bölünşigi näçe çuň boldugyça şonça-da täze hünärler ýüze çykýar.

Ynanç we dünýägaraýşyň meňzeşligine esaslanýan raýdaşlyk, garaýyşlaryň köpdürlüligine esaslanýan raýdaşlykdan gowşak bolýar.Eger-de jemgyýet adamynyň diňe bir islegini kanagatlandyrýan

bolsa, mysal üçin sosial goraglylygyny, - şonda indiwidiň jemgyyet bilen gatnaşygynyň diňe bir nokady ýüze çykýar. Birtaraplayyn baglanyşyk köptaraplayyn baglanyşykdan gowşak bolýar, ony ýyrtmak aňsat bolýar. Netijede yza galak, sada jemgyýetlerde adamlaryň sosial özara baglanyşygynyň derejesi pes bolýar. Däp-dessurlar we ynançlar näçe ýönekey boldugyça, şahsyýetiň ösüş derejesi pes bolýar. Tersine, adamynyň özüni alyp baryşynda çylşyrymlylyk we näbellilik duýulsa oňa düşünmek ýokary başarjaňlygy we işjeňligi talap edýar. Jemgyýetiň ösmegi bilen, intelligentligiň orta derejesi ýokarlanýar, kollektiwleyin aňyň mejbur edejilik häsiýeti gowşaýar, peselýär. Eger-de öň kollektiwleyin aň durmuşyň hemme ugurlaryny sazlaşdyran bolsa, soňra ol çäklendirilýär. Jemgyyet içki maşgala durmuşyna goşulmakdan el çekýär. Häzirki zaman jemgyýetinde şahsy durmuşyň eldegirilmesizligi bu ugurdaky işleýän institutlar tarapyndan üpjün edilýär. Tersine, ösmedik jemgyýetlerde, aýratyn-da totalitar sistemada, hususy ýaşaýyş, durmuş goragsyzdyr.

Gadym zamanlarda hemme meseleler boýunça döwlet görkezme beripdir., hatda geýimleriň formasy we görnüşi obşinanyň kanunlary boýunça kesgitlenipdir.

Sparta döwletiniň kanunçylygy aýallaryň saçynyň nähili bolmalydygyny kesgitlän bolsa, Afin döwletiniň kanunçylygy durmuşa çykýana üç köýnekden köp edinmekligi gadagan edipdir. Emma başga bir zat geň görerlikdir: Gadymy kanunçylyk şahsy durmuşyň ownuk taraplaryny kadalaşdyrmak bilen meşgul bolan hem bolsa has ähmiýetli meseleleri çözmeklige ukyby ýetmändir. Mysal üçin jemgyýetçilik düzgünini bozmak bilen jenaýat işiniň ara tapawudy takyk kesgitlenmändir. Netijede sudlaryň, hökümdarlaryn çäksiz eden-etdiligi, şahsy pikirleri (her bir mesele çözülende) şundan gözbaş alyp gaýydýar. Bu ugurda ýuwaş-ýuwaşdan düýpli kynçylyklary ýeňip geçmek bilen yzagalak kollektiwden-urugdan, klandan, taýpadan ýa-da ordadan-şahsyýetler saýlanyp çykypdyr. Taryhda şahsyýetiň ilkinji görnuşi taýpa başynda duran adamdan ybarat bolup ol öz pikirini we şahsy erkini kollektiwiň pikirine we erkine garşy goýmagy başarypdyr. Dýurkgeým

dűnýä sosiologiýasynyň ösmegine ägirt uly goşant goşupdyr. Műmkin onuň goşandy O.Kontyňkydan hem ýokarydyr. Sebäbi ol sosiologiýanyň metodyny we teoriyasyny yglan etmek bilen çäklenmän, olaryň nähili işleýşini we ösűşini hem seljeripdir.

**Karl Marks (1818-1889)** görnűkli syýasy işgär, filosof, sosial teoritik we ykdysadçy. Marks gelip çykyşy boýunça nemes bolup, öz durmuşynyň esasy bölegini fransiýada, Belgiýada we Angliýada geçiripdir.

Marksyň dűnýä garaýşyna, Gegeliň filosofiki konsepsiýasy, faransuz sosializmi, iňlis ykdysady teoriýalary ullakan täsirini ýetiripdir.

Marksyň pikirleriniň esasy aýratynlyklarynyň biri hem ykdysadyýet bilen jemgyýetiň sosial durmuşynyň arasyndaky baglanşyklar baradaky dűşűnjelerdir.

Ykdysadyýet (bazis) hökmany űç elementi öz içine alýar:

1. Onűmçilik serişdesini, ýagny zähmet gurallaryny, materiallary;
2. Işgäri we
3. Kim önümçiligiň önűmini özűne alýan bolsa. Şu űç element her bir ykdysadyyetde özűniň ýerini tapýar, emma aýratynlyk şol elementleriň nähili özara gatnaşyklarda ýűze çykýanlygyna syrygýar.

Işgärleriň arasynda ýagny, öz zähmetiniň hasabyna ýaşaýanlar bilen zähmetiň taýýar önűmini almaga hukugy barlaryň arasynda dűýpli tapawut goýmak Marksyň synpy teoriýasynyň esasyny dűzýändir. Şeyle çäklendirmäniň kömegi bilen Marks önűmçilik gatnaşyklary barada ýazýar. Önűmçilik gatnaşyklary dowam edýän zähmet bölűnşigini görkezýär we önűmçilik serişdesiniň ösűş derejesi bilen kesgitlenýär. Hakykatda Marksyň hemme ýazyp görkezen formasiýalary (gul eýeçilik, feodal, kapitalistik) iki synplaryň biri-birine garşy goýulmagy esasynda guralandyr.

Nadstroýka-bu sosial formalardyr (bazis bilen kesgitlenýän). Bulara Marks maşgalany, döwleti, ideologiýany girizýär. Marksyň ähli sosial durmuşy ykdysady prosesler bilen kesgitlenýändir, olara baglydyr diýilip

ýygy-ýygydan gaýtalanýar. Hakykat ýűzűnde bolsa ykdysadyýet bilen jemgyýetiň arasyndaky gatnaşyk Marksyň konsepsiýasynda beýle dűýpli tapawut esasynda garalmaýar. Şu mesele bilen baglanşykly ol aşakdaky sosial institutlaryň mysal űçin: maşgala we döwletiň belli bir derejede ykdysadyýetden özbaşdaklygynyň barlygyna garamazdan, ýene-de olaryň belli bir derejede öz özbaşdak ösűş kanunlarynyň barlygyna garamazdan, olaryň ykdysadyýete täsir edip biljek műmkinçilikleri barada hem yazýar.

Häzirki döwűrde nadsroýkanyň, bazisiň dowam edip bilmekliginiň hökmany şertleriniň biri bolup durýanlygy barada ýazylýar.

Marks ilkinjileriň hatarynda kesekileşdirmek, elden alynma kategoriýasynyň sosiologiki manysyna űns berýär. Ol muňa zähmetiň we onuň önűminiň kesekileşdirilmegi, elden alynmagy diýip dűşűnipdir. Galyberse-de adam öz işini daşky mejbur edijiligiň, başga adamynyň mejbur etmekliginiň netijesinde ýerine ýetiripdir. Bu dűşűnjäni Marks özűniň döredijiliginiň ilkinji etaplarynda aktiw işläp dűzűpdir. Şeýle hem bu “kesekileşdirmek”, elinden almak kategoriýasynyň manysy Marksyň ähli teoretiki işläp dűzmeleriniň içinden gyzyl sapak bolup geçýändir.

Marks sosial özgertmeleriň ýörite konsepsiýasyny işläp dűzdi. Onuň pikiriçe synpy göreş taryhyň esasy hereketlendiriji guýji bolup duryar. Ykdysady strukturanyň öz ugruna özboluşly özgermegi sosial özgertmelere alyp baryp bilmeýär,onuň űçin adamlaryň aktiw, has takygy ezilýän synpyň goşulmaklygynyň zerurdygy ýűze çykýar. Häzirki pursatda Marks filosof Gegeliň dialektikasynyň ideýasyny kabul edip, ulanýar. Bu ideýa görä her bir hadysa özűniň özgermegini űpjűn edip biljek gűýji özűnde saklaýar. Kapitalistik önűmçilik usulyna häsiýetli “kesekileşdirmek” we şunuň bilen baglanşykly garşylyklar we konfliktler hökmany suratda proletariýatyň aktiw goşulmagyna getirer ýa-da getirip biler. Bu ýagdaý jemgyýetçilik formasiýanyň űýtgemegine ugrukdyrylyp kapitalizmden sosializme geçmekligi űpjűn eder.

Marksyň ideýasynyň sosiologiýa eden täsiri örän uludyr. Ol gunbatarda E.Dýurkgeým we M.Weber, O.Kont bilen bilelikde

sosiologiýanyň klassiklarynyň hatarynda ykrar edilendir. Emma Ol olardan tapawutly jemgyýete dűşűnmekligiň dűýbűnden başga ýoluny hödűrleýär. Ol sosial konfliktiň teoriýasyny doredijі hasap edilýär. Egerde O.Kont űçin iň esasy zat jemgyýeti abat saklamak bolsa, Marks űçin köne jemgyýeti täze jemgyýet bilen, has adalatly jemgyýet bilen çalşyrmak zerur. Dűnýä sosiologiýasynyn döremegi we ýola dűşmegi, Marksyň teoriýasyna garşy çykmak űçin ony ýalana çykarmak bilen baglanşyklydyr diýlip hasap edilýär. Dogrudanam, Marks jemgyýeti rewolýusion ýol bilen űýtgetmegi teklip edyär, emma beyleki sosiologlaryň hemmesi reformistik ýoly teklip edyärler.

Marks hem Kont we Dýurkgeym ýaly zähmet bölűnişigininiň, jemgyýetiň ösmeginde hereketlendiriji taryhy roluny ykrar edipdir. Emma ol olardan tapawutly onuň anomaliýasyna (negatiw heläkçilikli netijelerine) otnositel däl-de absolýut manyda baha beripdir. Kont we Dýurkgeýmiň hasap edişlerine görä anomaliýalaryň, ezmeklik, işsizlik, garyplaşmak, şahsyýetiň birtaraplaýyn ösmegi ýaly görnuşleri ýuwaş-ýuwaşdan kapitalizmiň çäklerinde doly we bölekleýin aradan aýrylar. Kapitalizm ösdűgiçe ilatyň ýaşaýyş derejesi we zähmet şertleri gowulaşýar. Bularyň dogrulygyny durmuş subut etdi.

Emma Marks meseläniň çözgűdini başgaça tapmak isleýär. Kapitalizm hem gul eýeçilik we feodalizm ýaly Antoganistik häsiýete eýedir. Jemgyýetiň esasy synplarynyň arasynda barlyşyksyz garşylyk dowam edyär. Sebäbi bir synp elmydama beyleki synpy ezýär, onuň hasabyna ýaşaýar, onuň tölenmedik zähmetinin gymmatyny özűne alýar. Antoganizmi barlyşyksyz garşylygy dowam edyän synpy jemgyýetçilik gurluşyň çäklerinde ýok edip bolmaýar. Sebäbi eziji synplar zähmetkeşleriň zähmetinin hasabyna ýygnan baýlyklaryny meýletin bermeýärler we olar bilen ýerlerini çalyşmaýarlar. Hatda iki synp ýerlerini çalyşaýanlarynda-da ekspluatasiýa hadysa hökműnde galýar. Ekspluatasiýany reforma arkaly ýok edip bolmaýar, ony synpy jemyýeti gűýç ulanmak arkaly synpsyz jemgyýet bilen çalşyryp ýok edip bolýar.

Russiýada Marksyň ylymynyň ykbaly örän çylşyrymly boldy. Sowetler döwrűnde onuň konsepsiýasy iň ýokary gymmatlyk hasap

edilip, soňky bir döwürde onun ideýasyna diýsen duşmançylykly garaldy. Häzirki döwürde onun döredijiliklerine baha bermek kadalaşyp barýar.

**Maks Weber (1964-1920)** Belli sosiolog, K.Marksyň watandaşy Dýurkgeým bilen bir wagtda ýaşap geçen. Şeýlede bolsa olaryň dünýägaraýyşlary düýpli tapawutlanýar. Mysal üçin: Marks we Dýurkgeým jemgyýeti önde goýupdyrlar. K.Marks ösüş, progress üçin ykdysady faktoryň ähmiýetine ýokary baha beripdir. Ol proletariatyň taryhy missiýasyna ynanypdyr. M.Weber hemmesinden ýokarda indiwidi goýupdyr. Jemgyýetiň ösmegini üpjün edýän zadyň medeni gymmatlyklardygyny ykrar edipdir. Ol intelligensiýa ynanypdyr. Weberiň pikiriçe aşakdaky öňe sürülýän dört alamata eýelik edip bilmek diňe indiwide mahsus bolupdyr. (aň-düşunjä eýe bolmak, hadysanyň içki sebabine göz ýetirmegi başarmak, bähbitden ugur almaga ukyply bolmak, maksadyňy kesgitläp bilmek). Onuň pikiriçe kollektiwleýin aň-takyk düşünjäni aňlatman,  diňe bir göçme manyda ulanylýan söz bolup galypdyr.

Weber sosiologiýanyň terminologiýasyna ideal tip (nusgawy görnüş) diýen düşünjäni girizýär. Ol (“kapitalizm”, “monastyr”, “hojalyk” we ş.m) düşünjeler, adamlaryň hereketlerine we taryhy wakalara düşünmek üçin esas bolup hyzmat edýärler diýip tassyklaýar. “Synp”, “döwlet”, “jemyýet” – bular adamlaryň, hadysalaryň toparlaýyn manysyny aňladyan düşünjelerdir diýip belleýär. Biz “kapitalist”, “işçi” ýa-da “patyşa” barada gürrüň edenimizde her bir gatlagyň ortaça tipi, nusgawy görnüşi göz öňüňe gelýär. Emma real durmuşda işçi ýa-da patyşa ýok, olaryň barlygy barada, ýaşaýanlygy barada gürrüň edip bolmaýar. Bularyň hemmesi Weberiň pikiriçe düşnüksiz pikir, ony alymlar ýörite faktlaryň, adamlaryn, hadysalaryň ýygyndysyny bir at bilen, bir söz bilen aňlatmak üçin toparlaýyn, köpçülikleýin häsiýete eýe bolan düşünjeleri oýlap tapypdyrlar.

Sosiologiýanyň barlag, derňew işlerini geçirmek boýunça ulanýan usullary barada gürrüň etmek bilen, Weber wakalaryň arasyndaky baglanşyklary tapmak, görkezmek üçin san görkezijileriň kömegi bilen

geçirilýän işleriň ýeterlik däldigini belläp bu baglanşygyn içki sebäplerini tapmaklygyň zerurlygyna okyjynyň ünsüni çekýär.

Netijede san görkezijileri (statistika) manyly analiziň üstüni ýetirip, bilelikde olar ylmy usulyň (metodyň) düýbüni tutýarlar.

Bu ýerde ýene-de başga bir problema ýüze çykýar, ýagny adam ýa-da adamlaryň topary, derňewçi alym üçin sebäbi (motiwi) belli bolmadyk eden hereketlerinde nämeden ugur alypdyrlar, herekedin içki motiwi (sebäbi, häsiýeti, bahanasy) nämeden ybarat, şol ýa-da beyleki herekete gatnaşyjylar özlerini name üçin başgaça alyp barman, hut şeýle alyp barypdyrlar? we ş.m

Şeyle situasiýalar, soraglar ýüze çykanda derňewçi alym özüni diňe pikirinde şol ýa-da başga herekete gatnaşyjylaryň ýerinde goýup, özüçe pikir ýöredip, bolup geçýan wakalardan netije çykarmaly bolýar. Real hakykatda bolup geçýän hereketleriň yzygiderliligine syn edip, mysal üçin sosiolog, bolup geçen iş taşlaýyş barada oňa gatnaşyjylaryň çen-çak bilen içki pikirlerinden ugur alyp iň bolmanda dogry ýaly, hakykata golaý edip, bu herekete (zabostowka) özüçe baha bermeli bolýar ýa-da bolmasa herekete gatnaşýan adamlaryň içki motiwiniň (sebäbiniň, bahanasynyň) birmeňzeş situasiýalarda, köp halatlarda birmeňzeş bolýanlygyndan ugur alyp sosiolog netije çykarýar.

Netijede barlagçy sosiolog bolup geçen herekete, waka baha berende, birinjiden özüni herekete gatnaşyjylaryň ýerinde goýup, şol hereket baradaky öz pikirlerini, herekete gatnaşyjylaryň pikiri hökmünde göz öňüne getirip ýa-da ikinjiden birmeňzeş situasiýalarda ýüze çykýan hereketleriň we oňa gatnaşyjylaryň özlerini alyp baryşlarynyň belli bir derejede birmeňzeş bolýandygyndan ugur alyp, Marks Weber sosial hereketiň teoriýasyny işläp düzýär.

Sosial hereket, ýöne bir sözüň göni manysynda düşünilýän hereket bolman ol öz manysy boýunça şol herekete gatnaşyjylaryň çen bilen göz öňüne getirişlerine görä beyleki tarapyn hereketine laýyklykda oňa ugrukdyrylan özara sazlaşykly hereket bolmalydyr. Weber sosial hereketiň, ideal dört görnüşinden (tipinden) ybarat bolan sistemany öňe sürýär. Olar aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Maksadalaýyk, pähimlilik häsiýetine eýe bolan hereket;
2. Bahasy kabulederlikli, ýerlikli hereket;
3. Tradision, gadymdan gelýän adaty hereket;
4. Affektiw häsiýete eýe bolýan, aň düşünjä paýhasa boýun bolmaýan, adamynyň özüne erk edip bilmeýän pursatlaryndaky ýüze çykýan hereket.

Bularyň soňky ikisi sosiologiýanyň predmetine girmeli däldir, sebäbi olaryň birini adam pikir etmezden öňden gelýän adaty hereket hökmünde amala aşyrýar, ikinjisini bolsa pikir etmezden emosional duýgudan ugur alyp, joşgunly hereket edýär. Şonuň üçin Weber diňe ilkinji ikisini sosiologiýa degişli hereket hökmünde ykrar edýär, sebäbi diňe şolar akyl-paýhas eleginden geçirilen peýdaly hereketdir.

Maks Weber häzirki wagtdaky sosiologiýanyň esasy fundamentini düzýän hemme düýpli teoriýalaryny iş ýüzünde esaslandyrypdyr. Bular sosial hereket we onun sebäpleri, zähmetiň jemgyyetçilik bölünşigi, eýeligiň elden alynmagy, hünär saýlamaklygyň höwes bilen baglanşygy, diniň sosiologiýasynyň esaslary, şäheriň sosiolosiýasy, sosial agalygyň sosiologiýasy, ykdysady sosiologiýa we zähmetin sosiologiýasy baradaky ylymlardyr. Bulardan hem başga býurokratiýanyň teoriýasyndan, statuslaýyn toparlardan we sosial stratifikasiýanyň konsepsiýasyndan, häkimiýet institutyndan we syýasaty öwrenişiň esasyndan, rasionaluzasiýadan (dogry peýdalanmadan) we jemgyýetiň sosial taryhy baradaky ylymdan, kapitalizmiň ewolýusiýasy baradaky we eyeçiligiň instituty baradaky ylymdan ybaratdyr.

Weberiň umumy sosiologiýanyň teoriýasyna, onuň metologiýasyna we pudaklaýyn sosiologiýa goşan goşandy diýsen uludyr. Weberiň we onuň watandaşlarynyň dünýä-sosiologiýasynyň teoriýasyna goşan goşandyna baha berlende, Birinji jahan urşuna çenli, bütindünýä sosiologiýasynda nemes mekdebi öňdeligi saklapdyr diymeklige doly esas bardyr.

# III. JEMGYÝET SOSIOLOGIÝANYŇ ESASY OBÝEKTI HÖKMÜNDE WE ONUŇ DÜRLI GÖRNÜŞLERI

## §1. Jemgyýetiň ilat, ýurt, döwlet düşünjeleri bilen baglanyşygy

Jemgyýetiň ilatdan tapawutlanýanlygy, ilat jemgyýet bilen gatnaşygynda subýekt hökmünde bellidir. Emma ol entäk jemgyýeti emele getirip bilmeýär. Şu iki kategoriýanyň (jemgyýet we ilat) özbaşdaklygyny görkezýän zat. Mysal üçin jemgyýetiň özgermegi elmydama ilatyň özgerenligini aňlatmaýar. Ýa-da tersine ilatyň özgermegi elmydama jemgyýetiň özgermegini aňlatmaýar. Häzirki döwürde syýasy we ykdysady reformalaryň netijesinde jemgyýetiň sosial stratifikasyýasy üýtgedi (täze gatlaklar döredi we ş.m.) emma ilatyň özgermeginde düýpli üýtgemeler bolmady. Ilatyň özgermeginde jemgyýetiň üýtgemän galýanlygy barada hem degişli mysal bar. Köpçülikleýin migrassiýanyň bolýanlygny görmek bolýar. Gadymy döwürlerde beýle üýtgeşiklikler diňe basypalyjylykly uruşlar netijesinde döräpdir.

**Ýurt diýilip nämä aýdylýar?**

Belli bir teritoriýa özüniň serhetleriniň bolmagynda, döwlet özbaşdaklygyndan peýdalanýar. Irki döwürlerde bir ýurdy beýleki ýurtdan aýyrýan takyk syýasy we döwlet serhetleri bolmandyr. Taýpalar we halklar täze teritoriýalary özleşdirmek, eýelemek ugrunda dünýä giňişliginde hereket edipdirler. Haçanda halklaryň göçe-göçlik prosesi tamamlanandan soň, döwlet özbaşdaklygynyň çäklerinde ýurtlar peýda bolupdyr. Oňat, amatly ýerler ugrunda göreş, dünýäde giňden ýaýbaňlanypdyr. Taryhdan mälim boluşy ýaly XX asyrda iki gezek bolup geçen jahan uruşlarynyň sebäbi hem güýçli döwletleriň dünýäni öz aralarynda täzeden paýlaşmak ugrundaky edilen synanyşyklaryndan ybaratdyr.

Diýmek ýurtlar dünýäniň teritoriýasyny paýlaşmak ugrundaky alynyp barylan uruşlaryň netijesinde dörändir.

## Jemgyýet we döwlet

Jemgyýet adamlaryň tebigy özara gatnaşyklarynyň taryhy netijesi hökmünde döränumumylykdyr. Emma döwlet şol gatnaşyklary sazlaşdyrmak meselesi bilen meşgul bolýan amaly döredilen mehanizmdir.

“Jemgyýet” düşünjesi “Döwlet” düşünjesi bilen özara baglanyşyklydyr. Emma olaryň arasyndaky birnäçe tapawutlary belläp geçmek ýerlikli bolar. Jemgyýet döwletden öň döreýär. Taryhda çen bilen jemgyýetiň ýaşy 40 000 ýyla deňdir, döwletiň ýaşy bolsa 5-6 müň ýyla deňdir. Jemgyýet we döwlet özleriniň ýerine ýetirýän funksiýalary boýunça tapawutlanýarlar. Jemgyýetiň ýerine ýetirýän funksiýasy döwletiňkiden giňdir. Döwletiň hemme funksiýasy jemgyýetiň funksiýalarynyň içine girip biler. Emma döwlet jemgyýetiň hemme funksiýasyny ýerine ýetirip bilmez.

Taryhda ilki başda jemgyýet hemme öz isleglerini özi kanagatlandyrypdyr. Diňe soňra döwlet jemgyýetiň käbir isleglerini öz üstüne alýar. Jemgyýet dürli ugurlar boýunça (ykdysadyýet, syýasat, hukuk, ahlak, din, ylym, tehnika, sungat, maşgala, durmuş we ş,m ) sosial gatnaşyklaryň sistemasyndan yabarat bolup öz gezeginde ol gatnaşyklar indiwidleriň, kiçi we uly toparlaryň arasynda döwlet tarapyndan işlenip düzülýär we kadalaşdyrylýar.

Jemgyýet esasan tebigy ýazylmadyk, yglan edilmedik, hukuk normalaryndan ugur alýan bolsa, döwlet üçin esasy zat kanunlarda we beýleki normatiw aktlary göz öňünde tutulan hukuk normalary bolup durýar.

Jemgyýet ýüze çykýan pikirlere, isleglere esaslanýan bolsa, döwlet, häkimýet mejbur etmek usullaryny hem ulanýar.

Jemgyýetde formal we formal däl sosial institutlar bilelekde dowam edýän bolsalar, döwlet diňe formal sosial institutlary göz öňünde tutýar.

Jemgyýet belli bir teritoriýada ýaşaýan toparlaryň iň ulusydyr. Jemgyýet entäk ýurtlar we döwletler döremezinden öň ýaşapdyr. Şonuň

üçin “jemgyýet” diýen düşünje adamzat taryhynyň hemme döwürlerine degişlidir. Jemgyýet bir tarapdan şol teritoriýada ýaşaýan toparlaryň iň ulusy bolmak bilen ikinji tarapdan adam sanynyň möçberine garamazdan hatda adam sany boýynça iň kiçi topar ýa-da bileleşik hem “jemgyýet” bolup biler. Diýmek jemgyýet diýen düşünje hemme döwüre we sanyna garamazdan hemme toparlara degişlidir. Jemgyýet we döwlet barada gürrüň edilende ýa-da olaryň hersine özbaşdak institut hökmünde seredilende olara şeýle kesgitleme bermek bolar.

Döwlet-ýurduň syýasy guramasyndan ybarat bolup, ol häkimýetiň belli bir görnüşini (monarhiýa, respublika) we edara ediş aparatynyň (hökümet) barlygyny aňladýar. Jemgyýet diňe bir ýurduň sosial guramasyndan ybarat bolman, ol şeýle hem milletleriň, halklaryň, taýpalaryň sosial guramasydyr.

Jemgyýet öz häsiýeti boýunça köp derejeli institutdyr. Ol şu aşakdakylary öz içine alýar:

1. Adamlary;
2. Adamlary özara birleşdirýän sosial hereketleri, özara hereketleri we gatnaşyklary;
3. Sosial toparlary we bileleşikleri;
4. Sosial institutlary;
5. Normalardyr we gymmatlyklary;

Hemme görkezilen elementler biri-biri bilen ýakyndan baglanyşyklydyr. Mysal üçin, sosial hereketler, özara hereketler we gatnaşyklar adamlary özara baglaşdyrýar we ol baglanyşyklar toparlaryň bileleşikleriň we institutlaryň döremegine alyp barýar. Gymmatlyklar we normalar institutlaryň, toparlaryň we bileleşikleriň barlygynda dowam edýärler. Şonuň ýaly hem indiwid, nähili ýagdaýda şahsyýete öwrülip biler diýen sorag ýüze çykanda, haçanda indiwid institutyň täsiri astynda, toparlaýyn gatnaşygyň we bileleşigiň içki gatnaşygynyň dowamynda göz öňünde tutulýan normalary we gymmatlyklary özleşdiren ýagdaýynda ol şahsyýet derejesine, statusyna eýe bolup biler.

Döwlet jemgyýetiň ösüşiniň belli bir etapynda döräp aslyýetinde ol adamlaryň özleriniň jemlenişip, bir bitewi umumylyk bolup ýaşamak isleginden emele gelen edaradyr. Sebäbi, daşky hüjümdir howuplardan goraýan, içki asydalygy saklaýan, adamlaryň eýeçiligindäki emläklerini goraýan, adamlaryň dürli toparlarynyň arasyndaky gatnaşyklary kadalaşdyrýan edarany edinmek, adamlaryň umumy bähbitlerinden gelip çykandyr. Şeýlelikde döwlet jemgyýetiň umumy bähbidini goramak üçin döredilen edara hökmünde, adamlaryň özara şertnamasy esasynda emele gelipdir. Döwlet adamlaryň bähbitlerini goramak üçin ilkinji “hyzmatkär” hökmünde döräp, soňra köp halatlarda adamlaryň üstünden agalyk edip, ýagny hyzmatkärden, agalyk ediji güýje öwrülip adamlaryň ol güýçden goranmaga mejbur bolan ýagdaýlary hem taryhda ýüze çykypdyr. Şeýlelikde, taryhda jemgyýet bilen döwletiň arasyndaky gatnaşyklar köp halatlarda örän çylşyrymly häsiýete eýe bolupdyr. Bu meselede sazlaşyk we konflikt, zorluk usuly bilen basyp ýatyrmak ýa-da deň derejedäki gatnaşyklary ýola goýmak, jemgyýet bilen döwletiň arasyndaky gatnaşyklaryň iň esasy bolupdyr we häzir hem şeýle bolmaklygynda galýar.

Taryhda döwleti edara etmegiň görnüşleri şu aşakdakylardan ybarat bolupdyr:

1. monarhiýa- bir adamynyň häkimiýeti,
2. Oligarhiýa- az baý adamlaryň häkimiýeti,
3. Respublika- kanuny häkimiýet,
4. Anarhiýa- häkimiýetsizlik, baş-başdaklyk,
5. Demokratiýa- halkyň häkimiýeti,
6. Ohlokratiýa- guramaçylyksyz adamlar toplumynyň häkimiýeti,
7. Aristokratiýa- saýlama, ýokary gatlagyň häkimiýeti.

## §2. Industrial jemgyýetden öňki jemgyýet

Marks jemgyýetçilik formasiýalaryň belli tiplerini, görnüşlerini işläp düzýär: ilkidurmuş obşina jemgyýeti, synpy jemgyýetlerden: guleýeçilik, feodalizm, kapitalizm we komunistik jemgyýeti, onuň birinji etapy sosializmi öz içine alýar.

Häzirki döwürde dünýäde ähliumumy ykrar edilen jemgyýetçilik gurluşlarynyň üstünde giňişleýin durup geçmeklik maksada laýyk bolar.

Adamzat jemgyýeti yzygiderli üýtgäp durýar. Taryhyň başynda ilkidurmuş jemgyýeti döreýär. Soňra guleýeçilik, feodal we kapitalistik jemgyýetleri çalyşýarlar. Adamzat jemgyýeti ýönekeýlikden çylşyrymlylyga tarap ösýär.

Häzirkizaman sosiologiýa ylmy jemgyýetiň hemme görnüşlerini, olaryň içki özara baglanşygyny göz öňünde tutup öwrenýär.

Amerikan sosiology Daniel Bell, bütindünýä taryhyny üç döwre bölýär. 1. Industrial jemgyýetden öňki jemgyýet. 2.Industrial jemgyýet. 3.Postindustrial, informasion jemgyýet

Industrial jemgyýetden öňki jemgyýet barada gürrüň edilende öňi bilen sosiologiýa ylymynda obşina we jemgyýet düşünjeleriniň özara tapawudyny kesgitlemek zerurlygy ýüze çykýar. Alymlaryň çykaran netijelerine görä adamlaryň indiwidual we kollektiwleýin hereketleriniň esasynda belli bir erk ýatandyr. Şunuň bilen baglanşykly erkiň iki hili görnüşi tapawutlandyrylýar we olar öz gezeginde obşinanyň we jemgyýetiň ýüze çykmagyny kepillendirýärler. Obşina dowam edýän tradision jemgyýetden ybarat bolup, ol maşgala durmuşynyň, gatnaşyklarynyň esasynda döreýär. Obşinanyň döremegi we dowam etmegi tebigy erke bagly bolup ol özara gatnaşyklaryň, hyzmatdaşlygyň we söýgüniň ? kadalarynyň çäklerinde ýüze çykýar.

Bu ilkinji jemgyýet esasan gadymdan gelýän tradisiýalara, nesilden-nesile geçýän däp-dessurlara uýup ýaşapdyr. Bu jemgyýet öz häsiýeti boýunça geçmişe tarap ugrukdyrylan bolup diňe ýaşaýyş durmuş zerurlyklaryny üpjin etmekligiň aladasyny edýär.

Ilki durmuş zamanasynda ýönekeý jemgyýet bolup awçylar we iýmit ýygnaýjylar, toplaýjylar ýaşapdyrlar. Ylymda ýönekeý jemgyýetleriň ilkinji görnüşlerinden lokal toparlar, urug, tire obşinasy soňra goňşuçylyk obşinalary bellenip geçilýär. Lokal toparlar, uly bolmadyk bileleşik awçylardan we ýygnaýjylardan ybarat bolup, gany bir garyndaşlar meýdan giňişliginde göçüp gonup ýaşapdyrlar. Urug tire obşinasy birnäçe lokal toparlardan ybarat bolup özaralarynda garyndaşlyk esasynda bagly bolup ýaşapdyrlar.

Birnäçe urug, tire obşinalary birleşip goňşuçylyk obşinalaryny emele getiripdirler. Olar özara garşylyklaýyn nikalar, zähmet bileleşigi esasynda umumy teritoriýany emele getiripdirler. XX asyra çenli Russiýada we Hindistanda goňşuçylyk obşinalary dowam edipdir. Russiýada olar ýer obşinasy diýilip atlandyrylypdyr. Sany boýunça olar birnäçe ýüz we müňe çenli bolup birnäçe obanyň bileleşigini emele getiripdirler. Oturumly ýaşaýyş durmuşuna geçmeklik urug toparlaryndan goňşuçylyk obşina görnüşüne geçmeklige mümkinçilik, şert döredipdir. Şondan soň ilkinji ekerançylyk bilen meşgul bolýanlar we maldarlar döräp bular gadymdan gelýän awçylary we iýmit ýygnaýjylary çalyşypdyrlar.

Ýokardaky bölünişik boýunça taryhda industrial jemgyýetden öňki jemgyýet iň gadymy döwürden başlap XVIII asyra ýagny idustrial jemgyýete çenli dowam edýär. Bu döwür iň ýönekeý jemgyýetlerden başlap agrar jemgyýetlerini hem öz içine alýar. Ilkinji dörän ýönekeý jemgyýetleriň häsiýetli aýratynlygy olarda sosial deňsizlik, synplara ýa-da stratlara bölünmeklik haryt-pul gatnaşyklary we döwlet aparaty bolmandyr.

Jemgyýet sözüň doly giň manysynda obşinadan tapawutly senagat-şäher görnüşünde ýüze çykýar. Ondaky gatnaşyklar garyndaşlyk duýgularyndan halas bolup mehaniki häsiýete eýe bolýarlar. Bu täze tebigy däl erke esaslanýan gatnaşyklar emeli, ýasama häsiýete eýe bolup diňe ykdysady bähbitlerden ugur almaklyga getirýär.

Sosiolgiýa ylymynda adamzat jegyýetiniň ösüş taryhynda iki döwri tapawutlandyrmak häsiýetli alamata eýedir. 1.Ýönekeý jemgyýetler 2.

çylşyrymly jemgyýetler. Bular özaralarynda edara etmekligiň we sosial gatlaklara bölünmekligiň derejesi boýunça tapawutlanýarlar. Ýönekeý jegyýetleriň alamatlary barada ýokarda durup geçildi . Bir sözlem bilen gaýtalap aýdylanda ýönekeý jegyýetlerde ýolbaşçylaram we olaryň gol astyndakylaram, baýlaram we garyplaram ýok. Ilkidurmuş obşina jemgyýetiniň häsiýetli aýratynlygy şundan ybarat. Çylşyrymly jemgyýetde edara etmegiň, dolandyrmagyň birnäçe we ilatyň sosial gatlaklarynyň birnäçe derejesi emele gelýär. Şol döwürde öz akymyna ýüze çykan sosial deňsizlik indi hukuk, ykdysady, dini we syýasy taýdan berkidilýär. Çylşyrymly jemgyýetleriň döremegine ullakan itergi beren güýç döwlet institutynyň döremegidir.

Bu waka çen bilen 6 müň ýyl mundan ozal bolup geçýär. Ýönekeý jemgyýetler 40 müň ýyl ozal döreýär. Bularyň döremegi döwlet institutlaryndan öňki döwre degişlidir. Mälim boluşy ýaly ýönekeý jemgyýetleriň taryhy ýaşy çylşyrymly jemgyýetleriň ýaşyndan 4-5 esse ýokarydyr. Çylşyrymly jemgyýetde şahsy, ganybir garnydaşlyk gatnaşyklary garyndaş bolmadyk , emeli, ýasama tebigy däl gatnaşyklar bilen çalyşýar.

Iňlis arheology W.Çaýld çylşyrymly jemgyýetiň häsiýetli aýratynlygyny şeýle kesgitleýär:

Adamlaryň köpçülikleýin şäherlerde ýerleşmegi;

Agrar däl zähmetiň ýöriteleşmeginiň ösmegi;

Goşmaça produktyň döremegi we ýygnanmagy;

Takyk synpy tapawutlaryň döremegi;

Ýönekeý dowam edýän hukuk normalaryndan ýuridiki kanunlara geçmek;

Uly möçberli jemgyýetçilik işleriniň irrigasiýa, piramidalary dikeltmek we ş.m. Praktikasynyň ýola düşmegi;

Daşky deňiz söwdasynyň ýüze çykmagy;

Ýazuw işleriniň döremegi;

Jemläp aýdylanda, çylşyrymly jemgyýeti häsiýetlendirýän alamatlar: döwlet, stratifikasiýa, siwilizasiýadan ybaratdyr.

## §3. Industrial jemgyýet

Industiral jemgyýet barada gürrüň edilende bolsa öňi bilen onuň hereketlendiriji mehamiziminiň ykdysady ösüşe tarap ýykgyn edýänligini bellemek gerek. Önümçiligiň esasy ugry, zawod we fabriklerde işçi kollektiwleriniň materiýallary işlemeklerinden we gaýtadan işlemeklerinden ybaratdyr.

Bu jemgyýet we onuň agzalary döwrüň talabyna uýgunlaşmaga, sosial islegleri kanagatlandyrmaga uly isleg bildiripdirler.

Industrial jemgyýetiň döremegini şertlendiren iki sany uly hadysa bolup geçýär. 1. Industrializasiýa-iri maşyn önümçiliginiň döremegi.
2. Urbanizasiýa-adamlaryň şäherlerde ýerleşmegi, şäher ýaşaýyş gymmatlaklarynyň ilatyň hemme gatlaklaryna ýaýramagy

Industiral jemgyýet XVIII asyrda döreýär. Ol iki rewolýussiýanyň (ykdysady we syýasy) netijesi hökmünde ýüze çykýar. Ykdysady rewolýusiýa, beýik industrial rewolýussiýa (onuň watany Angliýa)

Syýasy rewolýusiýa, beýik fransuz rewolýussiýasy (1789-1794).
Olaryň ikisi ýewropanyň ýüzüni düýüpli özgertdi: birinjisi adamzada ykdysady azatlyklary we täze sosial stratifikasýany, has takygy synpy gatnaşyklary berdi. Ikinjisi- syýasy azatlyklary we hukugy şonuň ýaly hem jemgyýetiň täze syýasy formasyny-hemme adamlaryň kanunyň öňünde deňligine esaslanýan demokratiýany berdi.

Üç asyryň dowamynda ýewropa görülip eşidilmedik özgerdi. Feodalizmiň ýerine kapitalizm geldi. Adatça dowam edip gelýän durmuşa industrializasiýa diýen düşünje girdi.

Bu täze durmuşyň baýdak göterijisi hökmünde Angliýa çykyş etdi. Ol maşyn önümçiliginiň, azat kärhana eýeçiliginiň we kanunçylygyň Täze görnüşüniň watany boldy.

Industrializasiýa – ylym bilimiň gazananlaryny senagat tehnologiýasyna ornaşdyrmagy, täze energiýa çeşmelerini açmagy, öňki adamlaryň fiziki güýjüniň we agyr iş mallarynyň ýerine maşynlary ulanmaklygy aňladýar. Senagata geçmeklik, adamzat üçin öz wagtynda ekerançylyga geçmeklik ýaly ähmiýetli rewolýussiýa boldy. Senagatyň

döremegi arkaly ilatyň uly bolmadyk bolegi köpçülik halky iýmit bilen üpjün edip bilipdir.

Häzirki wagtda oba-hojalygynda Amerikada ilatyň 5%, Germaniýada 10%, Ýaponýada 15% zähmet çekýär.

Zähmet bölünşigi tiz öňe gidýär. Industrial jemgyýetden öňki jemgyýetdäki onlarça we ýüzlerçe hünärleriň deregine müňlerçe we onmüňlerçe hünärler döreýär. Onda-da köne hünärleriň täze hünärler bilen çalyşmagynyň tizligi onlarça we ýüzlerçe esse ýokarlanýar. Aýratynam ol hünärleriň köpüsi agrar jemgyýetinde bolmadyk hünärlerdir. Täze şertlerde ilatyň köp bölegi senagat bilen baglanşykly zähmet, az bölegi agrar jemgyýetine mahsus zähmet bilen meşgul bolupdyr. Şonuň bilen birlikde senagat bilen baglanşykly zähmetiň abraýy, derejesi ýokarlanyp agrar sektoryna degişli zähmetiň derejesi aşak gaçypdyr. Dogrusy bu proses belli bir çäklerde bolup geçipdir.

Wagtyň geçmegi bilen senagat bilen baglanyşykly zähmetiň hem gymmatynyň aşak gaçjakdygy daşda däl. Ýöne bu proses jemgyýetiň öz ösüşinde täze stadiýa, postundustrial, informasýon stadiýasyna geçmegi bilen baglanşykly bolar.

## §4. Postindustrial, informasion jemgyýet

“Postindustrial jemgyýeti” diýen düşünje 1974-nji ýylda amerikan sosiologi Bell tarapyndan girizildi.

Häzirki wagtda postundustrial jemgyýeti diýen düşünje birnäçe alamatlary öz içine alýar. Bu alamatlar bu jemgyýeti öňki jemgyýetlere ýagny industrial jemgyýetden öňki jemgyýete we industrial jemgyýete garşy goýmaklyga mümkinçilik berýär.

Bu jemgyýet şu aşakdaky alamatlar bilen häsiýetlendirilýär:

Jemgyýetiň bu görnüşinde, hyzmat ediş sferada adamlaryň sany umumy ilatyň 50%-den köpüsini tutýar. ABŞ bu derejä geçen asyryň 60-njy ýyllarynda ýetdi. Postundustrial jemgyýete häsiýetli zat, ol hem ýurtda oba hojalyk we senagat önümleri jemgyýetiň sarp edip biljek möçberinden köp öndürilýär.

Şu sebäbe görä, ýagny önümiň sarp edilip bilinjek möçberinden artyk öndürilmegi işçi güýjüniň agramly böleginiň hyzmat ediş sferasyndan geçmegini şertlendirýär.

2.Postundustrial jemgyýetiň ýene-de bir aýratynlygy onda ylmy barlaglaryň we bilimiň ähmiýetiniň has ýokarylygyndan ybaratdyr.

3. Bu jemgyýet gelejekden baş çykarmaga ugrukdyrylan bolýar.

4. Sosial kommunikasiýa, aragatnaşyk öňki jemgyýetlerdäki ýaly "adam-tebigat" ýa-da "adam-maşyn" derejesinde bolman munda gatnaşyklar "adam-adam" derejesinde bolup geçýär.

5. Soňky jemgyýetiň ulanýan tehnologiýasy öňki etaplardaky ýaly el zähemtine ýada mehanizmleşdirilen zähmetine esaslanman, sözüň doly manysynda akyl zähmete esaslanýan, ýokary derejeli tehnologiýadyr. Bu sebäbe görä, häzirki zaman jemgyýeti "informasiýon jemgyýeti" diýilip hem atlandyrylýar.

Bu termini ýapon alymy Joneýi Masuda girizipdir.

Häzirki zaman tehniki we medeni progres postindustrial, informasiýon jemgyýetiň kepili girewi hökmünde hyzmat edýär. Häzirki jemgyýete golaý gelindigiçe tehniki we medeni proses yzygiderli tizleşýär. Tehniki progres özünüň başlangyjyny çen bilen 2 mln ýyl mundan ozal, ilkinji zähmet gurallarynyň dörän wagtyndan alyp gaýdýar. Çen bilen 8-10 müň ýyl mundan ozal adamzadyň gadymky wekilleri iýmit ýygnaýjylykdan, awçylykdan ekerançylyga we maldarçylyga geçipdirler. 6 müň ýyla golaý mundan ozal adamlar şäherlerde ýaşap başlapdyrlar, zähmetiň dürli görnüşleri boýunça belli bir hünäri ele alyp sosial synplara bölünüpdirler. 250 ýyl mundan ozal senagatyň gapysyny açan industrial rewolusiýa bolup geçýär.

Tehniki progres adamzat jemgyýetini tanamaz ýaly özgertdi. Şu günki gün ol adamsyz önümçiligiň zamanasyna girişýär.

Industrial jemgyýetiň täze döwri barada sosiologlar XX asyryň ikinji ýarymynda gürrüň edip başladylar. Sebäbi ylmy tehniki progresiniň depgini hemme garaşylan derejelerden ýokaryk geçdi. Sosial hakykaty has oňat görkezýän täze düşünje gerek boldy. Bu düşünje D.Bell tarapyndan oýlanyp tapylan "Postundustrial jemgyýet" boldy. Bu

düşünjäni aňlatmak üçin başgada birnäçe “ ikinji senagat rewolýusiýasy”, “ üçünji tolkun” (ýokary göteriliş”, “super industrial jemgyýeti”, we ş.m. adalgalar ulanylýar. XX asyryň 70-nji ýyllary, adamzat jemgyýetiniň ösüşünde täze döwrüň başlanlygny goýýar. Sebäbi ol döwür önümçilik serişdeleriniň görülüp eşidilmedik görnüşleriniň döremegi, jemgyýetiň durmuşynda tehnologiýanyň ähmiýetiniň öňe geçmegi bilen häsiýetlendirilýär.

70-nji ýyllaryň ortalarynda ösen ýurtlarda ilatyň sany duýdansyz azalýar. Şol sanda, Ýaponiýada 15%, Germanýada 10% çenli, ABŞ-da 5% çenli şonuň ýaly hem senagatda meşgullyk Ýaponýada 36%, Germaniýada 46%, ABŞ-da 39%, Angliýada 41%-a deň bolýar. Onuň tersine hyzmat ediş ulgamynda meşgullyk ABŞ-da 65% çenli, Ýaponýada 50% çenli Germaniýada 45% çenli, Angliýada 43% çenli ösýär.
tehniki progresiň tizligini kesgitleýän energiýa çeşmeleri düýpli özgerýär.

Taryhda ýönekeý jemgyýet adam güýjüne , agrar jemgyýet haýwanlaryň güýjüne, industrial jemgyýet elektrik energiýasyna daýanan we daýanýan bolsalar, postindustiral jemgyýetiň ykbaly atom we termoýader energiýasyna bagly bolup durýar.

# IV. SOSIAL STRUKTURA

## §1. Sosial struktura düşünjesi

Haýsy hem bolsa bir obýekt derňelende ol nähili guralan, onuň nähili böleklerden durýanlygyna, sistemanyň ýa-da tutuş organizmiň işjeňliginde olary düzýän bölek elementleriň funksiýalarynyň nämeden ybaratdygyna üns berilýär. Şeýle tertipde çemeleşmeklik lukmançylyk ylymyna häsiýetlidir (adam bedeniniň her bir organy we olaryň özara baglanyşygynyň usuly takyk öwrenilýär), biologlar hemme janly zatlaryň öýjüklerden durýanlygyny ýüze çykaranlaryndan soň, ol ilkinji „kerpiçjikleriň“ sostaw böleklerini tapmaklyga çalyşýarlar. Bu usul atom ýadrosyny düzýän iň ownujak elementleriň üstüni açmak ugrunda erjellik we gaýduwsyzlyk bilen hereket edýän fiziklere hem degişlidir.

Ylymyň adamlary hem edil şunuň ýaly hereket edýärler. Mysal üçin, lukmançylyk ugrunyň talyplary okuwy doly başlamazdan öňürti anatomiýany-adam bedeniniň gurluşy baradaky ylymy öwrenmekden başlaýarlar. Şunuň ýaly hem her bir ylmy ders fizika bolsun, himiýa bolsun, biologiýa bolsun öwrenýän obýektiniň haýsy elementlerden durýanlygy baradaky maglumatlaryň toplumyny özüniň fundamenti hasap edýär. Şeýlelikde öwrenilýän obýektiň strukturasy her bir ylmyň esasy predmetiniň biri bolup durýar. Bu meselede sosialogiýa ylymy hem kadanyň daşynda durup bilmez. Sosialogiýanyň görnükli wekilleri jemgyýetiň gurluşy strukturasy baradaky problemany düşündirmeklige tapawutly çemeleşen bolsalar hem ýeterlik üns beripdirler.

Sosialogiýany gyzyklandyrýan meseleler indiwidleriň ol ýa-da başga jemgyýeti düzýän iri sosial toparlara nähilli alamatlary boýunça birleşýänlikleri we şunuň üsti bilen tutuş jemgyýetiň sosial strukturasyny emele getirýänligi baradadyr.

Häzirki döwürde teoretiki sosialogiýada jemgyýetiň sosial strukturasyny, düzümini kesgitlemek boýunça iki hili çemeleşmeklik agdyklyk edýär.

1) kategoriýalaýyn çemeleşmek;

2) funksiýalaýyn çemeleşmek.

Kategorýalaýyn häsiýetli seredilende indiwidler sosial birlik hökmünde çykyş edip toparlaryň üsti bilen sosial strukturany, düzümi emele getirýärler. Funksiýalaýyn strukturanyň nukdaý nazary bilen seredilende bolsa sosial umumylyklaryň düzümi bir manyda takyk indiwidler bilen göni baglanyşykly bolmaýar. Bu ýerde indiwidler özleriniň jemgyýetde tutýan ornynyň öňe sürýän garaýyşlarynyň üsti bilen sosial strukturanyň düzümine girýärler. Ahyrky netijede olaryň haýsy hem bolsa sosial ähmiýetli bir işe gatnaşmaklary olaryň belli bir statusa eýe bolmaklaryna getirýär. Bu meseleleriň üstünde aşakda giňişleýin durulyp geçiler.

Öňi bilen jemgyýetiň sosial strukturasyna kategoriýalaýyn seretmek usulynyň üstünde durup geçeliň. Jemgyýetiň sosial strukturasyny birmeňzeş sosial alamatlar esasynda birleşýän adamlaryň uly toparlary düzýändir. Muňa girýänler – synplardan, stratalardan, demografiki, professional, etniki we ş.m. toparlardan, gatlaklardan ybaratdyr. Haýsy hem bolsa bir alamaty esas edip alyp, mysal üçin, jyns aýratynlygy boýunça, ýaş aýratynlygy boýunça, bilim derejesi boýunça, uýýan dinleri boýunça, milli aýratynlyklary boýunça, ýaşaýan ýerleri boýunça, kär aýratynlyklary boýunça we ş.m. aýratynlyklaryň esasynda toparlary kesgitläp bolar. Şol sanda sosial toparlar: sosial ähmiýetli gymmatlyklar esasynda saýlanyp çykan adamlaryň bileleşigidir. Olar hem ýokardaky sanalyp geçilen alamatlary boýunça toparlara bileleşip bilerler.

Jemgyýet – dürli uly we kiçi toparlaryň jeminden ybaratdyr, sebäbi onuň özi hem şol toparlaryň biridir ýöne olaryň iň ulusydyr. Toparlaryň sany adamlaryň sanyndan birnäçe esse köpdür sebäbi bir indiwid bir wagtda birnäçe toparyň hataryna girip biler. Toparlaryň sany ilatyň sanyndan birýarym-iki esse köpdür. Olar jynsy, ýaşy, milleti, hünäri, ýaşaýan ýeri, girdeýjisi, häkimlikde tutýan orny, bilimi we beýleki alamatlary esasynda topara girip bilerler.

Sosial topar – bu tutuş jemgyýet bilen aýratyn alynan adamynyň arasyny sazlaşdyryjy instrumentdir. Mysal üçin, dünýäde alty milliard adam ýaşaýan bolsa toparlaryň sany bilermenleriň kesgitlemesine görä,

on milliýarda ýetýändir. Sebäbi bir indiwid bir wagtda 5-6 toparyň hataryna girip bilýändir. Şeýlelik-de diňe jemgyýet däl aýratyn alynan adam hem toparlaryň kanuny boýunça ýaşaýandyr. Alymlaryň subut etmeklerine görä, adamynyň birnäçe aýratynlyklary-pikirlenmeklik başarnygy, gepläp bilmegi, ahlak normalaryna görä özüni alyp barmaga bolan ukyby we ş.m. toparlaýyn işlemekligiň, toparlaýyn hereketleriň netijesidir. Toparda ýaşaýşyň normalary, däp-dessurlar, tradisiýalar ýüze çykýar ýa-da sosial ýaşaýyş durmuşyň düýbi tutulýar. Adamynyň topara baglylygy, mätäçligi haýwanlaryňkydan ýokarydyr. Adamlar diňe bilelikde, her hili situasiýalardan baş alyp çykypdyrlar.

Eýýäm gadym zamanda adamlar toparlaýyn ýaşap, iýmitiň gözleginde hereket edipdirler. Şu günki gün adam özüni toparyň daşynda göz öňüne getirip hem bilmeýär. Ol-maşgalanyň agzasy, synpyň okuwçysy, önümçilik brigadasynyň, sport komandanyň agzasy we ş.m.

Sosial toparlaryň şu üç tipi iň esasylary hasaplanýar.

1) Sosial stratifikasiýasy boýunça – gulçulyk, kastalar, soslowiýeler, synplar;

2) etniki görkezijisi boýunça – millet, halk, halkyýet, taýpa, klanlar

3) teritoriýasy boýunça – bir teritoriýadan çykanlar, şäherliler, obalylar.

## §2. Sosial umumylyklar

Sosial umumylyklar adamlaryň iri bileleşiginden ybarat bolup, olaryň taryhy – medeni özboluşlylygy (halklar we milletler) esasynda ýüze çykýar. Sosial umumylyklar ýene-de özleriniň jemgyýetçilik önümçiliginde tutýan orny (synplar) we tutýan teritotoriýasy, ýerleşişi (şäher we oba bileleşikleri) boýunça tapawutlanýarlar. Sosial umumylyklaryň iýerarhyýasynda (basgançakarynda) uly sosial toparlar bardyr. Olaryň arasynda-synplar esasy orna eýedir. Sosial bileleşikleriň peýdaly funksiýalary ýerine ýetirýänlerinden başga zyýanly funksiýalary ýerine ýetirýänleri hem bardyr (narkomanlar, alkagolikler, mafioz guramalaryň agzalary, zähmet çekmeýänler, eýeçiligi dargadyjylar we ş.m.)

Jemgyýetiň sosial düzümini tapmaklyga kategoriýalaýyn çemeleşmekligiň çäklerinde sosial strukturany tapawutly häsiýetlendirýän iki ugry belläp geçmek bolar.

1) Marksizmiň tarapdarlary sosial strukturany kesgitlemeklige synplaýyn çemeleşip ony agalyk edýän önümçilik usuly bilen baglaşdyrýarlar we şunuň esasynda uly synplaryň arasyndaky garşylyklaryň häsiýetini ýüze çykarýarlar.

Jemgyýetiň sosial strukturasyny ýüze çykarmaklyga kategoriýalaýyn çemeleşmegiň ikinji ugry stratifikasiýalaýyn häsiýete eýedir. Häzirki zaman sosialogiýa ylmy bu iki usulyň arasynda ýeňip geçip bolmajak garşylygyň ýoklugyna garamazdan ikinji ugra has ýokary baha berýär.

Häzirki zaman sosiologlary esasan eýesiz, şahssyz elementleri sostaw bölekleri-statuslary, rollary, funksiýalary, institutlary öwrenmeklige üns berýärler. Has takygy olar jemgyýetiň sosial strukturasyny kesgitlemekde kategoriýalaýyn, synplaýyn we stratifikasiýalaýyn çemeleşmeklik bilen bir hatarda funksiýalaýyn nukdaý nazary bilen öwrenmeklige, baha bermeklige aýratyn ýykgyn edýärler.

Her bir sosial strukturanyň esasynda ýatan zat adamlaryň öz aralaryndaky meňzeşlik bolman olaryň arasyndaky tapawutdan, deňsizliklerden ybaratdyr. Hatda dürli adamlara mahsus bolan biologiki, psihologiki alamatlary boýunça alynyp görülende hem olaryň arasyndaky tapawudyň azlygyna emma sosial strukturada adamlaryň öz garaýyşlary boýunça seredilende tapawudyň ýokarydygyna göz ýetirýärsiň.

Jemgyýetiň sosial strukturasyny öwrenmeklik köp sanly teoriýalaryň, konsepsiýalaryň üns merkezinde durýar. Şuňa laýyklykda jemgyýete bir bitewi sistema hökmünde seredip, onuň strukturasynyň elementleriniň özara funksiýalaýyn baglanyşykda we gatnaşykda bolýanlygy tassyklanylýar. Bu elementleriň sanawyna indiwidler, toparlar we ş.m. girip bilerler. Funksiýalaýyn gatnaşyklaryň häsiýeti jemgyýete tutuşlygyna baha bermäge mümkinçilik berýär. Tarsonsyň

kesgitlemesi boýunça jemgyýetiň gurluşy bu indiwidleriň (elementleriň) durnukly gatnaşyklarynyň jemidir. Funksiýalaýyn sosial strukturada sosial gatnaşyklar, özara hereket dowam edýär. Bu ýagdaý Tarsonsyň „funksiýa“ düşünjesini sosiologiýa ylymyna girizmeklige itergi berýär. Bu konsepsiýa laýyklykda jemgyýet öwrenilende onuň düzüminiň elementleriniň öwrenilmeginden başlanylman, düzüminiň elementleriniň funksiýalaryny öwrenmekden başlamaly.

Strukturanyň funksiýalaýyn konsepsiýasynyň baş ýörelgesine görä, eger-de esasy düýpli problemalar ilki başda çözülmese, sistema halas bolup we hereket edip bilmez. Şonuň üçin häzirki seredilýän problemalaryň takyk aýdyňlaşdyrylmagy, ýagny strukturanyň elementleriniň funksiýalaýyn wezipeleriniň, işleriniň, borçlarynyň kesgitlenilmegi zerurdyr.

Meseleleriň funksiýalaýyn çözülişine aşakdaky mysallaryň üsti bilen seredip geçeliň.

1) Maddy we medeni resurslary islege laýyk guramak we paýlamak problemasy. Bu talaplary ýerine ýetirmek üçin belli bir derejede wagt gerek bolýar. Sistemanyň halas bolmagy üçin üýtgäp duran içki we daşky situasiýalara uýgunlaşmaly. Bu funksiýany ýerine ýetirmek ykdysadyýete degişlidir. Ol maddy resurslary taýýarlamaklygy we paýlamagy amala aşyrýar. Bu içki ykdysadyýet sistemasynyň institutlary hökmünde zawodlar, banklar, dükanlar we ş.m. çykyş edýärler.

2) Esasy maksatlary kesgitlemek we olary amala aşyrmak ugrundaky prosesleri goldamak problemasy. Bu funksiýanyň amala aşyrylmagy syýasat we syýasy guramalara degişlidir. Bular bu ugur boýunça maksatnamany işläp düzýärler we gulluk wezipelerini ýerine ýetirýänleriň üsti bilen jemgyýetiň agzalarynyň işlemeklerini ýola goýýarlar.

3) içki birligi, raýdaşlygy we durnuklylygy saklamak boýunça integrasiýa problemasy. Bu funksiýa sosial barlag institutlarynyň gözegçiligi astynda umumy normalaryň, gymmatlyklaryň işlenip düzülmegi we iş ýüzünde amala aşyrylmagy netijesinde durmuşa

geçirilip biliner. (döwlet aparaty, bilim sistemasy, medeniýet, din we ş.m.)

4) Sistemany kämilleşdirmek problemasy. Sosial sistema, dowam edýän düzgüni saklamak maksady bilen, adamlaryň häzirki jemgyýetiň talabyna laýyklykda normalary – rollary ýerine ýetirmekligine mümkinçilik berýän sosialaşmagynyň mehanizmini işläp düzmegi üpjün etmelidir.

Sosialaşmak prosesi jemgyýetiň durnuklylygyny saklamak üçin zerurlyk bolup durýandyr.

Amerikan sosiologlary Tarsons (1902-1979), Merton we başgalar sosiologiýada jemgyýeti öwrenmeklige sistemleýin we funksiýalaýyn çemeleşmekligiň ideýasyny öňe sürdüler. Her bir sistemanyň material esasyny onuň elementleri düzýärler. Ol elementler jemgyýetçilik isleglerini kanagatlandyrmak üçin belli bir funksiýalary ýerine ýetirýärler. Her bir element bölek diňe bitewi sistemanyň çäklerinde ýaşap bilýär we şol ýerde kesgitli funksiýany ýerine ýetirýär. Elementleriň funksiýalary bilelikde jemgyýetiň durnuklylygyny saklamaga ugrukdyrylan bolýar. Tutuş jemgyýet üçin baglanşyklaryň, özara hereketiň durnukly bolmagy we bu prosesiň nesilden nesile geçip kämilleşmegi jemgyýetiň doly sistemalaýyn häsiýete eýe bolanlygyny görkezýär. Funksiýalaýyn usulyň tarapdarlary jemgyýetçilik durmuşyny, gutarnyksyz yzygiderli adamlaryň öz arasyndaky we adamlaryň toparlarynyň arasyndaky özara hereket we olaryň sepleşip gitmegi hökmünde göz öňüne getirýärler. Bulary seljermek we baha bermek sosial strukturanyň durnukly elementleriniň üsti bilen amala aşyrylýar.

Netijede durnukly elementleriň jemi strukturany emele getirýär. Nähilli bolanda-da sosial strukturanyň ýönekeý birligi hökmünde adamlar çykyş edýärler. Emma adamlaryň biri-birine bolan jemgyýetçilik ähmiýetli gatnaşygyna ser salsak, şahsyýetleriň öz aralaryndaky öz islegi boýunça ýa-da onuň tersine edýän gatnaşyklary ýaly däldir. Sebäbi biz başga bir adam bilen gatnaşyga girişenmizde öňi bilen bizi gyzyklandyrýan zat, onuň şahsyýet hökmündäki gylyk häsiýeti bolman, onuň jemgyýetde tutýan orny, statusy gyzyklandyrýar. Adamlar

özara gatnaşyklarynda biri-birine, haýsy hem bolsa bir wezipäni ýerine ýetirýän, jogapkärçiligi bar bolan adamlar hökmünde seredýärler. Mysal üçin oňa ýolbaşçy ýa-da golastyndaky, adamsy ýa-da aýaly, talyp, mugallym, milisioner we ş.m. hökmünde seredýärler.

Mysal üçin, talyp okuwy tamamlandan soň iş ýüzünde, diplom alanlygy bilen şahsyýet hökmünde üýtgän zady bolmadyk hem bolsa töweregindäkileriň oňa bolan gatnaşygy belli bir derejede üýtgäp sylag, hormat goýujylykly häsiýete eýe bolýar.

Başga sözler bilen aýdylanda, başgalar bilen gatnaşygymyzda bizi öňi bilen gyzyklandyrýan zat olaryň şahsy ýagdaýy bolman olaryň jemgyýetçilik sosial häsiýetnamasy bolup durýar. Şonuň üçin islesek, islemesek adamlary gowy görsegem, görmesegem tapawudy ýok, olaryň birine hormat goýmak bilen başgalara edepsizlik bilen, üçünjisine dözümsizlik bilen ýa-da hatda äsgermezlik bilen hem ýüzlenip bilýäris.

Hut şunuň özi sosiologiýanyň täsirli akymy bolan fuksiýalaýyn strukturanyň baş ýörelgesidir.

## §3. Sosial institutlar we sosial guramalar

Jemgyýetiň düýpli talaplaryny kanagatlandyrmak üçin döredilen edaralara sosial institutlar diýilýär. Olaryň hatarynda, maşgala, önümçilik, din, bilim we döwlet diýen düşünjeleri bellemek bolar.

Haýwan, tebigy giňişlikde ýaşamaklyga özüniň instinktleri arkaly uýgunlaşýar. Bu meselede adam nähili ugur tapmaly? (ol eýýäm hemme instinktleri ýitirýär) Adamzat jemgyýetinde instinktleriň rolyny, müňýyllyklaryň medeni ewalýusiýasynyň dowamynda emele gelen (güýçli instrumentler hökmünde) sosial institutlar ýerine ýetirýärler. Olar ýaşamak ugrunda göreşmäge kömek edýärler. (aýratyn alynan indiwide dälde hemme bileleşige) Olaryň wezipesi – kollektiwiň düýpli talaplaryny kanagatlandyrmakdan ybaratdyr. Her adamyň köp sanly islegleri bardyr. Emma hemmeler üçin bilelikde alynanda düýpli islegleriň sany köp däldir. Olaryň hemmesi bäş görnüşden ybaratdyr:

Nesiliň dowam etmekliginiň zerurlygy

- (maşgala gurmak institutyna degişli);
- Jemgyýetiň howpsyzlygyny üpjün etmek (syýasy institutlara, döwlete degişli);
- Ýaşaýyş serişdelerini tapmak (ykdysady institutlara, önümçilige degişli);
- Ýaşlara bilim, terbiýe bermek, kadrlary taýýarlamak zerurlygy (ylym-bilim, medeniýet institutlaryna degişli);
- Jemgyýetiň ruhy durmuşyna, ýaşaýyş manysyna degişli problemalary çözmekligiň zerurlygy, (din institutlaryna degişli).

Adamzat jemgyýetiniň düýpli, sosial institutlary gadym zamandan döräp, durmuşyň talabyna görä özgerip häzir hem dowam edýär.

Sosial institutlar gadym zamanyň jümmüşinde döräpdirler. Önümçiligiň taryhy, ilkinji zähmet gurallarynyň dörän wagtyndan hasap edilende onuň ýaşy 2 mln. ýyla deňdir. Sosial institutlaryň iň gadymylarynyň biri maşgaladan başlanýar. Antropologlaryň kesgitlemesine görä, institutyň bu görnüşine ikinji orun degişli bolup 500 müň ýyl ýaşy bardyr. Şu döwruň içinde maşgala taryhy ewolýusiýany başyndan geçirip dürli formalara, görnüşlere eýe bolupdyr.

Poligamiýa, poliandriýa, monogamiýa we ş.m. Din özüniň ilkinji görnüşlerinde çen bilen mundan 30-40 müň ýyl ozal döräpdir. Döwletiň 5-6 müň ýyl ýaşy bar, bilimiň hem şonça ýaşy bar.

Dürli taryhy döwürlerde, dürli sosial institutlar öňe çykypdyrlar: ilkidurmyş jemgyýetinde – maşgala instituty esasy rol oýnapdyr. Feodalizm jemgyýetinde institutlaryň içinde iň esasy hökmünde din instituty öňe çykypdyr. Sowet jemgyýetinde esasy rol syýasy institutlara, öňi bilen partiýa degişli bolupdyr. Kapitalizm jemgyýetinde ykdysady institutlar öň hatarda barýarlar.

Şeýlelikde sosial institutlaryň durmuşda hersiniň özüne mahsus funksiýalary bolup ýaşaýyş durmuşynyň belli bir normalaryny emele getiripdirler. Ol normalar, däp-dessurlara, tradisiýalara, dürli durmuş

ýörelgelerine öwrülip adamlaryň durmuş we pikir ediş endiklerini belli bir kollektiwleýin ugra gönükdirip, nesilden nesle geçip gelipdir.

Institut termini, latyn sözünden, döretme, dikeltme, gurluş diýen manylary aňladýar. Wagt geçmegi bilen bu termin iki mana eýe bolýar. Ýörite ylmy we okuw jaýlarynyň ady we jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň belli bir çäklerinde, sosial hukuk normalarynyň jemi hökmünde ulanylýar, Mysal üçin, nikalaşmak instituty, miras alma instituty, sosiologiýa instituty we ş.m.

Mälim boluşy ýaly sosial institutlar, olara ýüz tutýan köp sanly adamlara durmuşda iň wajyp problemalary çözmeklige kömek edýärler. Mysal üçin, adamlaryň millionlarçasy söýüşip, nika we maşgala institutyna ýüz tutýarlar, şonuň ýaly hem kesellän halatlarynda saglygy saklaýyş institutlaryna ýüz tutýarlar we ş.m. jemgyýetde kanunyň tertip-düzgüniň ýola guýulmasynyň aladasyny edip olar döwleti, hökümeti, sudlary, polisiýany, adwakatlary we ş.m. döredýärler.

Şonuň bilen bir wagtda institutlar sosial kontrollygyň instrumentleri hökmünde çykyş edýärler we özleriniň normalaýyn düzgünlerine laýyklykda adamlarda boýun bolmaklyga we tertipleşmäge höwesiň döremegine ýardam edýärler. Şonuň üçin institut, göreldeli özüňi alyp barmagyň we bu ugurdaky normalaryň jemi hökmünde düşünilýär.

Taryhyň ilkinji şöhlesi astynda, adamzat sürüsinde jyns gatnaşyklarynyň tertipsiz görnüşleri agalyk edipdir.

Bu ýagdaý adamzat nesliniň düýpli, genetiki bozulmak howpuny döredipdir. Şonuň üçin bu tertipsiz gatnaşyklar gadagan edilmekligi arkaly ýuwaş-ýuwaşdan çäklendirilip başlanypdyr.

Ilkinji gadaganlyk – gan gatyşmaklyk howpyny salýan golaý garyndaşlyk arasyndaky jyns gatnaşyklarynyň gadagan edilmeginden ybaratdyr. Bu taryhda esasan birinji wajyp sosial normalaryň görnüşidir. Soňra beýleki normalar hem ýüze çykypdyrlar. Adamzat normalaryň kömegi bilen gatnaşyklary gurnap, ýaşaýyşa uýgunlaşmagy öwrenipdir. Şeýle ýagdaýda adamlaryň, mümkin, iň ilkinji sosial instituty döräpdir. Bu maşgala nika gatnaşyklarynyň normalary we beýleki institutlaýyn normalar nesilden-nesile geçip köpçülikleýin adaty däp-dessurlara

öwrülipdirler. Olar adamlaryň ýaşaýyş durmuş usulyny we pikir ediş ýoluny kesgitli bir ugra gönükdiripdirler. Bu däp-dessurlary bozýanlara bolsa rehimsiz jeza bermeklik garaşypdyr.

Institutlaşma – ýokary göterilmegi, sosial praktikanyň institutyň derejesine çenli berkemegini, statusyň kanuny taýdan berkidilmegini, guramaçylyk meseleleriniň hem çözülmegini (mysal üçin kafedralar, kadrlar, žurnallar we ş.m.) bilen üpjün edilmegini aňladýar. Institutlaşma prosesiniň tersine, institutlaýyn krizisiň sebäbi haýsy hem bolsa dowam edýän institutyň özüniň baş funksiýalaryny ýerine ýetirmek ukybyny ýitirmeginden gelip çykýandyr.

Mysal üçin bilim institutynyň jemgyýetiň toplan bilimini adamlara berip bilmeýänligi, saglygy saklaýyş institutynyň adamlaryň keselini bejerip bilmeýänligi, maşgala institutynyň – baglaşylan nika şertnamasynyň güýjini saklap bilmeýänligi bilen baglanşyklydyr. Krizisiň netijesinde institutlaryň ýerine ýetirýän funksiýalarynda üýtgeşmeler bolup geçýär. Mysal üçin 80-nji ýyllaryň ortalarynda SSSR-de orta bilimiň sistemasynda krizis ýüze çykdy, ýagny orta mekdebiň ýokary okuw jaýlary üçin taýýarlaýan kadrlarynyň hili aşak gaçdy. Bu täze şertlerde dessine repetitorlyk – abituriýentler bilen ýokary okuw jaýlarynyň arasynda, araçylyk instituty döredi. Syýasy institutlaryň krizisi ýurduň ilaty tarapyndan syýasy edaralara bolan ynamyň aşak gaçanlygyny aňladýar. Mälim boluşy ýaly üýtgeýän jemgyýetlerde graždanlaryň syýasy partiýalara, graždan insitutlaryna bolan köpçülikleýin ynamsyzlygy has ýokary galýar. Russiýada 1998-nji ýylyň dekabrynda soralan ilatyň üçden iki bölegi praktikada ýurduň hiç bir hili institutyna ynanmaýandyklary barada aýtdylar.

Institutlaýyn krisiz, institutyň dowam etmegini üpjün edýän mehaniziminde döräp näsazlygy ýüze çykarýar we ony düzetmeklige, täze dörän şertlere tiz uýgunlaşmaga kömek edýär. Keselsiz adamynyň ýaşaýşynyň bolmaýyşy ýaly, krizis bolmazdan hem institutyň ösmegi we düýpli kämilleşmegi bolup geçmeýär. Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň bilim instituty üç gezek krizisi başyndan geçirdi – 60-njy. 70-nji we 80-nji ýyllarda. Bu döwürde bilim sistemasy boýunça öňe giden ilki

başda SSSR-iň soňra Ýaponiýanyň yzyndan ýetmek üçin, ýurtda mekdebiň bilim sistemasynyň derejesini ýokaryk götermek maksady bilen üç gezek bilim reformasy geçirildi.

Jemgyýetiň esasy institutlarynyň funksiýalary we strukturlaýyn elementleri.

| Funksiýalary | Institutlar | Esasy rollary | Fiziki sypatlary | Simwoliki alamatlary |
|---|---|---|---|---|
| Çagalara seretmek we terbiýelemek | Maşgala | Kaka eje çaga | Öý öý goşy | Ýüzük nikalaşyk şertnama |
| Iýmit, geýim ýaşaýyş ýeri tapmak | Ykdysady | Iş beriji, hakyna tutulan işgär, satyn alyjy satyjy | Fabrika ofis magazin | Pul, söwda marka reklama |
| Kanunlary, düzgünleri we standartlary gollamak | Syýasy | Kanun çykaryjy subýekt hukuk | Jemgyýetçilik jaýlary we ýerleri | Baýdak kodeks partiýa |
| Sobor gatnaşyklaryny gollamak, dine ynanmagy çuňlaşdyrmak | Dini | Pastor prihod guramasynyň çleni | | Haç altar bibliýa |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| | | | Ybadathana buthana | |
| Adamlaryň sosialaşmagyny gazanmak, jemgyýetiň gymmatlyklaryna göz ýetirmegiň aladasyny etmek | Bilim | mugallym okuwçy | Mekdep Kolledž | Diplom dereje okuw kitaby |

Bu ýokardaky çyzgyda, jemgyýetiň sosial institutlarynyň içki gurluşyny häsiýetlendirýän maglumatlar getirilendir. Emma adamlary gyzyklandyrýan zat sosial institutlaryň diňe bir içki häsiýetnamasy bolman onuň daşyndaky bolup geçýän hadysalar hem gyzyklandyrýandyr. Has takygy gürrüň sosial institutlaryň ýerine ýetirýän funksiýalary we onuň gurluşy baradaky maglumatlary, daşky adamlaryň nähili kabul edýändikleri barada barýar. Sosial insitutlar daşky indiwidleriň nukdaý nazary bilen seredilende gysgaça şeýle häsiýetlendirilip biliner. Insitutlar indiwidler tarapyndan daşky reallyk hökmünde kabul edilýärler. Ikinjiden institutlar indiwidler tarapyndan obýektiw reallyk hökmünde kabul edilýärler. Institutlar belli bir derejede ahlak nukdaý nazaryndan abraýa hem eýedirler. Institutlaryň döreýşi we ösüşi taryhy häsiýete eýedir.

Mälim boluşy ýaly jemgyýetiň sazlaşykly hereket etmeginde sosial institutlaryň ähmiýeti baradaky meseleler seljerilende esasan san görkezijilerden ugur alyndy. Sosial institutlaryň öz funksiýalaryny ýerine ýetirişleriniň hil görkezijisi jemgyetiň ösmeginde has ýokary ähmiýete eýedir. Sosial institutyň funksiýasy onuň jemgyýet üçin peýdaly bitirýän işleri bilen göni baglanşyklydyr. Başga sözler bilen aýdylanda bu ýerine ýetirilen hyzmatlaryň maksatlara ýetmekligiň, meseleleriň onuň çözülmekliginiň jemini aňladýandyr.

Sosial institutlaryň birinji we iň wajyp missiýasy jemgyýetiň zerur, durmyşy talaplaryny ýerine ýetirmekden ybaratdyr, sebäbi şunsuz jemgyýet, jemgyýet hökmünde ýaşap bilmez.

Hakykatdan hem biz ol ýa-da başga institutyň funksiýasynyň doly manysyna düşünjek bolsak onda oňa, goýulýan talaplary ýerine ýetirişine görä baha bermelidiris. Bu baglanyşygyň zerurlygyna ilkinjileriň hatarynda E.Dýurkgeým sosialoglaryň ünsini çekýär „zähmet bölünşiginiň funksiýasy nämeden ybarat diýip soramaklyk bu nähili talaba laýyk gelýär diýmekligi aňladýar“ 1) hiç bir jemgyýet, hemişe täze nesiliň wekilleri bilen üsti ýetirilip durulmasa, iýmit serişdelerini tapmagyň usullary ýola goýulmasa parahat, bir sazlaşykly düzgün boýunça ýaşamagyň ýollary tapylmasa, täze bilim öwrenilip geljekki nesile ýetirilmese ruhy baýlyk baradaky meseleleri çözmeklik bilen meşgul bolunmasa jemgyýet dowam edip, ýaşap bilmez.

Jemgyýetiň gurluşyna görä, sosial institutlaryň käbiri bir wagtda bir näçe funksiýany ýerine ýetirýärler. Şonuň bilen birlikde birnäçe institutlar onuň tersine bir wagtda bileleşip bir funksiýany ýerine ýetirýärler. Mysal üçin çagalary terbiýelemek ýa-da sosialaşdyrmak funksiýasyny bir wagtda bir näçe institut maşgala, buthana, mekdep, döwlet we ş.m. institutlar ýerine ýetirýärler. Emma munuň tersine maşgala instituty diňe bir terbiýe bermek. Çagany sosialaşdyrmak funksiýasyny ýerine ýetirmekden başga nesiliň dowamlylygyny üpjün etmek, içki gatnaşyklary kanagatlandyrmak funksiýalaryny hem ýerine ýetirýär. Wagtyň geçmegi bilen bir institutyň ýerine ýetirýän funksiýalary bölekleýin ýa-da doly başga institutlara geçmegi mümkin. Geçmişde maşgala instituty 5-7 funksiýany ýerine ýetiripdir, emma häzirki wagtda olaryň bir näçesi başga institutlara geçipdir. Terbiýeçilik işi bilen maşgaladan başga mekdep, dynç almagy guramak işi bilen ýöriteleşdirilen institutlar meşgullanýarlar.

Döwlet instituty özüniň ilkinji dörän wagtynda ol sanly meseleleriň üstünde işläp esasan meseleleriň içki we daşky howpsuzlygy goramaklygyň aladasyny edipdir. Emma jemgyýetiň çylşyrymlaşmagyna görä, döwletiň funksiýalary hem çylşyrymlaşypdyr. Şu günki gün döwlet

serhedi goramakdan we jenaýatçylyga garşy göreşmekden başga ykdysady ösüşi sazlaşdyrýar, sosial üpjünçilik bilen meşgullanýar, salgyt ýygnaýar we saglygy saklaýyşy, ylmy, mekdebi we ş.m. goldaýar. Buthana öz wagtynda ähmiýetli dünýägaraýyş meselelerini çözmek, ýokary ahlak normalaryny işläp düzmek üçin döredilipdir. Wagtyň geçmegi bilen buthana, ykdysady iş (ýer-buthana hojalygy), ylym-bilim işleri (buthana kitaphanalary, dini mekdepler, uniwersitetler, akademiýalar) bilen meşgullanýar.

Egerde haýsy hem bolsa bir institut özüniň ýerine ýetirýän işi boýunça jemgyýete peýdadan başga zyýan hem ýetirýän bolsa beýle hereket sosialogiýada disfunksiýa diýen termin bilen aňladylýar. Bir sosial institutyň işiniň netijesi başga bir insitityň işine päsgelçilik döredýän bolsa zyýan ýetirýän bolsa bu ýagdaý funksiýanyň disfunksiýa öwrülenligi bilen düşündirilýär. Mysal üçin ykdysady institutlar ösüşiniň dowamynda bilim institutyna bolan talaplaryny ýokarlandyrýarlar. Sebäbi industrial jemgyýetlerde ykdysadyýet, köpçülikleýin sowatlylygyň ýokarlanmagyny, ýokary hünärli kadrlaryň ýeterlik sanda taýýarlanmagyny talap edýär. Şunuň bilen baglanşykly bilim instituty ykdysadyýetiň talaplaryna laýyklykda ýokary hilli kadrlary ýetişdirip bilmese öz gezeginde ykdysady institutlar hem önüm öndürmek boýunça jemgyýetiň talabyny ödäp bilmeýär. Şonuň üçin sosial institutlaryň işine baha berilende eger-de olaryň işi jemgyýetiň durnuklylygyny saklamaga öz täsirini ýetirýän bolsa onuň funksiýalaýyn häsiýete eýeligi, egerde bu talaby ýerine ýetirmeýän bolsa onuň işiniň disfunksiýalaýyn häsiýete eýeligi ýüze çykýar.

80-nji ýyllaryň ahyrlarynda täzeden gurmak döwri başlandy, jemgyýet bazar ykdysadyýetine tarap ugur aldy. Şonuň bilen baglanyşykly täze problemalar ýüze çykdy. Marksistik jemgyýetçilik ylmy ýaşlary täze döwrüň talabyna laýyklykda taýýarlap, olary bazar ykdysadyýeti baradaky düşünjeler bilen, häzirki zaman sosialogiýa, psihologiýa we filosofiýa ylymlary bilen ýaraglandyryp biljek däldi.

Gyssagly ýagdaýda okuw planlaryny üýtgetmek, okuwyň täze tehnologiýalaryny kabul etmeklik zerurlygy döredi. Halk hojalygy ýüz

müňlerçe, häzirki zaman ylmyny bilýän, sowatly hünärmenleri alyp bilmedi. Netijede çekilen ykdysady zyýan bimöçber uly boldy.

Sosial institutlaryň funksiýalary we disfunksiýalary açyk we ýapyk häsiýete eýedir.

Institutlaryň açyk funksiýalary garaşylýan netijeleri aňladyp we zerurlyk häsiýetine eýe bolýar. Olar işlenip düzülip, kanunlaryň ýygyndysynda döwletiň adyndan yglan edilýär, statuslaryň we rollaryň sistemasynda berkidilýär.

Sosial institutlaryň latentli (göze görünmeýän gizlin) funksiýalary, garaşylmadyk, öňünden göz öňünde tutlmadyk ýagdaýda ýüze çykýar. 90-njy ýyllaryň başynda Russiýada, häkimiýetiň täze institutlarynyň kömegi bilen jemgyýetiň durmuşynda hemme ugurlar boýunça halkyň bähbitlerinden ugur alynýan täze düzgünleriň ýola goýuljagy barada döwletiň adyndan yglan edildi. Bu ýagdaý institutlaryň açyk funksiýalarynyň ýüze çykmagyny aňladýar. Hakykat iş ýüzünde bolsa ýurtda jenaýatçylyk ösdi, ýaşaýyşyň derejesi bolsa aşak gaçdy. Netijede syýasy häkimiýet institutynyň ýurtda amala aşyrylmaly özgertmeler barada öňe süren ýörelgeleri ikinji derejeli mesele bolup galdy. Şeýlelikde sosial institutlaryň açyk funksiýalary, adamlaryň ol ýa-da başga institutyň çäklerinde nähili maksady amala aşyrmak isleýänliklerini aňladýar. Latentli, gizlin funksiýasy boýunça bolsa iş ýüzünde nämäniň gazanylanlygy barada gürrüň edilýär.

Açyk we ýapyk funksiýalaryň konsepsiýasyny XX asyryň ortalarynda görnükli amerikan sosiology Robert Merton işläp düzýär. Olaryň birinjisi sosial prosesleriň akyl ýetirilip amala aşyrylýan funksiýalary bolsa ikinjisi sosial prosesleriň öňünden garaşylmazdan ýüze çykýan funksiýalaryndan ybaratdyr. Funksiýanyň açyk görnüşi kanun boýunça gyzykdyragan oýunlary gadagan etmegi we oýunyň ol görnüşiniň togtadylmagyny üpjün eden bolsa, ikinjisi gyzyklandyragan oýunyň gizlin görnüşleriniň döremegini aňladýandyr. Funksiýanyň açyk görnüşine laýyklykda dini institutynyň wekilleri, latyn Amerikanyň we Afrikanyň ýurtlarynda hristian dinini ýaýratmaklyga düýpli ýykgyn eden bolsalar bu institutyň funksiýasynyň latentli (gizlin) görnüşi, ýerli taýpa-

medeniýetleriniň dargamagyna, sosial prosesleriň üýtgemegine itergi berdi. Mertonyň özi şeýle mysal getirýär. Indeýsleriň Hopy taýpasy däp-dessura görä, ýagyş ýagdyrmak maksady bilen tans etmeklige ýygnanyşýarlar. Häzirki zaman adamsy üçin bu däp-dessurlaryň nähili netije berjegi ynandyryjylykly bolmasada latentli (göze görünmeýän) funksiýa laýyklykda hemme tansçylaryň öz taýpasy bilen duşuşygy bolup geçýär.

Sowet Soýuzynyň Komunistik partiýasynyň, Sowet jemgyýetiniň hemme sferasynyň üstünden hemme ugurlar boýunça gözegçiligi amala aşyrmagy ýola goýmagynyň maksady rewolýusion ruhuň agalyk etmegini saklamak bolan bolsa (hakykatdan hem ýokary rewolýusion ruh, ilkinji rewolýusionerlere-bolşewiklere mahsus bolupdyr) iş ýüzünde bu ýagdaý partiýanyň býurokratlaryndan ybarat bolan, komunistik ideýalara berlen bolmadyk, özüniň dünýä garaýşy we meýilleri boýunça buržuaz häsiýete eýe bolan täze synpy döretdi.

Ýokardaky getirilen mysallaryň hemmesi, sosial institutlaryň açyk göz öňünde tutýan funksiýalaryndan başga olaryň öňünden ýazylmadyk, göz öňünde tutulmadyk otrisatel häsiýete eýe bolan, umuman sosial institutlaryň funksiýalarynyň kölegeli tarapynyň hem isleseň islemeseň ýüze çykýanlygyna şaýatlyk edýär.

**Sosial guramalar:**

Sosial gurama haýsyda bolsa bir tarapdan belli bir maksady amala aşyrmak üçin döredilýär. Mysal üçin haryt öndürmek maksady bilen ýa-da tölegli hyzmat etmek maksady bilen. Bu ýerde wezipe iýerarhyýasy esasy rol oýnaýar.

Wezipe – häkimiýet we oňa boýun bolmak, sylag hormat etmek we çäre görmek. Sosial guramalar dürli görnüşde döräp biler. Mysal üçin senagat kärhanasy, kolhoz, restoran, bank, gospital mekdep we ş.m. – sosial organizasiýalaryň görnüşleri.

Möçberi boýunça olar örän ullakan bolýarlar (ýüz müňlerçe adam), (on müňlerçe adam), (bir näçe müňden bir näçe ýüze çenli adam), (ýüz adamdan bir näçe adama çenli). Aslyýetinde sosial guramalar, uly sosial

toparlar bilen kiçi toparlaryň arasyndaky adamlaryň bileleşiginiň görnüşidir.

# V. SOSIAL STRATIFIKASIÝA. SOSIAL STRATIFIKASIÝANYŇ TIPLERI

## §1. „Sosoial stratifikasiýa“ düşünjesiniň düýp mazmuny we strataları sosial deňsizlik prinsipi esasynda jemgyýetde ýerleşişi

Termin stratifikasiýa strata sözünden gelip çykyp latynça gatlak diýmekligi aňladýar. (Mysal üçin fiziki dag gatlaklaryny göz öňüne getirmek bolar) Bu termine ýene-de şeýle düşünmek bolar. Adamlaryň öz aralarynda biri-biri bilen deňeşdirilende, jemgyýetde tutýan orny boýunça deňsizlik höküm sürýändir. Has ýönekeý dilde aýdylanda adamlaryň bir topary jemgyýetde has ýokary derejä eýedir. Bu ýagdaýy hemmeler görýärler we duýýarlar. Bu problema bilen ilkinjileriň hatarynda T.A.Sorokin gyzyklanýar. Onuň pikiriçe şeýle deňsizligiň esasynda baýlyk, baýlygyň möçweri bilen, ýerine ýetirilýän işiň görnüşi syýasy partiýa degişlilik we ş.m. ýatandyr. XX asyryň ikinji ýarymynyň amerikan sosiologiýasy stratifikasiýanyň teoriýasynyň üstünde aktiw işleýär, aýratynam deňsizligiň esasynda ýatan problema bilen ýakyndan gyzyklanýar.

Netijede, köp sanly geçirilen sosialogiki derňewleriň esasynda, P.A.Sorokiniň deňsizligiň alamatlary hökmünde öňe süren faktorlarynyň üstüne ýene-de şu aşakdakylar goşulýar: ýerine ýetirilýän işiň sosial abraýy, derejesi; adamynyň han beglik, aristokratlyk derejesi; jynsy; we hatda ýaşaýan ýeri, işden boş wagtyny geçirişiniň häsiýeti, onuň has içgin gyzyklanýan zady we ş.m. Sosiologiýanyň ykrar etmegine görä, jemgyýetde deňsizligi kepillendirýän köp sanly tebigy we sosial esaslary getirmek bolar. Stratifikasiýanyň esasy görnüşlerinden başga, onuň sosial-territoryýalaýyn, sosial demografiki we sosial-etniki häsiýete eýe bolan goşmaça görnüşleri hem bardyr.

Sowet sosiologiýasynda stratifikasiýa termininiň ýerine, jemgyýetiň synpy strukturasy diýen termin ulanylypdyr. Şuňa laýyklykda sowet jemgyýetinde işçi, daýhan synpy we sosial gatlak hökmünde intelligensiýa öňe çykýar. Intilgensiýanyň synp hökmünde

seredilmänligi onuň öziniň eýeçilige aýratyn gatnaşygynyň bolmanlygy, döwlet kärhanalarynda işçi hökmünde kolhozlarda daýhan hökmünde işleýänligi bilen düşündirilipdir.

Sowet jemgiýetinde, sosialistik ideologiýanyň talabyna laýyklykda, jemgyýetiň öz ösüşinde sosial deňsizligiň ýeňilip geçilip, sosial deňlige tarap barylýanlygy barada, howaýy pikir, ylymda we syýasatda öňe sürüldi.

Sowet ideologiýasy adamlaryň deňsizligi baradaky problemanyň hemişelik häsiýete eýeligi, galybersede deňsizligiň jemgyýetiň ösmegine itergi berýän položitel hadysa hököminde seredilýänligini düýbünden iňkär edýärdi. Bütin jemgyýetiň stratifikasiýalaýyn gurluşy iňkär edilip, ykdysady we syýasy sferada deňsizligiň hasaby ýöredilmeýärdi. Howaýy deňlik barada gürrüň edilip, real durmuşdaky dowam edýän deňsizligiň duşundan geçilýärdi. Bu problema birnäçe institutlar: senzura, metbugat, döwlet neşirýaty, partiýa tarapyndan berk gözegçilikde saklanýardy. Netijede SSSR-iň ilaty özüniň ýaşaýan jemgyýetiniň nähili toparlardan ybarat bolup durýanlygyny bilmeýärdi.

Başga sözler bilen aýdylanda sowet jemgyýetçilik ylmy jemgyýetiň sosial strukturasynyň hasabyny çykaranda diňe synplaýyn çemeleşmek prinsipini ykrar edip stratifikasiýalaýyn çemeleşmekligi ýalan, buržuaz ylmy hökmünde yglan etdi. Emma hakykat iş ýüzünde bu iki hili çemeleşmekligi biri-birine garşy goýmaklyga hiç bir hili esas ýokdur. Bu diňe dürli gerimdäki iki sany ölçeg lineýkalaryndan ybaratdyr. „Synp“düşünjesi umumy makro çemeleşme üçin ýerlikli usuldyr. Emma sosial struktura has takyk, bölekleýin baha beriljek bolunanda onuň göz görtele ýeterlik däldigi ýüze çykýar. Ondan başgada sistemalaýyn çemeleşmegi işläp düzmek üçin, marksizmiň hödürleýän, diňe bir taraplaýyn, ykdysady ölçeglerden ugur alýan çözgüdi hem düýbünden ýeterlik däldir.

Nähili hem bolsa jemgyýetiň sosial gurluşyna stratifikasiýalaýyn çemeleşmegiň, baha bermekligiň artykmaçlygyny durmuş reallygy subut etdi. Hatda bu reallyk sowet jemgyýetinde hem ykrar edilip başlanypdy. Mysal üçin 60-njy ýyllaryň ahyryndan başlap, jemgyýetiň sosial

strukturasy diýen „termin“ ulanylyp başlandy. Eger-de Marks, Lenin diňe synplaryň arasyndaky tapawudy ykrar eden bolsalar, sosialistik ideologiýanyň çäklerinde, sowet ylymynda şäheriň we obanyň ýaşaýjylarynyň arasyndaky tapawuda (deňsizlik hökmünde seredilip) akyl zähmeti bilen fiziki zähmetiň arasyndaky tapawudy ýeňip geçmek umuman deňsizligiň hemme görnüşleriniň aradan aýrylmagyny gazanmak baradaky wezipeler goýulypdy. Deňsizligiň real hakykatlygy barada belli bir netijä gelinen hem bolsa, bu problemanyň ahyrky ykbaly barada ylalaşyk gazanylmady.

Mälim boluşy ýaly, sosialogiýanyň umumy teoriýasy marksizm ylmyndan düýpli tapawutly „Sosial deňsizlik“ problemasyna her bir jemgyýetiň tebigatyna mahsus bolan hadysa hökmünde seredip, bu ýagdaýyň taryhda, jemgyýetiň ýönekeý görnüşinden başlap häzirki görnüşine çenli dowam edip gelenligini we şeýle hem dowam etjekdigini tassyklaýar.

## §2. Sosial status we sosial rol

Häzirki zaman sosiologlarynyň sosial sistemalary derňäp işläp düzen konsepsiýasyna laýyklykda adamlar jemgyýeti düzýän sostaw bölek-element hökmünde sözüň göni manysynda seredilip bilinmeýär. Adam özüniň dünýä garaýşy boýunça, eýeleýän statusy boýunça, sosial sistemada özüniň ornuny tapýar. Şuňa laýyklykda status latyn sözünden ybarat bolup, adamynyň jemgyýetde hukuk derejesini aňladýar. Başga sözler bilen aýdylanda, adamynyň statusy bu onuň başga statuslary eýeleýän adamlar bilen gatnaşygynda, hukugynyň we borçlarynyň jeminden ybaratdyr. Bu ýerde adamlaryň özara baglanşygynyň iki taraplaýyn häsiýete eýeligi ýüze çykýar: ýagny meniň başga adama garanyňdaky hukugym onuň üçin meniň öňümdäki borja öwrülýär. Şunuň ýaly hem maňa garanyňdaky onuň hukugy meniň üçin onuň öňündäki borja öwrülýär. Adamlaryň öz aralaryndaky statuslaýyn gatnaşyklaryna görä, bir tarapdan özlerinden ýokardaky dereje bilen, ikinji tarapdan özlerinden aşakdaky dereje bilen, üçünjiden özleri bilen

deň derejedäki statuslaýyn gatnaşyklar bilen iş salyşýandyklary görünýär.

Adam her bir sosial sferada özüniň ýerine ýetirýän işi boýunça aýratyn statusa eýe bolýar we ol onuň ýaşaýyş durmuşynda yzygiderli üýtgeýär, hatda bir güniň dowamynda hem onuň statusy bir näçe görnüşe eýe bolup biler. Häzirki wagtda, şol bir adamynyň şahsy we sosial garaýyşlaryny häsiýetlendirýän hemme statuslaryň jemine status toplumy diýilýär.

Hemme hukugyň we borçlaryň utgaşmasy, belli bir derejede adamynyň özboluşlylygyny, onuň jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň sistemasynda gaýtalanmajak ornuny häsiýetlendirýändir diýip hasap etmek bolar.

Bir adamynyň eýe bolan, köp sanly dürli statuslarynyň içinde onuň jemgyýetde sosial garaýyşlaryny kesgitleýän iň esasylaryny tapawutlandyrýarlar. Häzirki zaman jemgyýetlerinde köp halatlarda ol statuslar ykdysady, syýasy we hünäri boýunça işler bilen utgaşyp gidýärler. Mundanam başga esasy status adamynyň reňki, dini döwletde onuň buthana basgançaklarynda garaýyşlary bilen baglanşykly bolup biler. Esasy status adamynyň durmuşynyň hemme taraplaryny öz içine alýar.

Bir näçe statuslar adama dogulan wagtyndan taýýar görnüşde geçýär (jynsy, milleti, ogul ýa-da gyzlyk statusy we ş.m.). Taýýar görnüşde geçýän statuslar tradision-kastalaýyn we soslowiýalaýyn jemgýyetlerde ähmiýeti uludyr, ýagny çaga dogulandan oňa iň ýokary ýa-da iň aşaky status toparlaryna degişli bolmaklyk garaşýar.

Şol bir adamynyň sosial we şahsy statusy tapawutlandyrylýar. Şahsy status adamynyň göni özüni gurşap alyp toparyň çäklerinde garaýyşyna bagly bolýar we oňa bahany garyndaşlary, ýoldaşlary, dostlary berýär. Şeýlelikde üýtgeşik adamlar bir meňzeş sosial statusa eýe bolup, emma olaryň şahsy statuslary her bir aýratyn alynan adamynyň özüne degişli bolýar. Ýene-de şeýle tapawudy getirmek bolar, ýagny şahsy status adamynyň kiçi ilkinji toparynyň içindäki ýagdaýyny, sosial status bolsa onuň uly sosial toparlaryň çäklerinde garaýyşlarynyň

ýüze çykmagyny aňladýar. Sosial status köp derejede şahssyz, eýesiz (formal) häsiýete eýe bolsa, şahsy status mydama adamynyň aýratyn häsiýetini nygtap görkezýär.

Sosial we şahsy statusyň tapawudy adamynyň işleýän formal we formal däl guramalarynda özüniň abyraýynyň we täsiriniň derejesi boýunça açyk ýüze çykýar, mysal üçin bir uly kollektiwde işleýän, sosial statusy deň bolan işgärleriň işine hemme taraplaýyn baha berilende düýpli tapawutlar ýüze çykýar. Olar ýokary, orta we aşaky derejedäki bahalara mynasyp bolýarlar. Bu tapawutly bahalara işgärleriň arasyndaky şahsy statuslarynyň tapawudy höküminde düşünmek bolar. Sebäbi olaryň sosial statuslary birmeňzeşdir.

Mälim boluşy ýaly, sosial statuslar özboluşly, boş öýjüklerden ybaratdyr. Ol öýjükleri doldurýan adamlar özleriniň özboluşly aýratynlyklaryny getirýärler. Ahyrky netijede her bir hukugy borçlary ýokary we aşaky derejede akýüreklilik ýa-da höwes bilen berjaý etmek bolar. Beýleki sözler bilen aýdylanda, sosial statusyň berkligi belli bir derejede we köp halatlarda adamynyň şahsy statusyna bagly bolýar. Şonuň ýaly şahsy status hem köp halatlarda sosial statusyň derejesi bilen kesgitlenýär. Adamynyň ol ýa-da başga statusyny ýerine ýetirmeginiň hili boýunça onuň töweregindäki sosial toparlar tarapyndan kabul edilmeginiň zerurlygy ýüze çykýar. Şonuň üçin adam haýsy hem bolsa bir maksady öňünde goýanda, ol öňi bilen edýän hereketiniň töweregini gurşap alan sosial güýçleri tarapyndan nähili kabul ediljeginiň aladasyny edýändir. Ol ýa-da başga sosial statusa eýelik edýänden garaşylýan, özüni alyp barmaklygyň häsiýetine sosial rol diýilýär.

Mysal üçin, takyk mekdep mugallymy özüniň (mugallymlylyk) roluny ýerine ýetirende, ol özüni nähili duýýanlygyna garamazdan, ondan okuwçylar, mekdep ýolbaşçysy we ene-atalar tarapyndan näme garaşylýan bolsa, şoňa laýyklykda mynasyp roluny ýerine ýetirmäge çalyşýar. Şeýle çemeleşmek arkaly mugallymyň hünär-rolyny ýerine ýetirişiniň häsiýetini jemläp netije çykarmaga mümkinçilik döreýär.

Rol düşünjesiniň sosiologiki ähmiýeti barada gürrüň edilende, ol nähili ýol bilen, nähili mehanizmleriň kömegi bilen indiwidual işiň

jemgyýetiň täsiri bilen gaplanyp alynýanlygyny görkezýär we hemmeleriň ýola düşen kada boýunça hereket etmeklerini gazanmak göz öňünde tutulýar. Biziň hemmämiziň kesgitli sosial rollary ýerine ýetirmekligimiz sosial durmuşy tertipleşdirýär, sebäbi adamlaryň özüni alyp baryşlary kadaly öňünden garaşylýan häsiýete eýe bolýar. Şundan soň sosiologlaryň, rollary, sosial institutlaryň ýönekeý strukturalaýyn birligi hökmünde ulanyşlaryna seredip geçeliň. Mysal üçin, mekdep sosial institut hökmünde mugallymlaryň we okuwçylaryň rollarynyň özara hereketiniň sistemasy hökmünde seredilip bilner we bu ýagdaý hemme mekdepler üçin umumy häsiýete eýe bolýar.

Sosial rollaryň häsiýetine baha bermek boýunça teoriýada esasy iki hilli çemeleşmek giňden ýaýrandyr. Birinjiden rollara adamlaryň arasyndaky özara hereketiň önümi hökmünde seredilip bilner. Mysal üçin, çagalar nähili ýol bilen jemgyýete goşulyşmaly diýen soraga, olar başgalaryň rollaryny kabul etmek, ene-atalaryň, mugallymlaryň lukmanlaryň rollaryny göz öňüne getirmek arkaly öwrenýärler diýip jogap bermek bolar. Ulular hem öz rollaryny işläp düzmek üçin başgalaryň rollaryny peýdalanýarlar. Teoriýa laýyklykda her bir rol, başga rollar bilen özara hereketi özünde saklaýar; mysal üçin, „mugallymyň“ rolyna „okuwçynyň“ roly bolmasa düşünip bolmaýar we ol hem diňe mugallymyň we okuwçynyň rollarynyň olardan garaşylýan normalara görä ýerine ýetirilişine bagly bolup durýar. Özara hereket prosesine laýyklykda adamlar öz rollaryny ýerine ýetirmek bilen şol bir wagtda, başgalaryň rollary baradaky ýatlarynda galan pikirleri seljerýärler we deňeşdirýärler. Deňeşdirme usuly arkaly adamlar öz rollaryny kämilleşdirýärler.

Sosial rollara baha bermekligiň ikinji ugry, rollaryň özara baglanşygyny göz öňünde tutmak bilen, rollaryň jemgyýetiň medeniýeti bilen düýpli baglanyşygyna ýokary baha berilýär. Emma rollaryň özara hereketiniň amala aşyrylmagy täze rollaryň döremegine getirmeli däldir. Rollardan garaşylýan normalar üýtgemeli däldir.

Adamlaryň sosial rollaryny ýerine ýetirmekleri wajyp meseleleriň biridir. Bu ugurda sanksiýalaryň mehanizmi kömege gelýär. Rollar,

garaşylýan normalar arkaly ýerine ýetirilende sylaglara mynasyp bolýar, emma bu düzgün bozulanda degişli çäreler görülýär.

Sosial rollaryň diýseň köpdürli bolmagyna garamazdan, onuň ähmiýetiniň netijeli öwrenilmegi iň bolmanda umumy toparlara bölünip seredilmegini talap edýär. 50-nji ýyllaryň başynda T.Tarsons şu meseläni çözmeklige synanyşyk edýär.

Ol her bir rol ýerine ýetirilende ondan edilýän talaplara laýyklykda onuň bäş hili nusgawy görnüşini öňe sürýär.

1. Rol ýerine ýetirilende adamynyň duýgusynyň emosional, joşgunlyk derejesi. Mysal üçin hukuk goraýjy edaralaryň işgärleri öz rollaryny ýerine ýetirenlerinde olaryň meselä, adalatly, şonuň bilen birlikde ýokary hyjuwlylyk görkezmän, sowuk ganlylyk bilen çemeleşmeklerine garaşylýar. Emma başga bir hilli situasiýada hyjuwsyzlygyň ýerliksiz bolup çykmagy hem ähtimaldyr.

2. Rolyň alynmaklygynyň we ýerine ýetirilmekliginiň usuly.

Rolyň status bilen baglanşyklylygyna laýyklykda, statusyň häsiýetiniň rolyň häsiýetine öz täsirini ýetirjekligine garaşmaga biz haklydyrys. Dogrydan hem birnäçe rollaryň görnüşiniň, olaryň statusynyň häsiýetine laýyk gelýänligi bellidir. Emma käbir halatlarda rollara prosesiň gidişine laýyklykda eýe bolunýandyr. Şeýle-de bolsa elbetde rollaryň hemmesiniň dogry öwrenilip ýerine ýetirilmegi zerurdyr.

3. Roluň gerimi

Rollaryň birnäçesiniň gerimi gaty çäklendirilendir. Mysal üçin ýokary okuw jaýynyň mugallymy, ekzamende, talybyň bilimine baha berende, ders boýunça berlen soraglara jogabyndan başga, onuň dine bolan gatnaşygy, ýa-da syýasy garaýyşlary bilen gyzyklanmaklygy degişli çäklerden mugallymyň öz roluny ýerine ýetirmekliginde çykdygy bolar. Şonuň bilen bir wagtda kakasynyň roly bilen oglunyň rolunyň arasyndaky gatnaşyklaryň gerimi has giňdir, sebäbi ene-atany çaganyň durmuşynyň hemme taraplary gyzyklandyrýandyr.

4. Roluň formallaşmagynyň derejesi.

Köp rollaryň ýerine ýetirilişi, köp halatlarda şeýlede, şahssyz formal häsiýete eýedir. Praktikada formal guramalaryň köpüsinde aýratynam býurakratik, harby we ýarym harby guramalarda hemme rollaryň ýerine ýetirilişi formal häsiýete eýedir. Bu ýerde edilmeli hereket öňünden kesgitlenendir, özüňçe üýtgetmeli zat ýok diýen ýalydyr – ýerine ýetirilmeli rolyň çägi takyk häsiýete eýedir. Emma munuň tersine çägi, häsiýeti gowşak kesgitlenen rollar hem bolýar. Mysal üçin kakaň ýa-da dostuň öz rollaryny ýerine ýetirenlerinde olar üçin özüňçe ýerine ýetirmekligiň mümkünçiligi has giňdir. Ýol hereketiniň inspektory, seniň ýol düzgünini bozanlygyň baradaky meselä seredende, ondan, seniň ýaşaýyş durmuşyň hemme taraplary bilen gyzyklanmagyna garaşylmaýar. Emma ol bir ýol düzgünini bozan adama beýleki şonuň ýaly adam bilen deňeşdirilende geçirimlilik etse onda onuň roluny ýerine ýetirişi adalatsyz häsiýete eýe bolýar.

Şonuň ýaly adam öz dostunyň roluny ýerine ýetirende, özara herekete has üns bermeli bolýar. Sebäbi bu ýerde mesele sosial statusyň ýerine ýetirilişinden tapawutly özara gatnaşykdaky iki tarap üçin hem şahsy statusyň has ýokary ähmiýete eýe bolýanlygy görünýär.

5. Rollaryň ýerine ýetirilişiniň delillendirilmegi.

Dürli rollaryň ýerine ýetirilmegi, dürli sebäplere görä şertlenendir. Komersandyň puluny, wagtyny, energiýasyny öz obşinasynyň gülläp ösmegi üçin ýa-da hakyna tutulan işgärleriniň baýamagy üçin gönükdirer diýip garaşmaga esas ýokdur. Emma ol gazananlaryny gelejekde özüniň has baýamaklygy üçin gönükdirer diýmeklige bolsa esas bardyr. Syýasatçy öz hereketlerinde şahsy häkimiýetiniň göwrümini giňeltmekden ugur alýar. Sosial üpjünçilik edarasynyň işgärleri öz müşderileriniň asuda-abadançylygyny gazanmaklygy maksat edinýärler. Bu hemme delilnamalar, esaslar, subutnamalar çylşyrymly sosial özara hereketde utgaşyp gidýärler. Olar bir ýerde öz ugry boýunça gabap gelýärler, başga bir ýerde biri-birine garşy gelýärler. Umuman sosial rollaryň görnüşlerine baha bermekde olaryň nusgawy görnüşini ýüze çykarmak ugrunda ulanylýan ölçegleriň içinde delillendirme,

esaslandyrma, ölçegleri hasap we derňew geçirilende has uly kynçylyklary döredýärler.

Sosiologlaryň rollaýyn konflikt baradaky konsepsiýasyna laýyklykda köp manyly bir giden meňzeş situasiýalar işlenilip düzülipdir.

1. Rollaýyn konflikt şeýle ýagdaýda döräp biler, haçanda indiwid bir wagtda iki ýa-da birnäçe roly ýerine ýetirmäge gabat gelýär, üstesinede rollaryň her biri beýleki ýerine ýetirilýän rola sygyşmaýan talaby öňe sürýär. Şeýle ýagdaý aýraatynam işleýän aýallaryň ýagdaýynda duş gelýär. Mysal üçin işleýän aýallar bir wagtda, olardan garaşylýan gullukçynyň,aýalyň we  enäniň rollaryny ýerine ýetirmeli bolýarlar, üstesinede bu rollaryň özaralarynda olary ýerine ýetirmek bilen baglanşykly konfliktleýin situasiýa ýüze çykýar.

2. Rollaýyn konflikt bilen baglanşykly ingiwidiň öz roluny özüniň göz öňüne getirişinden başga adamyň göz öňüne getirişi tapawutly bolýar. Mysal üçin, mugallymyň hünärmen-pedagok hökmünde özüni nähili alyp barmak boýunça şahsy düşünjesi bolýar. Şol bir wagtda bu meselede ene-atalaryň ýa-da ýerli bilim sistemasynyň ýolbaşçylarynyň üýtgeşik pikirleriniň bolmagy ähtimaldyr.

3.Situasiýanyň konfliktleýin häsiýete eýe bolmagynda, kim hem bolsa biriniň ýerine ýetirýän roly, iki ýa-da köp statuslaýyn toparlaryň üns merkezinde bolup, çykarylan netijäniň bolsa biri-birine garşy bolmagy mümkindir. Bu konfliktleýin situasýanyň döremekliginiň sebäpkärleri bir tarapdan menežerler ikinji tarapdan işçiler bolup onuň ahyrky çözgüdini tapmak meselesi hünärmene degişli bolýar.

Soňky ýyllarda sosiologlary gyzyklandyrýan problema ol hem indiwidleriň öz rollaryny döredijilikli ýerine ýetirmekligiň çäkleri baradadyr. Ahyrky gelinen netijä görä her bir sosiýal rol ýerine ýetirlende, roly ýerine ýetirijiniň, ýerlikli, käbir üýtgeşikligi girizip bilmegi maksada laýyk hasap edilýär.

Şeýlelikde statuslar we rollar näme üçin gerek, olar nähili sosial funksiýany ýerine ýetirýärler diýen sorag bilen baglanşykly. Olaryň adamlaryň öz aralaryndaky gatnaşyklaryny tertipleşdimäge we özlerini

her-hili situasiýalarda nähili alyp barmalydygyny öňünden göz öňüne getirmäge mümkinçilik berýänligini bellemek bolar. Şeýle bolmazdan adamzada mahsus bolan tertipli ýaşaýyş-durmuşy göz öňüne getirmek mümkin däldir.

Status we rol bu iki düşünje sosiologiýa predmetiniň esasyny düzýär.

Bir kiçi toparyň ýolbaşçysy bolmak, formal däl ýa-da şahsy statusa eýe bolmaklygy aňladýar. Injener bolmak, bir milletiň, diniň wekili bolmak, konserwator, biznesmen bolmak formal ýa-da sosiýal statusa eýe bolmagy aňladýar.Başga sözler bilen aýdylanda, jemgyýetçilik zähmet bölünşiginde belli bir ýere eýe bolmaklygy aňladýar.

Status rolyň üsti bilen amala aşyrylýar. Her bir status hukuk we borçlaryň jeminden ybaratdyr. Mugallym okuwçylara bilim bermäge, olaryň ýetişigne baha bermäge, tertibine seretmäge, ýagny öz borjuny ýerine ýetirmäge borçludyr. Iş ýüzinde statusy meňzeş adamlaryň öz borjuny, rolyny ýerine ýetirişleri üýtgeşik bolýar. Şeýlelikde bir statusyň köp sanly roly bolýar. Emma adam bir statusa eýedir diýip göz öňüne getirenimizde şoňa laýyklykda hem ol öz roluny ýerine ýetirýär. Hakykatda, durmuşda bir adamynyň birnäçe statusy bolýar we şonçada roluny ýerine ýetirýär.

Adamlar tarapyndan doldurylmadyk boş statuslaryň jemi, jemgiýetiň sosial strukturasyny düzýär.

Ýönekeý jemgiýetde statuslaryň sany az bolupdyr: Serdar, Şaman, erkek adam, aýal adam, äri, aýaly, ogly-gyzy, awçy, ýygnaýjy, çaga, uly, adam, garry adam we ş.m. Häzirki zaman jemgyýetinde diňe belli bir hünäre eýeligi aňladýar. Satuslaryň sany 40.000 töweregi, maşgala-garyndaşlyk boýunça 200-den hem köp, ýüzlerçe syýasy, dini, ykdysady statuslar we ş.m.

Ýer şarynda lingiwistika laýyklykda üç müň gepleşik diller dowam edýär. Olaryň hersiniň aňyrsynda etniki topar-millet, halk, halkyýet, taýpa durýar. Bular demografiki sistema girýän statuslardyr.

Mälim boluşy ýaly statuslaryň doldurylmadyk jemi bize jemgyýetiň sosial strukturasyny berýär. Sosial statuslar öz aralarynda sosial

funksiýalar bilen sepleşip gidýändirler. Bu ýönekeý düşünje-mugallymyň fuksiýasy nämeden ybarat? öz bilimini bermek, üstünliklere baha bermek, tertibe seretmek. Bu ýerde elbetde bize mälim bolan hukuk we ýerine ýetirmeli borçlar barada gürrüň gidýär. Olar özara baglanşyklydyr. Mugallymyň statusy okuwçynyň statusy bilen baglanşyklydyr. Bu statuslaryň özara baglanşygy funksiýalaýyn häsiýete eýedir. Şonuň üçin sosial struktura statuslaryň ýönekeý jemi bolman, statuslaryň funksiýalaýyn özara baglanşygyndan ybaratdyr. Mugallym öz borjuny ýerine ýetirmek arkaly okuwçy bilen belli bir gatnaşyga girişýär, öz gezeginde okuwçy hem mugallym bilen şeýle gatnaşyga girişýär.

Netijede sosial statuslar sosial gatnaşyklar bilen, şahsy statuslar bolsa şahsyýetleriň özara gatnaşyklary bilen baglanşyklydyr.diýmeklige doly esas bardyr.

Sosialogiýa üçin adamlaryň nähili şahsy özara gatnaşyklara girişýänligi dälde, uly sosial toparlaryň arasyndaky özara sosial gatnaşyklary uly ähmiýete eýedir.

Kärhananyň bölüminiň başlygynyň biri işçi bilen şahsy gatnaşygy örän oňatdyr. Emma işçi öz hünäri boýunça roluny ýaramaz ýerine ýetirýän bolsa sosial rollaryň talabyna görä ony işden çykararlar.

Şeýelikde statuslar öz aralarynda sosial funksiýalar arkaly baglanşykda bolup öz gezeginde ol baglanşyklar sosial özara gatnaşyklaryň üsti bilen ýüze çykarýarlar. Funksiýalar we sosial özara gatnaşyklar bolsa sement bilen gum çägäniň gatyşygyndan döreýän berk rastwor ergin ýaly, sosial strukturany berkidýärler.

Sosial rollary ýerine ýetirýän indiwidler öz aralarynda, sosial özara herekete girişýärler. Bu bir syhly gaýtalanýan prosesden ybaratdyr.

Diňe birsyhly gaýtalanýan sosial özara hereket, sosial gatnaşyklara öwrülip bilýändir. Mugallymçylyk bu saýlanyp alynan hemişelik sosial funksiýadyr we mugallymyň okuw bilen baglanşykly ýerine ýetirýän işleri hemişe gaýtalanýan özara herekete öwrülende okuw sosial häsiýete eýe bolup biler.

## §3. Sosial mobillik we onuň görnüşleri

Sosial stratifikasiýa bilen deňsizlik düşünjesi ýakyndan baglanşyklydyr, şonuň ýaly hem baýlyk we garyplyk biri birine garşy durýan düşünjelerdir. Deňsizlik jemgiýetiň gymmatlyklarynyň mysal üçin manadyň, häkimiýetiň, bilimiň we abraý derejäniň deň bölünmeýanligini hasiýetlendirýändir.

Deňsizligiň esasy ölçegi satylyp tiz ýerleşdirilip bilinýän serişdeleriň möçberinden ybaratdyr. Adatça bu funksiýany pul-manat ýerine ýetirýär (ýönekeý jemgiýetlerde deňsizlik ownuk we iri şahly mallaryň sany bilen kesgitlenipdir).

Sosiologiýada deňsizligiň derejesi absolýutlaýyn we otnositel-deňeşdirme arkaly kesgitlenip biliner.

Absolýutlaýyn garyplygyň çäklerinde indiwid diňe, ýaşaýyş jaýa geýme, ýylylyga bolan ilkinji ýönekeý isleglerini kanagatlandyp biler. Otnositelleýin garyplyk bolsa indiwidiň jemgyýetdäki, kabul edilen ýaşaýyşyň derejesine, standartyna ýetip bilmezligini aňladýar. Garyplygyň bu görnüşi, indiwidiň ýa-da maşgalanyň beýleki garyp däl adamlar bilen deňeşdirilende ýaşaýyş derejesiniň nähili pesligini görkezýär.

Jemgyýet ösüşde, adamlar bolsa bir syhly hereketde bolýarlar. Bu ýagdaý sosial strukturanyň yzygiderli üýtgäp durmagyny aňladýar.

Adamlaryň jemgyýetde sosial ýerini çalşyrmagy, ýa-da olaryň öz statusyny üýtgetmeginiň jemine sosial mobillik diýilýär.

Mobillik, latyn sözünden, hereketlilik diýmekligi aňladýar. Bu tema adamzady gadym zamandan bäri gyzyklandyryp gelipdir. Garaşylmadyk ýerden adamynyň ýokaryk galmagy, garaşylmadyk ýerden onuň pese düşmegi halk ertekileriniň söýgüli sýužetine öwrülipdir: mekir we akylly gedaý birden baý bolýar, garyp şazada patyşa bolýar, garyp gyz şazada durmuşa çykyp özüniň statusyny ýokary göterýär we ş.m.

Emma adamzat taryhy indiwidual ykballara seredeniňde uly sosial toparlaryň hereketlerinden emele gelýändir. Ýer aristokratiýasynyň deregine buržuaziýa gelýär, önümçiligi pes hünärleriň ýerini ýokary

hünärler eýeleýärler. Uruşlar we rewolýusiýalar jemgyýetiň sosial strukturasyny düýpgöter özgerdipdirler. Şeýle özgerişler rus jemgyýetinde 1917-nji ýylyň oktýabr rewolýusiýasyndan soň bolup geçdi. Şeýle häsiýetli özgertmeler häzir hem bolup geçýär, mysal üçin, komunistik partiýa elitasynyň ornuny hususy elita tutdy.

Sosiologiki derňewleriň görkezişine görä ýokary statusyň eýeleri, özleri we çagalary üçin tapawutly ýokary ýagdaýyň döredilmegini göz öňünde tutýarlar. Aşaky statuslaryň eýeleri hem edil şonuň ýaly ýagdaýyň döredilmegine garaşýarlar. Şeýlelikde ýokaryk galýanlar bilen aşak düşýänleriň arasyndaky sazlaşyk bozulýar. Sebäbi hemmeler sosial basgançagyň ýokarsyna galmak isleýärler. Emma aşak düşmekligi hiç kim islemeýär. Düzgün boýunça ýokary galmaklyk meýletin emma aşak düşmeklik mejbur ediji häsiýete eýe bolýar.

Sosial mobilligiň esasy iki hili görnüşi, nesilara we nesiliň öz içindäki tapawutly görnüşleri bardyr. Şonuň ýaly hem dikleýin we keseleýin häsiýete eýe bolan tipleýin görnüşleri bardyr.

Nesilara mobillik beýan edilende, häzirki nesiliň statusy bilen deňeşdirilende indiki nesilleriň wekilleriniň statusynyň ýokary galjaklygy ýa-da aşak gaçjaklygy göz öňünde tutulýar.

Mysal üçin, şahtýoryň ogly inžener bolýar, ýokary galmagy, professoryň ogly slesar santehnik bolup işleýär - aşak düşmegi aňladýar.

Nesiliň öz içindäki mobillik bilen baglanşykly situasiýada indiwid öz kakasy bilen baglanşygy bolmadyk ýagdaýynda öz ýaşaýyş durmuşynyň dowamynda birnäçe gezek sosial ýagdaýyny üýtgedýär. Başgaça bu ýagdaý sosial karýera – dereje diýilip atlandyrylýar. Mysal üçin: tokar inžener bolýar, soňra sehiň başlygy, zawodyň direktory we ahyrynda maşyngurluşyk pudagynyň ministri bolýar.

Mobilligiň birinji görnüşi uzak wagtlaýyn, ikinji görnüşi gysga wagtlaýyn sosial proseslere degişlidir. Birinji görnüşde, sosiologlary synplaryň arasyndaky mobillik, gyzyklandyrýan bolsa, ikinji görnüşde zähmetiň fiziki çäginden akyl zähmetiň derejesine geçmeklik gyzyklandyrýar.

Dikleýin mobillik bir stratadan beýleki strata geçmekligi (ýokaryk ýa-da aşak) göz öňünde tutýar. Şunuň bilen baglanşykly wezipe boýunça ýokaryk çekilmegiň we dürli sebäplere görä işden çykarylmagyň mysallaryny getirmek bolýar.

Keseleýin mobillik indiwidiň bir derjedäki sosial toparlaryň birinden beýlekisine geçmekligini göz öňünde tutýar. Muňa indiwidiň prawoslaw dini topardan katolik dini tarapa geçmegi, bir graždanlykdan başga graždanlyga geçmegi, bir hünärden beýleki hünäre geçmegi mysal bolup bilýär. Şuňa meňzeş hereketler sosial ýagdaýyň dikleýin ugrunda, görünip duran üýtgeşiklige getirmezden amala aşýar.

Keseleýin mobilligiň dürli görnüşinden geografiki mobilligi görkezmek bolar. Mobilligiň bu görnüşi öňki statusyň üýtgemän galmaklygynda, diňe bir ýerden başga ýere geçmekligi aňladýar.

Muňa halkara we regionara turizmi, şäherden oba geçmeklik we tersine, bir kärhanadan beýleki kärhana geçmeklik mysal bolup biler.

Egerde ýeriň üýtgemegi, statusyň hem üýtgemegine alyp barýan bolsa, onda geografiki mobillik migrasiýa öwrülýär. Egerde oba ýaşaýjysy şäherdäki garyndaşlaryna görme – görşe baran bolsa bu geografiki mobillik bolýar. Emma ol şähere mydamalyk ýaşamak üçin baryp, hünärini üýtgedip, täze işe giren bolsa onda ol migrasiýa bolýar.

Ýaş adamlar üçin köp derejede hünär boýunça, uly adamlar üçin ykdysady, garry adamlar üçin syýasy mobillik häsiýetlidir.

Çaga dogulmaklygyň derejesi synplaryň arasynda deň däldir. Düzgün boýunça aşaky synplaryň çagalary ýokary synplar bilen deňeşdirilende köpdür. Dowam edýän kanunalaýyklyga görä adam sosial basgançak boýunça ýokary galdygyça onuň çagasy az dogulýar. Hatda her bir baý adamynyň ogly kakasynyň ýoly bilen gidende hem sosial piramidanyň ýokarsynda boşluk döreýär we ol boşluk aşaky synplardan çykanlar tarapyndan doldurylýar.

Ýokary hünärli lukmanlaryň, ýuristleriň, we beýleki gullukçylaryň gelejekdäki nesilde ýerlerini dolduryp biljek ýeterlik öz çagalary ýokdur. Emma onuň tersine fermerleriň we oba hojalyk işgärleriň, Amerikanyň

Birleşen Ştatlarynyň mysalynda, ululáryň ornuny dolduryp biljek, olaryň çagalarynyň sany birýarym esse köpdür.

Sosial mobilligi başga hili ölçegler bilen hem kesgitlemek bolar. Mysal üçin indiwidual we toparlaýyn mobilligi tapawutlandyrýarlar. Indiwidual mobillik – takyk adamynyň başga adamlar bilen baglanşygy bolmazdan sosial baglanşyk boýunça aşak we ýokaryk geçmegini ýa-da keseleýin ýerini üýtgetmegini aňladýar. Mobilligiň beýleki görnüşi adamlaryň toparlaýyn sosial basgançak boýunça aşak, ýokaryk ýa-da keseleýin geçmekligi bilen baglanşyklydyr. Mysal üçin, sosial rewolýusiýadan soň köne synp özüniň agalyk edijilik roluny täze synpa berýär.

Indiwidual mobillik we toparlaýyn mobillik belli bir derejede taýýar geçýän we gazanylýan statuslar bilen baglanşyklydyr. Köp halatlarda indiwidual mobillige fiziki we akyl zähmeti arkaly gazanylýan statuslar gabat gelýändir. Toparlaýyn mobillige bolsa taýýar geçýän statuslar degişlidir. Oktýabr rewolýusiýasy öňki döwürde ýokary ýagdaýy bolmadyk bolşewikleriň ýokaryk galmagyna getirdi. Brahmanlaryň, yzygiderli göreş arkaly iň ýokary kastanyň derjesini eýeleýänçäler, sosial baglanşykda tutýan orny kşatrileriňki bilen deňdir. Gadymy Gresiýada adamlaryň köpüsi gulçulykdan boşadylandan soň, sosial basgançagyň ýokarsyna galdylar, emma olaryň öňki hojaýynlarynyň köpüsi konstitusiýa kabul edilenden soň pese gaçdylar.

Nesil boýunça geçýän aristokratiýadan plutokratiýa (aristokratlyk nesilden geçmän baýlyk prinsipi boýunça) geçmekligiň netijesi hem ýokardaky ýaly boldy. 300 ýyllygyň başyndan Rim imperiýasynyň ilatynyň hemmesi diýen ýaly Rim graždanlygynyň statusyny aldy. Şu mynasybetli öň doly hukukly bolmadyk adamlaryň uly köpçüligi öz sosial statusyny ýokarlandyrdylar. Daşary ýurtlaryň hüjümi Rim imperiýasynyň sosial stratifikasiýasyny bozdy. Köne aristokratik uruglaryň deregine yzly-yzyna täzeleri geldi. Daşary ýurtlular täze dinastiýany, täze aristokratiýany, han-begleri esaslandyrdylar.

Sosial mobilligiň ýokardaky görnüşlerinden başga onuň aýratyn guramaçylykly amala aşyrylýan görnüşini belleýärler. Şuňa laýyklykda

adamynyň ýa-da tutuş toparlaryň dikleýin we keseleýin ýerini çalyşmagy, olaryň razylygy bilen ýa-da razylygy bolmadyk ýagdaýynda döwletiň ýolbaşçylygynda amala aşyrylýar. Meýletin guramaçylykly mobillige komsomol gurluşyklary, jemgyýetçilik çagyryşlary we ş.m. degişlidir. Meýletin bolmadyk guramaçylykly mobillige, kiçi halklaryň göçürilmegi, sürgün edilmegi we Stalinçylyk ýyllaryndaky, kulaklary ýok etmek syýasaty degişlidir.

Guramaçylykly mobillikden, strukturlaýyn mobilligi tapawutlandyrýarlar. Mobilligiň bu görnüşi, aýratyn indiwidleriň pikirine we erkine bagly bolman, halk hojalygynyň düzüminde bolup geçýän özgerlişiklere baglydyr. Aýdalyň, senagatyň bir pudagynyň ýa-da hünäriň aýrylmagy ýa-da gysgaldylmagy adamlaryň uly toparynyň ýerini üýtgetmegine getirýär. Mysal üçin, 50-70-nji ýyllarda SSSR-de kiçi obalaryň gysgaldylyp olaryň ulaldylmagy amala aşyryldy.

XX asyryň ahyrynda migrasiýanyň möçberi düýpli, ýokarlandy. Migrasion prosesler dünýäniň hemme döwletlerini diýen ýaly öz içine aldy. 1996-njy ýylyň başynda dünýäde migrantlaryň sany 125 milliona ýetip olar özboluşly „migrantlaryň milletini“, emele getirdiler.

Birleşen Milletler Guramasynyň ekspertleri migrantlaryň bäş kategoriýasyny tapawutlandyrýarlar:

1) Daşary ýurtlylaryň, ýurda okap bilim almak üçin goýberilenleri;
2) Migrantlaryň işlemek üçin gelýänleri;
3) Migrantlaryň maşgalalary birleşdirmek ýa-da täze maşgalalary gurmak üçin gelýänleri;
4) Migrantlaryň hemişelik ýaşamak üçin gelýänleri;
5) Daşary ýurtlylaryň ynsanperwer garaýyşlara laýyklykda goýberilenleri (bosgunlar, penalamak üçin gaçyp atalga gözleýänler we ş.m.)

80-nji ýyllaryň ahyrynda we 90-njy ýyllaryň başynda Russiýanyň dünýä migrasion akymlaryna gatnaşygy köpçülikleýin häsiýete eýe

boldy. Köpçülikleýin migrasiýanyň güýçlenmegine SSSR-iň dargamagy ullakan itergi berdi.

Golaýdaky daşary ýurtlaryň döremegi, bir wagtyň özünde öňki SSSR-iň çägindäki içki migrasiýany daşky migrasiýa öwürdi. Garaşylmadyk ýagdaýda Rus federasiýasynyň daşynda ruslaryň 25 million adamsy galdy. „Daşky ruslaryň“ esasy bölegi, 70% golaýy Ukrainada we Gazagystanda jemlenendi. Ondan hem başga olaryň köp bölegi Latwiýada, Estoniýada, Gyrgyzystanda ýaşaýardy. SSSR-iň dargamagynyň öň ýanynda soýuz respublikalaryň 15-sinden 10-synda ýerli milletden bolmadyk, beýleki milletleriň wekilleri ilatyň dörtden bir bölegini Gazagystanda we Gyrgyzystanda bolsa ilatyň ýaryndan gowuragyny tutýardy.

Şunuň bilen birlikde öňki soýuz respublikalaryň içinde diňe Rus federasiýasy öňki sowet graždanlary üçin öz serhetlerini ýapmady.

XX asyryň ahyrlarynda sosial mobilligiň güýçlenmegi marginallaýyn gatlaklaryň döremegine getirdi. Bu terminiň kömegi bilen sosiologiýada, indiwidiň ýa-da sosial toparyň belli bir wagtda dürli sebäplere görä statusynyň üýtgeýän ýagdaýy aňladylýar. Her bir adam bir gatlakdan başga bir gatlaga geçýän döwründe marginal bolýar. Marginallyk – sosiologiki termin bolup ol adamynyň jemgyýetiň sosial strukturasynda tutýan ornunyň, näbelli ýagdaýyny aňladýar. Bu ýagdaýa adamynyň mejbury ýa-da öz islegi boýunça düşmegi mümkin.

Marginallyk täze sosial bileleşikleriň döremeginde hem uly rol oýnaýar. Olar şol täze bileleşikleriň hataryny doldurýarlar.

Marginallygyň uly bosgunlygynyň iki tapgyry Russiýanyň taryhynda, daş bolmadyk döwürde bolup geçdi.

1917 ý. rewolýusiýasyndan soň, ýurduň sosial strukturasynda iki sany uly synp, buržuaziýa we dworýanlar öz ýerini ýitirdi.

90-njy ýyllarda Sowet jemgyýetiniň, sosial stratifikasiýasy dargandan soň şol döwürde täze elita döredi.

Aýratynam şol täze elitanyň döremekliginde öňki sowet – partiýa nomenklaturasynyň we kriminal toparlaryň wekilleri esasy rol oýnadylýar diýsek ýalňyşmarys. Şonuň ýaly hem sosial mobillikde bir

näçeler aşak düşüp, özleriniň girdeýjileriniň möçberiniň azlygy, pes derejede bolmagy bilen aşaky synpa degişli bolup galdylar.

Şol aşak düşen gatlagyň girdeýjisiniň azlygy emma onuň hünär we ylym–bilim derejesiniň köp halatlarda täze dörän hususy elitadan ýokary bolup galanlygyny hem belläp geçmek zerurdyr.

## §4. Stratifikasiýanyň adamzat jemgyýetiniň taryhyndaky görnüşleri. Kastalar we soslowiýeler. Ýapyk jemgyýet

Adamlaryň stratifikasiýalaýyn toparlara bölünmekligi şu aşakdaky prinsipler arkaly amala aşyrylypdyr. Öňi bilen adamlar deňsizlik prinsipi esasynda toparlara bölüpdirler we ol toparlaryň arasyndaky özara gatnaşyklaryň häsiýeti kesgitlenipdir. Bir topardan başga topara geçmegiň mümkinçilikleri baradaky we ol ýa-da başga adamynyň öz sosial ýagdaýyny üýtgetmäge bolan mümkinçilikleri baradaky meseleler göz öňünde tutulupdyr.

Ýokardaky göz öňünde tutulan esaslara laýyklykda stratifikasiýanyň birinji görnüşi gulçylykdan ybarat bolupdyr. Adamlaryň gullara , gul eýelerine we azat graždanlara bölünmekligi hukugyň we ýörite işlenip düzülen kanunlar esasynda amala aşyrylypdyr. Olarda döwletiň öňündäki we bu sistema degişli stratalaryň öz aralaryndaky ýerine ýetirmeli borçlary göz öňünde tutulypdyr. Şeýlelikde stratifikasiýanyň esasyny, stratifikasiýa boýunça kabul edilen kanunlar düzüpdir. Stratifikasiýanyň bu görnüşiniň ikinji aýratynlygy gullaryň öz eýelerine doly zat görnüşinde degişli bolmaklygyndan ybaratdyr. Üçünji aýratynlygy, kategoriýalaýyn bir görnüşden başga görnüşe geçmek, öz statusyňy üýtgetmek düýbünden mümkin bolmandyr diýen ýalydyr. Emma nähili hem bolsa, aýratyn alnan adam hökmünde bu mümkinçilik bolupdyr. Soňra gul eýeçilik düzgüniniň dargap başlamagy bilen baglanşykly, gullaryň aýratyn hyzmatlaryna görä olary köpçülikleýin boşatmaklyk mümkinçilikleri hem döräpdir.

Kasta sistemasy sosial stratifikasiýanyň bir görnüşidir. Kastalaýyn iýerarhyýa etniki, dini bileleşiklere degişli bolup esasan ýapyk jemgyýeti

düzýändir. Kastaçylyk düzgüni Günorta Aziýada ýüze çykyp bu termin gelip çykyşy boýunça Portugaliýa degişlidir. Kastalaýyn sistemanyň ýüze çykan ýurtlary Hindistandan, Pakistandan ybarat bolup, kä halatlarda Afrikada hem gaýtalanypdyr. Bu ýurtlarda kastalara bölinmekligiň aňyrsynda dini-ahlak prinsipleri ýatandyr. Şunuň bilen baglanşykly dini ynançlara görä günäleriniň sanyna we hiline görä ölenleriň ruhy jesedinden beýleki bedenlere geçýändir.

Hindistanda uly kastalar dört görnüşden Brahmanlardan (ruhanylar) Kşatirlerden (harbylar), Waýşlardan (söwdegärler), Şudrylardan (işçiler we daýhanlar), ybarat bolup, olaryň içine 5 müňe golaý ownuk kastalaryň görnüşleri bolupdyr. Bu ýerde hereket edýän, gollanyýan hadysalar kanun boýunça seljerilmän, olara ahlak we dini ýörelgeler esasynda baha berilýär. Kastalaryň özara gatnaşyklary gul eýeçilik düzgüninden tapawutly bolup, olaryň içinde baýlary we garyplary, ýokarky we aşaky kastalary bolsada, garyplary baýlarynyň elinde aşaky kastalar ýokarky kastalaryň elinde bolmandyr. Bir kastadan beýleki kasta geçmeklik mümkinçiligi hem gul eýeçilik sistemasy bilen deňeşdirilende has çylşyrymly bolupdyr. Eger-de gul eýeçilik düzgüni dünýäniň hemme döwlet1erinde, dürli görnüşlerde we derejelerde bolup geçen bolsa, kasta düzgüni az sanly ýapyk jemgyýetlerde bolup geçipdir. Hakykatda adam kastada dogulýar we kastalaryň arasyndaky sosial mobillik, bir kastadan başga kasta geçmeklik mümkinçiligi bolmandyr diýen ýalydyr.

Soňky ýüz ýyllygyň dowamynda Ýewropanyň täsiri astynda bu sistema özgerip başlaýar, birnäçe kastalaryň ýokarky kastalar bilen özara herekete girmeklik mümkinçilikleri has ýokarlanýar.

Kastalaýyn sistemada, sosiologlary gyzyklandyrýan zat onuň sosial stratifikasiýada, synpy düşünje baglanşygyndan, oňa kapitalizmiň ösüş ýolunda böwet bolýan hadysa hökmünde seredilýänliginden ybaratdyr. Sebäbi bu sistema gönüden-göni zähmet mobilligini kynlaşdyrýar, hatda käbir kastalar, kastalaryň dürli wekilleriniň bilelikde işlemeklerini hem gadagan edipdirler. Aslyýetinde Maks Weberiň belläp geçişi ýaly iş

ýerinde, kasta iýerarhyýyasy boýunça mesele çözmek diýilýän zat durmuşyň talabyna laýyklykda aradan aýrylmalydyr.

Häzirki zaman industrial jemgyýetde kastalar synplar bilen çalşyrylýar we Hindistanyň şäherleri synpy häsiýete eýe bolýarlar emma obada ilatyň ondan ýedi bölegi ýaşaýar. Häzirki wagtda gulçulyk sistemasy we kastalaýyn sistema düýpli özgerip, gulçulyk doly aradan aýryldy, kastalaýyn sistema hem doly aýrylyp barýar.

Kastalaýyn sistemadan başga sosial stratifikasiýanyň beýleki bir görnüşi soslowiýelere degişlidir. Olar orta asyrlarda Ýewropada döräp belli bir formalarda başga materiklerede ýaýrapdyr (Hytaý). Soslowiýeleýin bölünmekligiň düzgünleri monarh-ýeke täk häkimdar tarapyndan gol çekilen ýörite kanunlar, ukazlar, dokument1er arkaly kadalaşdyrylypdyr. Şulara laýyklykda soslowiýeleriň her biriniň, monarhiýa görnüşinde amala aşyrylýan, döwletiň öňündäki, belli bir kesgitlenen hukuklary we borçlary yglan edilipdir. Şuňa görä soslowiýeleriň käbirleri, döwleti maddy taýdan goldamak üçin belli bir möçberde salgyt tölemeklige borçly bolupdyrlar. Beýlekileri döwleti eli ýaragly goramaga borçly bolupdyrlar. Dworýanlar ýokarky soslowiýe statusyna eýe bolup, aýratyn hukukdan peýdalanyp, ýokary wezipeleri eýeläp, monarha şahsy hyzmat edipdirler.

Taryhda ilkinjileriň hatarynda dworýanlaryň soslowiýesi we ruhanylar soslowiýesi ýüze çykýar. Soňra daýhanlaryň, şäherlileriň dürli gatlaklarynyň – hünärmenleriň, senetçileriň, çinownikleriň we täjirleriň hukuklary we borçlary kesgitlenipdir.

Soslowiýeleýin sistemanyň hataryna girmeklik, synpy sistemanyň sosial iýerarhyýasynyň basgançagy boýunça ýokaryk galmaklykdan has çylşyrymly bolupdyr. Synpy sistemada sosial mobilligiň esasy mehanizmi hökmünde pul-ykdysady baýlyk hyzmat edýän bolsa, soslowiýeleýin sistemada bu asla ýeterlik däldir, sebäbi öz eneden dogulyş faktyňy satyp we satyn alyp bolmaýar. Bu ýerde esasy rol oýnaýan zat seniň sosial gelip çykyşyň, bilen baglanşykly bolupdyr. Haýsy hem bolsa bir abraýly soslowiýeniň hataryna girmeklik diňe nikalaşyp, durmuş gurup öz maşgala gelip çykyşyňy düzetmek arkaly

mümkün bolupdyr. Her bir soslowiýeniň öz içinde, adamlaryň material ýagdaýy boýunça düýpli tapawutlar bolupdyr. Bir soslowiýeden beýleki soslowiýe geçmeklik mümkinçiligi öňki gulçulyk we kastalaýyn sistemalar bilen deňeşdirilende belli bir derejede demokratik häsiýete eýe bolupdyr.

Aýratynam şäherleriň we kapitalistik gatnaşyklaryň ösmegi sosial mobilligiň güýçlenmegine getiripdir.

Rewolýusiýadan öňki Russiýada ilat synpy boýunça bölünmän soslowiýe alamaty boýunça bölünipdir. Olar daýhanlardan we meşşanlardan ybarat bolupdyr. Meşşanlar öz gurluşy boýunça bir meňzeş bolmandyr - şäherlileriň orta gatlagy, ownuk gullukçylardan, senetçilerden, öý hojalykçylaryndan, poçta-telegraf gullukçylaryndan, talyplardan we ş.m.-den ybarat bolupdyr. Soslowiýeleriň beýleki görnüşlerini dworýanlar we ruhanylar düzüpdirler. Galybersede her soslowiýeniň içinde has ownuk gatlaklar bolup, olara döwlet tarapyndan kanun boýunça berkidilen belli bir hukuklar berilipdir. Kanunda görkezilen hukuklaryň kepillendirilmegi adamlaryň öz üstüne ýüklenen borçlary ýerine ýetirişine bagly edilipdir.

Çinownikleriň topary öz funksiýasyna laýyklykda, soslowiýeleriň arasyndaky gatnaşyklary sazlaşdyrmak işi bilen meşgullanypdyr. Şeýlelikde soslowiýe sistemasy döwlet sistemasynyň aýrylmaz bir bölegi hasaplanypdyr. Russiýada soslowiýeleriň üýtgeşik görnüşleri hem bolupdyr. Mysal üçin kazaklar harby halk, döwlet serhedini goramaklyga borçlanyp, döwlete salgyt tölemekden boşadylypdyrlar. Ondan hem başga göçüp-gonup ýören beýleki halklaryň wekilleri ýaşapdyr1ar.

1897 ý. ilat ýazuwy boýunça ýurdyň ilaty 125 mln. adam bolup, şolardan dworýan-1,5%, ruhanylar-0,5%, söwdegär1er-0,3%, meşşanlar-10,6%, daýhanlar-71, 1% ; kazaklar-2,3%-ni tutupdyr.

Yuwaş-ýuwaşdan Yewropada boluşy ýaly soslowiýeleriň içinde özbaşdak sosial stratalar, synplaryň döremek prosesi başlanýar.

Kapitalizmiň ösmegi bilen baglanşykly, daýhanlaryň içinde bölünşikler emele gelýär. (garyplar 34,7%, orta 15%, gurplular 12,9%,

kulaklar 1,4% we ş.m.) Bu proses meşşanlaryň içinde hem bolup geçýär. Netijede daýhanlaryň we meşşanlaryň içinden rus senagatçylary ownuk, orta we iri buržuaziýa döreýär.

## §5. Jemgyýetiň synplara bölünişi dogrusyndaky dürli teoriýalar

Stratifikasiýa sistemasynyň ýene-de bir görnüşi jemgyýetiň synplara bölünmeginden ybaratdyr. Synpy sistema, Günbatar sosiologlaryň baha berişlerine görä, kastalaýyn we soslowileýin sistemalar bilen deňeşdirilende demokratik häsiýete eýedir. Sebäbi bu ýerde öňki ýapyk sistemalardaky boluşy ýaly, bir görnüşden beýleki görnüşe geçmekligiň öňüne hukuk we ahlak, nukdaý nazardan böwet basylyp goýulmaýar. Synpy stratifikasiýanyň ideýasyna laýyklykda, amerikan şygary boýunça “Her bir ädik süpüriji millioner bolup biler”.

Taryhda ilkinji, synpy sistemanyň teoriýasyny, XIX asyryň ortalarynda K.Marks işläp düzýär. XIX asyryň industrial kapitalizminiň synpy düzümini derňemek marksistik sosiologiýada esasy orna eýedir.

Häzirki zaman sosiologiýasynda synplaryň we synpy stratifikasiýanyň teoriýasynyň düýbüni tutujy K.Marks hasap edilýär.

Sebäbi ol synplaryň ewolýusiýasyna, kem-kemden ösüşine, gul eýeçilik zamanasyndan başlap XIX asyra çenli yzygiderli seredip geçýär. K.Marks jemgyýetiň ýaşaýyş durmuşynda ykdysadyýetiň düýpli rol oýnaýanlygyndan ugur alýar. Şunuň esasynda deňsizligiň gelip çykyşyna, eýeçiligiň, synplaryň bähbitleriniň barlyşyksyz häsiýete eýe bolýanlygyna ylmy taýdan baha berýär. Ol synplary öňi bilen jemgyýetiň ykdysady ulgamyndaky işjeňligi boýunça has takygy olaryň önümçilik serişdelerine we kapitala bolan eýeçilige gatnaşygy boýunça derňäpdir. Şunuň ýaly hem jemgyýetiň agzalary iki topara, önümçilik serişdelerine eýeçilik edýänlere we ol eýeçilige dahylly bolmadyklara bölüpdir ýa-da şol döwürdäki kapitalistik jemgyýetini kapitalistlere we proletariýata bölüpdir. Şol bir wagtda jemgyýetde daýhanlardan we beýleki ownuk buržuaziýadan ybarat bolan beýleki uly toparlaryň hem

dowam edýänligi ykrar edilipdir, emma olar jemgyýetiň sosial strukturasynda öz ornuny tapmandyrlar. Sebäbi K.Marksyň pikirine görä, bu synplar kapitalizmden öňki ykdysadyýetiň galyndylaryna degişli bolup, kapitalistik gatnaşyklaryň ösdügiçe olar aradan aýrylmaklyga degişli bolupdyrlar. Marksistik teoriýada "synp" düşünjesi, diňe bir dürli sosial toparlaryň ykdysady ýagdaýyny ýüze çykarmak ýa-da olara diňe bir ykdysady sferanyň hadysalary hökmünde garamak üçin ulanylmandyr. Marks synplara, jemgyýeti düýpli özgerdip biljek real sosial güýç hökmünde hem garapdyr.

Şunuň bilen bir wagtda bellemeli zat, synplaryň jemgyýetde ýerleşişine we olaryň ýerine ýetirýän funksiýalaryna baha berlende obýektiw hakykat ýoýulyp, subýektiw häsiýete eýe bolýan hadysalar hem ýüze çykýar. K.Marks bu ýagdaýa "ýalan synpy düşünje" diýip at berýär.

Şunuň bilen baglanşykly K.Marks täze bir kanunalaýyklygyň üstüni açýar, haçanda işçiler synpy, kapitalizmiň irki döwürlerinde özüniň ezilýän synp hökmünde synpy bähbidine doly we dogry düşünmeklige ýetişmeýär. Bu taryhy şertlerde onuň öz syýasy partiýasyny döredip we onuň ýolbaşçylygynda syýasy synpy bähbitlerine dogry düşünmeklik, derejesine galmaklyk zerurlygy ýüze çykýar. Bu döрän taryhy situasiýa K.Marks, proletariatyň synpy düşünjesiniň, synp „özünde“ diýen barlykdan, synp „özi üçin“ diýen barlyga çenli ýokary göterilmegi hökmünde baha berýär. Eger-de synp „özünde“ diýen düşünjä laýyklykda işçi synpyna diňe ykdysady hadysa hökmünde seredilip, işçiler synpy göreşiň dowamynda, zähmet hakyny ýokarlandyrmak we iş wagtyny azaltmak boýunça diňe ykdysady talaplary öňe süren bolsalar, synp „özi üçin“ diýen düşünjä çenli galmaklyk netijesinde olaryň öz synpy bähbitlerine dogry düşünip, kapitalistler bilen syýasy, synpy göreşe girişmäge taýýar bolmaklaryny aňladýar.

Maks Weber, sosiologiýanyň umumy problemalary boýunça özüniň döwürdeşi we watandaşy K.Marksa garşy çykyp gelen hem bolsa, ilatyň synplara bölünmekliginiň, önümçilik serişdelerine we kapitala bolan eýeçiligiň barlygyna ýa-da ýoklugyna bagly bolup durýanlygy barada

K.Marksyň garaýyşlaryny dogry hasap edýär. Emma şol bir wagtyň özünde diňe şu prinsip arkaly ilaty synplara bölmekligiň ýeterlik däldigini görkezip, beýle tertipde bölmekligi gödek, birölçegli, ýönekeý hasap edýär. Şonuň üçin synpy bölünşik barada gürrüň edilende diňe önümçilik serişdelerine we kapitala bolan eýeçiligi göz öňünde tutman, onuň üstüni zähmet bazarynyň göwrüminiň hasabyna doldurmagy dogry hasap edýär, sebäbi hakyna tutulan işgärler özleriniň hünär we bilim derejeleri boýunça, kapitalyň hasabyna dörän haryt we hyzmat bazaryndan başga bir bazary, ýagny zähmetiň bazaryny döredýärler.

Başga sözler bilen aýdylanda M.Weberiň öňe süren ýörelgesine görä, synplara bölmekligiň ölçegi hökmünde diňe bir önümçilik serişdelerine bolan eýeçilik hasap edilmän, işçi güýjine bolan eýeçilik hem hasap edilmelidir. Sebäbi ýokary hünärli hakyna tutulan işgärler ýönekeý işçiler bilen deňeşdirilende ýokary girdeýji alýandyklary üçin, olara synpy iýerarhiýada ýokarky basgançaklaryň biri degişlidir. Netijede Weber K.Marks ýaly kapitalizm jemgyýetinde iki synpy öňe çykarman dört synpy öňe çykarýar. Haryt bazarynda synplaryň emele gelmegi, önümçilik serişdelerine bolan eýeçiligiň möçberi bilen baglanşykly bolýan bolsa, zähmet bazarynda synplaryň emele gelmegi ýokary hünärli hakyna tutulan işçileriň hünäriniň derejesi boýunça kesgitlenýär. Netijede M.Weberiň garaýyşlaryna laýyklykda, synp birmeňzeş durmuş mümkinçiliklerine eýe bolan adamlaryň toparyndan ybaratdyr.

M.Weberiň kapitalizm jemgyetiniň synpy sistemasyna beren kesgitlemesi:

| Synp | Haryt bazaryndaky orny | Zähmet bazaryndaky orny | | |
|---|---|---|---|---|
| Burzuaziýa (kapitala eýeçilik edýän synp) | Ýokary | - | | |
| Ýokary hünärmenler (intellektuallaryň, | - | Ýokary | | |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| administratatorlaryň we menedžerleriň synpy) | | | | |
| Işçi synpy. | Aşak | - | | |
| | - | Aşak | | |

Synpy konflikt Weberiň pikiriçe giňden ýaýran hadysadyr. Emma ol konflikt köp halatlarda bähbitleri gönüden göni biri-birine garşy durýan toparlaryň arasynda ýüze çykýar. Mysal üçin, konfikt öňi bilen işçiler bilen kapitalistleriň arasynda ýüze çykman işçiler bilen meneżerleriň önümçiligi dolandyrýanlaryň arasynda ýüze çykýandyr.

Nähili hem bolsa K.Marksyň XIX asyrda, synplar we synpy göreş baradaky döreden teoriýasy dünýäde giňden ýaýrapdyr we onuň teoriýasynyň esasynda dürli ýurtlarda işçi partiýalary döräpdir. XX asyrda onuň teoriýasyna esaslanyp, Russiýada sosialistik rewolýusiýa amala aşyryldy we Germaniýada hem şeýle rewolýusiýany amala aşyrmaklyga synanyşyk edildi.

Marksyň teoriýasyndan ugur alyp, Lenin synplara takyk kesgitleme berdi. Synplar adamlaryň belli bir toparyndan ybarat bolup aşakdaky alamatlar boýunça tapawutlanýarlar:

1. Özüniň zähmetiniň jemgyýetçilik bölünşigindäki tutýan orny boýunça (akyl zähmeti, senagat, oba hojalygy, hyzmat ediş sferalary we ş.m.);
2. Özüniň jemgyýetçilik zähmeti gurmakdaky roly boýunça;
3. Özüniň önümçilik serişdelerine bolan gatnaşygy boýunça (hususy eýeçiliginde zady barmy ýa-da ýokmy);
4. Jemgyýetçilik baýlygyndan belli bir görnüşde alýan paýy boýunça.

Marksyň teoriýasy boýunça jemgyýetiň konfigurasiýasy (jemgyýeti emele getirýän synplaryň özara ýerleşişi boýunça) üçburçlygy emele getirýär we üçburçlygyň esasyny, uly bölegini iň garyp synp tutýar. Ondan ýokaryk göterildigiçe, aralyk daýhan synpy inçelip başlaýar we üçburçlygyň iň kiçijik depesini, rewolýusiýa arkaly agdarylmaga degişli bolan buržuaziýa tutýar. XX asyrda günbataryň sosiologlary K.Marksyň

rewolýusion teoriýasyna garşy çykyp, ewolýusion ýoluň artykmaçlygyny subut etmeklige ugur aldylar. Bu ugurda aýratynam amerikan sosiologiýasy aktiw hereket edýär. Şol sanda P.Sorokin we Parkins, Uorten we Giddens we başgalar. Bu sosiologlaryň pikirine görä, häzirki döwürde, Marksyň synpy teoriýasy real hakykaty şöhlelendirip bilmeýär. Häzirki günbataryň jemgyýeti, Marksyň garaýyşlaryndan tapawutly, dürli häsiýetlere eýedir.

Häzirki zaman stratalaryň alamatlary amerikan sosiologlarynyň garaýyşlaryna görä, olaryň ýerine ýetirýän işlerine we alýan girdeýjileriniň derejesine baglydyr. Olaryň tassyklamalaryna laýyklykda häzirki wagtda keseki güýjüni ekspluatirlemek düzgüni ýokdur, girdeýji adamlary dälde maşynlary we ideýalary ekspluatirlemek arkaly gazanylýandyr we eýeçilik Amerikada we beýleki ösen ýurtlaryň hemmesinde bardyr. Günbataryň sosiologlary, synpy bölünşigiň iki sany esasynyň üstüne ýene-de birnäçe alamatlary goşýarlar: bilim derejesi, häkimiýet, ýaşaýan ýeri, hünäriniň abraýy we birnäçe bölek aýratynlyklar. Netijede, jemgyýetiň konfigurasiýasy rombyň formasyna meňzeş bolýar. Şuňa laýyklykda iň aşaky synpa we iň ýokary baý synpa uly bolmadyk paý düşýär. Iň ýokary paý 50-70 % orta synpa düşýär.

Amerikan sosiology Uorner, jemgyýetiň synpy bölünşiginiň aşakdaky görnüşini hödürleýär: Ýokary synp iki topara bölünýär:

1. Ýokary synpyň ýokarkysy – bu esasan iň ýokary elitadan ybaratdyr. Bularyň mukdary göterim boýunça kesgitlenmän san bilen kesgitlenýär-mysal üçin, 10 maşgala;
2. Ýokarky synpyň aşakysy belli banklaryň, korporasiýalaryň, klinikalaryň eýelerini, arhitektorlary, adwokatlary öz içine alýar.

Orta synpa ýaşaýyş üçin ýeterlik şertler bilen üpjün bolan adamlar girýär. Orta synpa girýänleriň hökmany suratda eýeçiligi hem bolmaly (maşyny, öýi, öz firmasy), Uorner orta synpa girýänleri 3 kategoriýa bölmegi teklip edýär:

1. Orta synpyň ýokarkysy adwokatlary, alymlary, orta biznesiň wekilerini, çinownikleriň orta biznesiň wekillerini, çinownikleriň orta kategoriýasyny öz içine alýar.

2. Orta synpyň ortakysyna – mugallymlar, fermerler, myhmanhanalaryň we hyzmat ediş sferasynyň administratorlary girýär.

3. Orta synpyň aşakysyna – ýokary aýlyk alýan işçiler, terbiýeçiler we çaga edaralarynyň işgärleri, keselhanalaryň orta işgärleri girýär.

Aşaky synp 2 kategoriýa bölünýär:

1. Aşaky synpyň ýokarkysy – işçileriň esasy köpçüligini, hyzmat ediş sferasynyň işgärlerini öz içine alýar.

2. Aşaky synpyň aşakysy – hiç bir kwalifikasiýasy bolmadyk hünärleri, howly süpürýänleri we ş.m. öz içine alýar.

Häzirki sosiologlaryň köpüsiniň pikirine görä, häzirki rus jemgyýetini synplara bölmek arkaly derňemek, sosial proseseleriň, totalitar düzgünden bazar ykdysadyýetine geçilýän döwürde durnuksyzlygy kynçylyklary döredýär. Şonuň üçin ilaty stratalara ýa-da sosial toparlara bölüp seretmek maksada laýyk hasap edilýär we girdeýjisiniň derejesi, häkimiýet sistemasyndaky tutýan orny, beýleki ýerine ýetirýän işleriniň görnüşi boýunça ilatyň uly bäş topara bölünmegi kabul ederlik hasap edilýär:

- döwleti dolandyryjy-elita, köne partiýa hojalyk nomenklaturasy bilen täze syýasy elitanyň birleşmesinden ybaratdyr;
- işçi synpy dürli alamatlar boýunça dürli toparlara bölünýändir;
- ilatyň galan bölegi intelligensiýa, „täze buržuaziýa“ we daýhanlardan ybaratdyr.

# VI. ETNOSOSIOLOGIÝA

## §1. Etnososiologiýanyň predmeti

Sosial-etniki (milletara) gatnaşyklary jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň bir aýgytly böleginden ybarat bolup, özboluşly häsiýete eýedir. Sebäbi gatnaşyklar öz mazmuny boýunça geografiki, ykdysady, sosial-synpy, psihologiki we ş.m. dürli faktorlar bilen utgaşyp gidýär. Şonuň bilen baglanşykly milli-etniki syýasat iň wajyp we şonuň bilen birlikde iň çylşyrymly häsiýete eýe bolan hadysadyr.

Milletara gatnaşyklary baradaky problema öňi bilen milletleri we halklary öz içine alýar. Emma köp milletli döwletlerde beýleki köp sanly ululy-kiçili etniki toparlar ýaşaýar. Olar hem milletara gatnaşyklaryň (subýekti) hökümünde gatnaşýarlar.

**Etnosyň görnüşleri**- milletlerden, halklardan, etniki we etnografiki toparlardan ybaratdyr. Ol ýa-da beýleki etnosyň wekilleri özüniň milli döwlet bileleşigi bolup ýa-da bolman bir ýerde (jebislikde) ýaşap bilerler ýa-da doganlyk başga halklaryň içinde we başga etniki gurşawda ýaşap bilerler.

**Millet**- bu adamlaryň sosial taryhy bileleşiginden ybarat bolup ony bir döwletiň içindäki raýatlar düzýärler we özüniň umumy territoriýasynyň, diliniň özboluşly sosial-ykdysady, syýasy durmuşynyň barlygy bilen häsiýetlendirilýär.

**Halk-** bu belli bir derejede etniki sostawdan ybarat bolan sosial etniki bileleşikdir. Şonuň üçin ol millete mahsus bolan sosial alamatlary özünde toplamak bilen bir hatarda milli aňy we psihologiýasynyň barlygy bilen tapawutlanýan bileleşik hökmünde häsiýetlendirilýär.

**Etniki topar-** millet we halk bilen deňeşdirilende az sanly bileleşik bolup onuň esasyny diňe etniki alamatlar düzýändir. Bu alamatlar bolsa bu toparyň özüniň medeniýetiniň, tradisiýasynyň, ýeketäk taryhynyň, durmuş ukladynyň, gelip çykyşynyň umumylygyna göz ýetirmegini aňladýandyr.

Etnoslaryň barlygynyň alamaty onuň etnoslyk aňynyň saklanmagydyr, haýsy hem bolsa bir etnosa girýänligini duýmagydyr. Egerde şu alamat ýetirilmedik bolsa, etnosuň nähili kiçiligine, azlygyna garamazdan ol ýitip gitmeýär. Mysal üçin gazaklaryň etnografiki toparlarynyň ýitip gitmegine alyp barjak nähili çäreler geçirilen hem bolsa olar ýitip gitmediler. Sebäbi olaryň durnukly wekilleriniň arasynda etniki duýgylar saklanyp galypdyr.

Adamynyň haýsy hem bolsa bir millete, etnosa degişliligi baradaky düşünje iki hili manyda ulanylýar.

1. Haýsy hem bolsa ýurtdaky bar bolan millete, halka we beýleki etniki toparlara degişliligini görkezmek üçin (Mysal üçin Russiýanyň milletleri).
2. Adamynyň öz gelip çykyşy boýunça belli bir etnosa degişlidigini görkezmek üçin esasan bu düşünje ikinji manyda ulanylýar. Şonuň bilen baglanşykly haýsy millete degişlidigi baradaky mesele şahsy islegi boýunça saýlanyp alynmaýar.

Ol nesilden geçip, obýektiw häsiýete eýe bolup dowam edýän bileleşikdir. Haýsy hem bolsa bir etnosa degişlilik baradaky meselede saýlap almak diňe bir ýagdaýda-çaga üýtgeşik milletlere degişli ene-atalardan dogan halatlarynda mümkin bolýar.

Etnikiara syýasatyň esasy maksady sosial-etniki gatnaşyklary kadalaşdyrmakdan, dürli etnoslaryň bähbitlerini sazlaşdyrmakdan, olaryň hemmesiniň isleglerini kanagatlandyryp biljek durmuş-ýaşaýyş şertlerini döretmekden ybaratdyr.

## §2. Sosial-etniki gatnaşyklaryň we bu ugurdaky syýasatyň özboluşly aýratynlygy

Sosial-etniki gatnaşyklaryň we bu ugurdaky syýasatyň özboluşly aýratynlygy bularyň jemgyýetçilik durmuşynyň hemme ugurlaryny, ykdysadyýeti, sosial, maşgala-durmuş, syýasy, medeni-psihologiki we ş.m. öz içine alýanlygyndan ybaratdyr. Etnikiara gatnaşyklaryň sagdynlygy öňi bilen köp dürli hojalyk-ykdysady we sosial meseleleriň

çözülmegine, adamlaryň sosial goraglylygynyň üpjün edilmegine bagly bolýar. Milli meseläni, jemgyýetiň beýleki problemalaryndan aýratynlykda, üzňe, diňe syýasy çäreler arkaly çözüp bolmaýar. (Milli mesele-milli-etniki ezmekligi ýok etmek, hemme etnoslaryň arasynda deňhukukly, dostlukly gatnaşyklary ýola goýmak, olaryň hemmesiniň erkin we hemmetaraplaýyn ösmegine zerur şertleri döretmek bilen baglanşykly bir giden çözülmeli problemalaryň toplumydyr.)

Häzirki wagtda dünýäde 3000-den gowrak dürli entoslar ýaşaýar. Olaryň dowam etmekligi we ösmekligi bütündünýä sosiologiki kanunyň hereketine bagly bolup, ol düzgün her bir syýasy jemgyýetde hereket edýär. Bu ýerde gürrüň etnoslaryň ösüşindäki hereket edýän iki tendensiýanyň kanuny barada gidýär.

Milletleriň ösüşindäki iki tendensiýanyň kanunalaýyklygy metodologiki taýdan adamzat taryhynyň ösüşiniň hemme etaplarynda etnoslaryň we etnosara gatnaşyklarynyň ösüşine analiz bermek ugrunda ulanylýar.

Birinji tendensiýa: etniki özboluşlylygyň hemmetaraplaýyn ykrar edilmegi, etniki we bu meselelerde buýruk bermeklige garşy göreş özüňi etnosa mynasyp bolmaklygy üpjün etmegiň aladasyny etmek etniki milli döwletleri döretmek.

Ikinji tendensiýa: etnoslaryň arasyndaky dürli ykdysady, sosial-syýasy, medeni gatnaşyklary ösdürmek we ýygjamlaşdyrmak. Başga sözler bilen aýdylanda- etnikiara integrasiýanyň gitdigiçe oňa degişlidigini gazanmak, etnoslaryň ähli durmuşyny internasionallaşdyrmak prosesi bilen gaplap almak.

Iki tendensiýa hem bir wagtda we yzygiderli hereket edýärler, emma garşylyklaýyn we köp halatlarda konfliktleýin häsiýete hem eýe bolýarlar. Iki tendensiýanyň hereketi etnikiara gatnaşyklaryň sferasynda esasy garşylygy döredýär. Bu garşylyk her bir aýratyn alynan etnosyň bähbidi bilen jemgyýetiň ýa-da bütin döwletiň bähbidi çaknyşanda ýüze çykýar. Bu esasy garşylyk beýleki, kä halatlarda ýiti, çylşyrymly problemalaryň döremegine hem sebäp bolýar. Mysal üçin, aýratyn alynan etnosyň bähbitlerini jemgyýetiň bähbitleri bilen dogry

utgaşdyrmak boýunça problemalaryň döremegi barada aýtmak bolar. Milli meseläniň ýitileşmegi diňe bir ýurtda däl eýsem bütin dünýäde etniki duýgularyň oýanmagy, etniki prosesleriň döremegi dünýäde „Etniki paradoks” adyny aldy. Emma paradoks (grek sözünden-garaşylmadyk, täsin diýmekdir) öňi bilen häzirki zamanda, güýçli tempde ösýän ylmy-tehniki rewolýusiýa bilen baglanşyklydyr. Sebäbi ylmy-tehniki rewolýusiýanyň halkara zähmet bölünşigini we ýokary kooperasiýany, bileleşigi talap etmegi bir tarapdan, ikinji tarapdan bolsa etniki özboluşlylygy saklamaklyga ymtylyşlaryň güýçlenmegi, halklaryň milli döwlet gurluşygyny edinmegi, aýratynam bu proses ýakynda özbaşdaklygyny gazanan halklara degişli bolup durýar. Ýene-de şunuň bilen baglanyşykly, her milletiň, etnosyň öz ykbalyny özüniň kegitleşmäge hukugynyň barlygy we öňki dowam edip gelýän döwletleriň öz bitewiligini saklamak ugrundaky bähbitleri häzirki garalýan meseläniň çözgüdini tapaýmagyň aňsat iş däldigini görkezýär.

Ýokarda bellenip geçilen „paradoksyň” ösmeginde, uly rol oýnan öňki yzagalak hasap edilýän ýurtlaryň birnäçesiniň, dünýä taryhynyň arenasynda, özleriniň diýseň täsin medenýetleriniň ykrar edilmekligini gazananlyklaryny görkezmek bolar. Muňa „aziýanyň dört drakony” diýilip atlandyrylýan ýurtlar- Taýwan, Singapur, Günorta Koreýa, Gankong girýär. Netijede dünýäde, häzirkizaman tehnologiýasy tarapyndan medeni gymmatlyklaryň, tradisiýalaryň etniki özboluşlylygyň süpürilip taşlanmaklyk howpuna garşy hereket güýçlenýär. Hatda Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda, daşary ýurtlylaryň iň köp ýygnan ýerinde özleriniň gadymy ata-babalarynyň döreden tradisiýalaryna, medeniýetine, diline gyzyklanmaklyk güýçlenýär.

Sowet döwrüniň edebiýatyna ser salsak, etnikiara gatnaşyklarynyň problemalary esasan çözülen hasap edilýärdi. Iki tendensiýa, bir tarapdan hemme milletleriň gülläp ösmekligi ikinji tarapdan olaryň özara golaýlaşmagy hasap edilýärdi, hatda olaryň arasyndaky garşylyklar ýeňilip geçilen hasap edilýärdi. Hatda Sowet propogandasynda öz milletiň geçmişi, ykbaly barada gyzyklanmak, milli gymmatlyklaryňa, diliňe, tradisiýalaryňa, sungatyňa söýgi döwlet derejesinde, açyk ýa-da

ýapyk görnüşde „milletçilik” hasap edilýärdi. Milli meselede iki tendensiýanyň deň ýöredilmelidigi baradaky ýörelge iş ýüzünde bozuldy. Teoriýada we praktikada ikinji tendensiýa doly orun berildi, etnoslaryň biri bilen golaýlaşmak, soňra bolsa gatyşmaklyk prosesini tizlendirmeklige tarap ugur alyndy.

Emma şeýle-de bolsa, sowet döwründe bu mesele boýunça belli bir netijeleriň gazanylanlygyny hem belläp geçmek gerek. SSSR dargamazynyň öň ýanynda ýurtda 53 sany milli-döwlet bileleşikleri bardy. Şol sanda 15 soýuz 20 awtonom respublikalary, 8 awtonom oblastlary we 10 awtonom okruglary bardy. Ýurtda ykdysadyýetiň hemme ugurlaryny öz içine alýan ýeketäk halk hojalygynyň kompleksiniň döredilmegi halklaryň belli bir derejede maddy üpjünçiligini ýola goýmakda rol oýnady.

Emma totalitar sistemada, milli meselede uly milletleriň bähbidini öňe sürüp kiçi etnoslaryň bu ugurda bähbitleri göz öňünde tutulmady. Olaryň öz dilini, taryhyny, medeniýetini öwrenmeklerine mümkinçilik berilmedi. Olaryň dini ýörelgeleri, birnäçe durmuş tradisiýalaryny häsiýetlendirýän, zerurlyklary, çaga dogulanda we nika gyýylanda buthana barmak, sünnete ýatyrmak we toýda, ýasda amala aşyrylýan zerurlyklar we ş.m. gadagan edildi. Milli syýasatda köp halatlarda etnosyň ýüzüni görkezýän zatlar onuň kemçiligi hasap edildi.

Türkmenistanyň şertlerinde, totalitar sistemanyň ýetiren zyýanlaryny agzaman geçmek bolmaz. Aýratynam bu nogsanlyklara gelejekde ýol bermezlik üçin olardan ýaşlaryň habarly bolmagy zerurdyr. Şunuň bilen baglanyşykly takyk mysallara ýüzleneliň:

Türkmenistanda türkmen dili hiç bir jemgyýetçilik syýasy işi ýerine ýetirmeýärdi. Rus mekdeplerinde türkmen dilini okatmak girizilen hem bolsa, onuň okadylyşy, netijesi, oňa ähmiýet berlişi gözgyny ýagdaýdady. Kanun boýunça “Öz ene dilinde okamaga hukugy bar” diýlip görkezilen hem bolsa, iş ýüzünde Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerinde türkmen dilinde okatmaklyga ýol berilmeýärdy. Bu ýagdaý milli mekdepleri gutaran ýaşlar üçin, ylymyň dürli ugurlaryny öwrenmeklerinde ullakan kynçylyklary döredýärdi.

Häzirki wagtda täze Galkynyşlary we beýik Özgertmeleri başyndan geçirýän döwründe, hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda milli medeni mirasymyzy ýokary götermäge, türkmen dilini baýlaşdyrmaga döwlet derejesinde üns berilýän wagtda türkmen diliniň öňki kemsidilen döwrüne ser salmak, onuň sebäplerini doly ýüze çykarmak türkmen jemgyýetçiliginiň gös-göni borjudyr.

Güýçli milli hünärmenleriň döremegi, merkezleşdirilen totalitar bähbitlerine ters gelýärdi. Türkmen hünärmenlerini garalamak üçin ulanylýan we şol döwürde doly ýola düşen bir usul bardy. Ol hem “Aýal-gyzlara baý-feodal gözi bilen garamakdy”. Eger-de, bir türkmen ýigidi haýsy hem bolsa bir sebäbe görä maşgalasy bilen oňuşman, kanuny suratda aýrylyşaýsa-da, oňa başga ýol bilen çäre görýärdiler, ýagny kommunistik partiýanyň agzasy hökmünde çäre görülýärdi. Oňa käýinç berýärdiler, partiýanyň hataryndan çykarýardylar. Yz ýanyndan bolsa, ony partiýa, döwlet gullugynyň haýsy işinde işleýän hem bolsa, başga ýerde işe kabul edilmez ýaly edip, işden kowýardylar. Netijede-de, diňe şu sebäp boýunça onuň okap alan ylym-bilimi, hünäri puja çykýardy. Galyberse-de, ylymly-bilimli hünärmen öz ugry boýunça, işlejek bolsa, hökmany suratda kommunistik partiýanyň agzasy bolaýmalydy. Şeýlelikde, şeýle ýol bilen seniň şahsy durmuşyňa goşulýardylar.

Aslyýetinde bu ýagdaý milli hünärmenleriň nogtasyny öz elinde saklamak üçin kommunistik partiýanyň oýlap tapan zadydy. Hamala diýersiň, türkmeniň aňrysynda baý-feodal gatnaşyklary bolanmyş we şeýle şertlerde aýal-gyzlaryň hukugy kemsidilenmiş, diňe indi olary kommunistik partiýa azatlyga çykaranmyş. Emma türkmeniň geçmişde türkmen aýal-gyzlarynyň mertebesini örän belent tutulandygy, olaryň türkmeniň ar-namysynyň baýdagyna deňelenligi subut edilýär.

Türkmenistanda milli türkmen hünärmenlerini kommunistik aňyýetiniň tabynlygynda saklamagyň ýene-de bir usuly bardy. Ol hem, “Sen köne dini däp-dessur boýunça ogluňy sünnete ýatyrypsyň” diýip garalaýardylar. Bu ýerde hem, ilki kommunistik partiýanyň agzasy hökmünde meselä seredilýärdi. Soňra bolsa halka, döwlete peýda getirip

biljek partiýa, döwlet, ylmy işgärlerine, gerekli hünärmenligine seretmezden, ony işinden kowýardylar. Ýene-de meseläniň bir geň görmeli tarapy bardy. Ol hem “Oglany sünnete ýatyrmak däp-dessury” musulman halklarynyň hemmesinde amala aşyrylýar. Emma şeýle-de bolsa, SSSR-de ýaşaýan beýleki musulman halklardan tapawutly, şol mesele boýunça milli hünärmenleri yzarlamak düzgüni diňe Türkmenistanda amala aşyrylýardy.

Totalitar ulgamyň elhenç nogsanlyklaryndan biri, ol hem golsuz arzalar boýunça adamlary günäkärläp çäre görmekdi. Golsuz arzalaryň kömegi bilen, hamala diýersiň, partiýa, döwlet, hojalyk, ylym işlerinde goýberilýän birnäçe kemçilikleriň üsti açylýar diýlip, hasap edilýärdi. Emma şu düzgün boýunça, golsuz arzalary gurnap, islendik adamyny günäkärläp bolýardy. Günäkärlenýän adamyň ýüzbe-ýüz durup, özüniň günäsidigini subut etmäge mümkinçiligi ýokdy. Netijede, günäkälenýän adamlar arza seredýänleriň öňünde düýbünden goragsyz ýagdaýda galýardylar. Köp halatlarda “Arza seredýänleriň” dürli sebäplere görä, özlerine gerek däl işgärlerden dynmak üçin şübheli arzalary özleriniň gurnaýan wagtlary-da bolýardy.

Totalitar sistemanyň agalyk sürýän döwründe, Türkmenistanda ýaşap, işläp, milli gymmatlyklar barada gürrüň etmek, pikir ýöretmek döwlet syýasatynda halanmaýan, goldanmaýan zatdy. Milliligiň we milli ösüşiň garşysyna iş görmek, döwlet syýasatyna öwrüldi. Millilik barada gürrüň edýän adam “milletçi” hökmünde garalýanlaryň sanawyna goşulýardy we dürli bahanalar bilen işden çetleşdirilýärdi. Şeýlelikde, “millilik” we “milletçilik” diýen düşünjeler bilkastlaýyn gatyşdyrylýardy.

Türkmenistanyň milli däp-dessurlaryny ýöretmek, milli geýimlere sarpa goýmak, milli äheňlerde her hili toýlary geçirmek, dini adatlar boýunça ölini jaýlamak, Gurban baýramyny bellemek we beýleki milli däp-dessurlary ýöretmek milletiň yzagalaklygynyň alamaty hökmünde seredilýärdi. Hatda türkmeniň içerki ýaşaýyş-durmuşynyň ownuk taraplaryna çenli – nahary nirede oturyp iýmeli, çemçäni nähili tutmaly, ýere ýazylýan düşekleri, stol, oturgyçlaryň nähili ulanmaklygyň

ýollaryna çenli öwredilýärdi. Aslyýetinde türkmeniň hemme ugurlar boýunça aňrydan gelýän baý ýörelgeleri bardy. Emma şeýle hem bolsa, türkmeni aňrydan gelýän baý, özüniň tebigatyna mahsus ýörelgelerinden el çekdirip, onuň boýnuna döwlet derejesinde ýöredilýän syýasat boýunça täze ýörelgeleriň dakyljak bolmagy türkmeni aslyndan daşlaşdyrmak, milliligini ýadyndan çykarmak üçin gerekdi. Netijede, bellenip geçilen we beýleki çäreler arkaly türkmen halky hemmetaraplaýyn milli göýdüklige sezewar edildi.

Häzirki wagtda öňki SSSR-iň çäklerinde 180 golaý territorial-etniki dawalar dowam edýär.

Etnikiara gatnaşyklaryň ösmegine bu uguryň öwrenilmegine teoriýada goýberilen ýalňyşlyklar örän uly zyýan ýetirdi. Mysal üçin SSSR-de milli meseläniň doly we gutarnykly çözülenligi barada dübünden ýalňyş teoriýa öňe sürüldi.

Ikinjiden, milletleriň ösüşinde iki tendensiýanyň deňagramly özara gatnaşygynyň deregine bu ýerde esasy kesgitleýji, öňde baryjy rolyň ikinji tendensiýa degişlidigi barada teoriýada ýalňyş netije çykaryldy.

Ahyrky netijede milletara gatnaşyklarynda dürli konfliktleriň ýüze çykmagy, dürli regionlarda dini häsiýete eýe boldy. Bu ýagdaý has hem Ermeni-Azerbeýjan gatnaşyklarynda ýiti ýüze çykdy. Ermeniler-hristianlar; Azerbeýjanlar-musulmanlar. Aýratynam milletçiler iki halky biri-birine küşgürende bu ýagdaý uly ýitgilere alyp barýar.

Milli meseläni adalatly çözmeklik ugrunda dowam edýän gumanistik syýasatyň esasy prinsipleri nämeden ybarat?

Birinjiden yzygiderli, milli etniki we internasional häsiýetli bähbitleriň sazlaşykly ösmegini üpjün edýän optimal çözgütleri tapmakdan ybaratdyr. Belläp geçmeli zat „milli”, „milletçilikli” diýen düşünjeleri gatyşdyrmak bolmaz. Sebäbi milli-etniki häsiýetli aň düýbünden milletçilik däldir. Milli-etniki aň, bu her bir adama mahsus bolan tebigy duýgy we hadysadyr. Öz etnosyňa buýsanmak, geçip giden nesilleriň ýerine öz milletiňe mähirli garamak tebigy watansöýüjilikli duýgydyr. Bularyň hemmesi milliligi aňladýandyr. Munuň tersine „milletçilik” düşünjesi otrisatel häsiýete eýe bolup bir näçe meselelerde

ýüze çykýar. Mysal üçin, öz etnosyňy „göreldeli” diýip yglan etmek, öz etnosyňy bir näçe meseleler boýunça beýleki etnoslaryň garşysyna goýmak, mysal üçin, ylymlaryň kandidatlarynyň we doktorlaryň sany boýunça, uruş gahrymanlarynyň sany boýunça, galybersede döwletdäki ýaşaýan köp sanly etnosyň az sanly etniki topary özüne boýun egdirmeklige synanşyk etmegi (her hili ýol bilen, öz dinini, mekdebini, jemgyýetçilik, guramalaryny az sanly etnosyň boýnuna dakmak arkaly we ş.m)

Internasional aň, milletçiligiň her hili ýol bilen çykmagynyň tersinedir. Internasional aň-düşünje dürli milletlerden bolan adamlary dostlaşmaklyga, hyzmatdaşlyk etmeklige, birleşmeklige çagyrýar.

Internasional aň-düşünje milletçilikden tapawutly öz-özünden döremeýär. Ol adamlaryň belli bir derejede ylym-bilim we medeniýetden habarly bolmagyny talap edýär. Internasional terbiýe bermek işi örän pikirlenşikli usullary ulanmaklygy talap edýär. Bu terbiýe, daşyndan boýnuňa dakyjylykly äheň duýulman, tersine adam bu terbiýäni hut özüniň islegine bähbidine gabat gelýän nesihatlar hökmünde kabul etmeli.

Etnikiara syýasatyň maksady, milli-etniki bähbitleri göz öňünde tutmak bilen bir hatarda onuň internasional bähbitlerini hem göz öňünde tutmaly.

Ikinji bu ugurdaky syýasatyň prinsipi her halkyň öz ykbalyny özüniň kesgitlemäge we özbaşdak döwletini döretmäge hukugynyň barlygyny ykrar etmekden ybaratdyr.

Bu prinsipden ugur alynyp Rusiýa we öňki SSSR federatiw döwlet hökmünde döredilendir. Federal prinsip ýeke-täk soýuz merkeziniň we soýuz organlarynyň bolmagyny göz öňüne tutup we federasiýa girýän subýektleriň hem ýokary derejede özbäşdaklygyny ykrar edýär.

SSSR-iň dargamagynyň esasy sebäpleriniň biri federal döwletiň iş ýüzünde unitar döwlet bilen çalşyrylmagydyr. Unitar döwlet, umumy syýasy ýolbaşçylygyna diňe merkezden amala aşyrylýanlygy we özbaşdak döwlet bileleşikleriň ýoklugy bilen häsiýetlendirilýändir. Halkyň öz ykbalyny özleriniň kesgitlemäge bolan hukugy, düýbünden

olary dargamaga çagyrmagy aňlatmaýar. Öňi bilen halkyň öz bähbitlerinden ugur alyp we dünýä proseslериniň tendensiýasynyň integrasiýa tarap barýanlygyny göz öňünde tutup, onýyllyklaryň dowamynda gazanylan dürli hojalyk, ykdysady, medeni gatnaşyklary saklamak we olary akylly-başly peýdalanmak uly ähmiýete eýedir.

Häzirki döwürde Russiýanyň ýolbaşçylary özleriniň döreden problemalaryndan özleri kynçylyk bilen baş alyp çykarýarlar (gürrüň SSSR-iň dargamagyna getiren Belowež ylalaşyk şertnamasy barada barýar).

Dünýä tejribesiniň görkezişine görä, federasiýany saklajak bolsaň, onuň konfederasiýa ýa-da unitar döwlete öwrülmegine ýol bermejek bolsaň, syýasy subýektleriň öz arasyndaky bähbitleriň sazlaşygyny yzygiderli saklamak zerurlyk bolup durýar.

Köpmilletli döwletleriň şertlerinde bu problema elmydama özüne ýeterlik üns berilmegini talap edýär. Sebäbi etnoslaryň öz islegleri boýunça federasiýanyň hataryndan çykmak barada mesele goýmaga hukugy bardyr. Emma bu mesele diňe halkyň hemmesiniň gatnaşmagynda goýulup we çözülip biliner. Häzirki wagtda ýurtda bolup geçýän ykdysady we syýasy prosesler federasiýany berkitmegiň we ösdürmegiň hatyrasyna alnyp barylýan işleriň Rus federasiýasynda ýaşaýan hemme etnoslaryň bähbitlerine doly gabat gelýänligi barada ynamly aýtmak bolar. Russiýanyň milli syýasat boýunça döwlet komitetiniň täze işläp düzen konsepsiýasynda, gelejekde federasiýanyň gurluşynda (ABŞ, FRG we ş.m.) boluşy ýaly teritorial prinsipe geçmeklik göz öňünde tutulýar.

Şunuň bilen baglanşykly bellemeli zat ol hem rus Federasiýasy öz wagtynda milli prinsip boýunça döredildi. Emma federasiýanyň subýektleri kä halatlarda, halklaryň öz ykbalyny özleriniň kesgitlemegine bolan hukugyny federasiýadan bölünip aýrylmak diýip düşünýärler. Şunuň bilen birlikde olar halkara kararlarynda berkidilen iki düzgüni ýatlaryndan çykarýarlar. Bu haýsy milletden bolanlygyna garamazdan adamynyň hukugynyň goralmagy we döwlet serhediniň mukaddesligidir.

Milli syýasat boýunça Rus Goskomitetiň gelejekde federasiýany teritorial prinsip boýunça döretmeklik konsepsiýasyna köp alymlar we syýasatçylar garşy çykýarlar. Emma olar federasiýanyň öňki milli prinsipini saklap ýöne täze federasiýanyň öňki federasiýadan düýpli tapawutly, hakyky iş ýüzünde federatiw döwlet bolmagynyň zerurlygyny belleýärler.

# VII. ŞAHSYÝET SOSIOLOGIÝASY

## §1. “Adam”, “indiwid” we “şahsyýet” düşünjeleriniň mynasybeti

Adam kim? Bu sowal gadymy döwürlerden bäri akyldarlaryň we alymlaryň esasy meseleleriniň biridir. Eýýäm irki döwürlerde adamyň tapawutly aýratynlygyny onuň jemgyýetçilik jandarylygy bilen düşündiripdirler. Adamyň tebigatdan bölünüp, adam derejesine galmaklygynda zähmetiň esasy rol oýnanlygyny belläpdirler. Zähmet bolsa diňe jemgyýetde mümkindir. Adama dil pikirlenme, ahlak, ynsap we başgalar zähmetiň üsti bilen adamlar bilen arabaglanyşykda diňe jemgyýetde döreýär. Adam çagasy diňe jemgyýetde adam bolup ýetişýär. Eger haýwanyň çagasyna ýaşamak üçin endik ýeterlek bolýan bolsa, adam üçin ol ýeterlik däldir. Haýwanat dünýäsine düşen adamzat çagasynyň adam bolup bilmeýänliginiň mysaly köpdir.

Ýöne adam jemgyýetçilik jandar bolup özüniň tebigy durkuny ýitirmeýär. Ol örän köp biologiki isleglere: dem almaklyga, iýmeklige, ýatmaklyga, belli bir çäklerdäki ýylylyk gurşawa mätäç bolýar. Diýmek adam biologik jandardyr. Bu aýratynlyk adamyň bedeninde bolup geçýän özgerişler bilen bagly bolýar.

Jemgyýetçilik (sosial) we biologik aýratynlyklar adamda bitewilikde bolýar. Şeýle ikitaraplylyk adama biososial jandar diýmeklige esas döredýär.

Adamy haýwandan tapawutlandyrýan aýratynlyklar ilki bilen onuň pikirlenmeklige bolan ukyby we dili bilen bagly bolýar. Başga hiç bir jandarda oýlanmaklyga ukyp ýokdur. Pikirlenme adama haýwanlar ýaly tebigata  ýöne bir uýgunlaşmaklyk mümkünçiligini döretmän, eýsem, ony özgertmeklige hem esas berýär. Tebigat adamyň mätäç zatlaryny, köplenç halatda taýýar görnüşde kanagatlandyrmaýar. Adam özüne gerekli zatlaryň köpüsini özi döretmeli bolýar. Haýwanlaryň hem çylşyrymly zatlary döredýänleri bar. Mysal üçin, möý örän täsin kerebi dokap bilýär. Ýöne möýem, başga bir haýwanam öz döreden zadyny

diňe endige görä döredýär. Diýmek, adamyň hereketi döredijilikli häsiýete eýe bolýar.

Adamlaryň bilelikdäki hereketi, olaryň pikir alyşmalarynyň esasynda mümkin bolýar. Bu wezipe diliň üsti bilen amal edilýär.

Pikirlenme bilen diliň arasynda berk arabaglanyşyk bar.

Adamyň tapawutly aýratynlygy bu birinjiden, pikirlenmek we geplemek ukybyna eýedigi, ikinjiden, maksadalaýyk döredijilikli herekete ukyplydygy, üçünjiden bolsa zähmet gurallaryny ýasamagy we ulanmagy başarýanlygy bilen düşündirse bolar. Dünýä adamzat üçin döredilmänligi sebäpli, adam öz erkini tebigata buýrup bilmeýär. Adam öz edýän hereketlerine älem derejesinde jogapkär bolýar.

Durmuşy gatnaşyklar we arabaglanyşyklaryň esasy şahsyýetiň üsti bilen amala aşyrylýar. “Şahsyýet kim?” diýen soraga jogap bermek üçin bu düşünjäni “adam” we “indiwid” (aýratyn adam) düşünjelerinden tapawutlandyrmak gerek. “Adam” düşünjesi, ýokarda görkezilşi ýaly, umumy ähli adamlara mahsus bolan hilleri we ukyplary häsiýetlendirmek üçin ulanylýar. Bu düşünje dünýäde adamzat diýen aýratyn, taryhy taýdan ösýän birleşmäniň barlygyny we onuň özüne mahsus hereketlere eýe bolýanlygyny görkezýär.

Adamzadyň aýratyn wekilleriniň barlygy “indiwid” diýen düşünje bilen aňladylýar. Indiwid adamzadyň durmuşy we ruhy aýratynlyklaryny: aňy, erki, islegleri, bähbitleri we başgalary takyk aňladyjy bolup çykyş edýär. Bu ýerde “indiwid” diýen düşünje “takyk adam” diýen manyny berýär.

Adamyň takyk taryhy aýratynlygyny şöhlelendirmek üçin “indiwid” diýen düşünje bilen bir hatarda “şahsyýet” düşünjesi hem ulanylýar. Bu ýerde “indiwid” şahsyýetiň kemala gelmeginiň başlangyç pursadyny aňladyp, şahsyýet adamçylyk häsiýetleriniň has doly jemlenen görnüşi bolup, indiwidiň ösüşiniň netijesi bolýar. Şahsyýet diňe bir aňyň, erkiň, pikiriň barlygy bolman, eýsem, özüňi derňemäge, özüňi bahalamaga, özüňe gözegçilik etmäge ukybyň bolmagyny hem göz öňünde tutýar. Şahsyýetiň özüne akyl ýetirmegi ýaşaýşa bolan erki döredýär.

Umuman şahsyýetiň durkyny häsiýetlendirýän alamatlar üç görnüşe eýedir, olar: bedeni şahsyýet, durmuşy şahsyýet we ruhy şahsyýet.

Bedeni şahsyýeti her birimiziň bedeni gurluşymyz häsiýetlendirýär. Bedeni gurluşymyzdan soňra geýim-gejimler girýär. Ondan soňra maşgala girýär, ondan soňra ýaşalýan ýer öý-işik girýär. Adamynyň gan-damar birliginden dörän nesil has ýakyn bolýar. Durmuşy şahsyýet bu başga adamlaryň seniň şahsyýetiňi ykrar etmegini aňladýar. Durmuşda seniň şahsyýetiňi dürli pikirli adamlaryň näçe köpüsi ykrar edýän bolsa, şonçada seniň şahsyýetiň ýokary derejä göterilýär.

Ruhy şahsyýet- bu ýerde gürrüň adama berlen aňyň, ruhuň, onuň özüni alyp baryşynyň aýratynlyklary barada bolýar. Olar adamyň nämäni gowy görýänligi, kömege ukyplylygy, ýagşylyk edip, sözünde durup bilýänligi bilen bagly, bolýar. Bularyň hemmesi (gylyk-häsiýeti) “Ruhy şahsyýet” diýen düşünje bilen aňladylýar.

Bedeni, durmuşy we ryhy şahsyýet tebigy şahsyýeti döredýär. Häzirki döwürde şahsyýetiň bu görnüşi tebigaty, jemgyýeti özgertmekde ullakan rol oýnaýar. Şahsyýet derejesi adamy tebigy dünýäsinden döredijilik we pikirlenmek dünýäsine getirýär.

Şahsyýetiň sypatlaryny açyp görkezmek jemgyýetçilik ylymlarynyň wajyp wezipesidir. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Mukaddes Ruhnama taglymatynda hem adamlaryň şahsyýetlik sypatlaryna aýratyn üns berilýär. Adamyň hili bu taglymatda, onuň ruhy dünýäsiniň özboluşlylygy bilen tapawutlandyrylýar we üç hili häsiýetlendirilýär.

Olaryň birinjisi “hakaýyl” diýlip atlandyrylýar. Bu hili adamlaryň asman paýhasy bolýar. Hakyň nazary düşen, döredijilikli, başarjaň, maksada okgunly adamlar şu derejä çenli ýokary galýarlar. Olar dünýä ir akyl ýetirip, täze dünýägaraýyşy öňe sürüp, öz ilini, adamzady belentliklere galdyrmak ukybyna eýe bolýarlar. Taryhda adamzat paýhasynyň ösüşine düýpli täsir eden şahsyýetler az däl. Olaryň hataryna Muhammet Pygamberi, Gorkut atany, Jelaleddin Rumyny, Magtymgulyny we başgalary goşsa bolar.

Mukaddes Ruhnamada adamyň ikinji hili “hanaýyl” diýilip atlandyrylýar. Olaryň zemin akylynyň bolýanlygy bellenip, bu hili

adamlaryň adaty adamlardan ençeme mertebe belent bolýandyklary aýdylýar. Şu derejä galan adamlar özleriniň han akyly bilen adamlary birleşdirip, olaryň zeminde mynasyp ýaşamaklary üçin gerekli şertleri döretmekligi başarýan bolmaly. Eger geçmişde hanaýyl adamlaryň hataryna hanlar, begler giren bolsalar, biziň döwrümizde olaryň hataryna ýurtlaryň we adamzadyň ykdysady, syýasy, medeni ösüşine saldamly goşant goşup bilýän tanymal adamlary goşsa bolar.

Ruhnamada adamyň üçinji hili "hamaýyl" diýip atlandyrylýar. Bu hili adamlar her günki bala-çaga eklemek aladalary bilen meşgul bolup özleriniň ruhy ösüşiniň ýetmezçiliklerini görüp bilmeýärler. Şonuň üçin, olara dürs ýoly görkezmek zerur bolýar. Hamaýyl adamlar hem öz orunlaryndan ýokary göterilip bilerler. Onuň üçin olaryň geçen nesilleriň toplan akyl-paýhasyna kitaplaryň, beýleki bilim çeşmeleriniň üsti bilen girişip, geçmişiň, dünýäniň beýik-beýik dana adamlary bilen gürrüňdeş bolup, dünýä akyl ýetirmäge ymtylmaklary zerur. Mukaddes Ruhnamada şu zerurlygy nygtap: "Siz hanaýyl boljak boluň, öz ornuňyzdan göteriljek boluň, çünki adamdan beýik mertebe ýokdur" diýip bellenilýär.

Eger adam ýaşlykdan öz ruhy ösüşi barada alada edip, kämilleşmeklige ugruksa, ol durmuşda üstünlikleri gazanyp biler. Adamynyň ,şahsyýet derejesine göterilmegi üçin onuň ýaşlykdan başlap sosialaşmak prosesine girişmekligi zerurlyk bolup durýar.

Sosialaşma-ýaşlykdan başlap, adamynyň doly garrylyk ýaşyna ýetýänçä, sosial rollary we medeni normalary dowamly özleşdirmeklik bilen baglanşykly prosesi aňladýar. Köp halatlarda sosialaşmany okuw, okatmaklyk prosesi bilen gatyşdyrýarlar. Mekdep, uniwersitet, önümçilik ugurlaryndaky okuwlar diňe hünär, düşünje almak üçin guralýan tehniki çäredir. Sebäbi ýaş oglan ýa-da gyz bir ýerde okap we şol okuw jaýyny gutaryp, bir ugurdan hünär alýar. Emma dürli predmetleri okap öwrenmek we durmuş okuwy düýbinden başgadyr. Her bir mugallym ýa-da mekdep adama gutarnykly oňat aýal bolmagy, öý hojalykçy, işjeň ýoldaş, ýazyjy, ýokary derejeli öz işiniň ussady bolmagy öwredip bilmez. Bu sepgitlere ýetmek üçin adam bütin ömrüniň

dowamynda zähmet çekmeli we bu dowamly kämilleşmeklik prosesi labaratoriýalaryň şertlerinde däl-de real durmuş şertlerinde amala aşyrylmaly. Kitap boýunça okap sosial roly doly we dogry ýerine ýetirip bolmaýar. Patyşa özüne mirasdüşeri köp ýyllaryň dowamynda terbiýeleýär. Şonuň bilen bir wagtda mirasdüşeri onuň töweregini gurşap alan adamlar, dörän taryhy şertler, edara etmeklik üçin dürli kararlary kabul etmekligiň praktikasy, usullary terbiýeleýär. Emma karar kabul etmekligiň usullaryny özleşdirmeklige mümkinçilik diňe mirasdüşeriň özüniň hakyky patyşa bolup işläp başlan wagtyndan soň döreýär. Netijede, sosiallaşma adamynyň biologik barlagyndan jemgyýetçilik (sosial) barlyga ösüp geçenligini aňladýan düşünjedir. Sosialaşma prosesi iki hili derejede amala aşyrylýar, indiwidual, bir adamyň derejesinde we bütin jemgyýeti öz içine alýan kollektiwleýin derejede. Bu ugurda jemgyýet özüniň 40 müň ýyllyk medeni ewolýusion taryhynda, adamzat 2 million ýyl özüniň biologiki ewolýusion taryhynda dürli etaplary geçipdirler.

## §2. Şahsyýetiň sosialaşmagynyň düýp mazmuny we etaplary

Şahsyýetiň sosialaşmagynyň düýp mazmuny onuň kömegi bilen adamlaryň sosial kadalary öwrenmeklerinden we oňa uýgunlaşmaklaryndan ybaratdyr. Ahyrky netijede, sözüň doly manysynda sosialaşma jemgyýetiň dowam etmegini we ösmegini we onuň medeniýetiniň bir nesilden beýleki nesile geçmegini üpjin edýär. Sosialaşma adamzadyň däp dessurlarynyň, jemgyýetçilik durmuş kadalarynyň, gymmatlyklarynyň asly gelip çykyşyny, döremegini we adamynyň şahsyýetiniň emele gelişini düşündirýär.

Sosialaşma, sosial normalary özleşdirmek prosesi hökmünde seredilip, bu normalary özleşdirmekde indiwid töweregindäkiler tarapyndan özüniň boýnuna dakylan daşky normalary meýletin kabul edip, olary özüniň içki garaýyşlary bilen utgaşdyrýar. Beýleki sözler bilen aýdylanda şahsyýet ol normalary özüniň bir bölegi hökmünde kabul edýär.

Mälim boluşy ýaly adam jemgyýetde ýaşaýar, şonuň üçin ol näme islesede oňa bagly bolup ondan azat ýaşap bilmeýär. Bu üýtgemeýän ýagdaý adamynyň sosial özüni alyp barşynda kesgitleýji rol oýnaýar, şonuň üçin adam diňe bir akyl-paýhasa ýugrulan bolman, ondanam başga ol bütin durky bilen "sosial" häsiýete hem eýedir. Adamynyň her bir hereketi diňe käbir halatlarda tebigatyň önümidir. Galan hemme ýagdaýlarda adamynyň özüni alyp baryşy bilimiň ýa-da sosialaşmagyň netijesidir. Bir näçe alymlaryň pikiriçe adamynyň özüni alyp baryşynyň 80%-den köpürägi, ýaşaýyş durmuşdan alynan "sosial" häsiýete eýe bolan hadysadyr.

Sosial guramanyň başlangyjynyň bal arylarynda we garynjalarda barlygy bellidir. Olar köpçülik bolup ýaşaýarlar, olarda zähmet bölünşigi görünýär, teritoriýany goramak, tertibe seretmek, ýola goýulan gatnaşyk sistemasy, hatda belli bir "sosial iýerarhiýa (işçiler, harbylar, hyzmatkärler), adamzat jemgyýetindäki diýen ýaly ýola goýulan bolýar. Emma haýwanlarda hiç hili sosialaşmanyň ýoklugyny aýtmaga doly esas bar. Haýwanlaryň özüni alyp baryşy, ýaşaýyşyň kollektiwleýin görnüşi, adamzadyňka meňzeş bolsada ol instinkt boýunça amala aşýar. Instinkt bu biologiki,nesilden geçýän, hiç bir wariantsyz, birugurly, gaty berk boluşdyr. Instinktden sowulmak ölüme eltip biler.

Kanunalaýyklyga göra jandar näçe ýönekeý boldugyça onuň bolşunda instinkt uly rol oýnaýar. Mör-möjekleriň hereketi 100% instinkt boýunça geçýär. Pillerde we möjeklerde ene-atalardan geçýän häsiýet instinktden köpdir. Maýmynda gaplaň bilen deňeşdirilende instinkt has azdyr. Jandaryň hereketinde instinkt köp boldugyça, oňa öwretmäge ene-atalary az gatnaşýar. Mör möjeklerde ene-atanyň funksiýasyny aslyýetinde tebigatyň özi ýerine ýetirýär. Şonuň ýaly hem instinkt az boldugyça ene-atalaryň roly we jogapkärligi ýokary bolýar. Her bir adamyň ömrüniň dowamynda geçen durmuş ýoly dört döwre bölünýär:

1. Çagalyk döwri- adamzadyň umumy ýaşaýyş endikleriniň iň ýönekeý
görnüşlerini özleşdirmek;

2. Ýigitlik döwri- (12-14 ýaşdan 18-20 ýaşa çenli) aktiw zähmet döwrüne geçmeklige taýýarlyk;

3. Ýetişenlik ýaşyna ýetmek (18-60 ýaş)- aktiw zähmetiň döwri;

4. Garrylyk (60 ýaş we ýokary)- aktiw zähmet döwürden çykmak.

Ýokardaky bellenip geçilen durmuş ýoluna laýyklykda, sosialaşmanyň amala aşyrylyş prosesini 4 (dört) etaba bölmek kabul edilendir.

1. Ilkinji sosialaşma- ýaşlyk döwri,
2. Ikinji sosialaşma etapy, formal bilim alyş döwrüne gabat gelýär.
3. Ýetişenlik ýaşyna ýetmek bilen baglanşykly sosialaşmak, bu indiwidiň özbaşdak ykdysady wekile öwrülenligini, öz maşgalasyny döreden etapyny aňladýar.
4. Sosialaşmagyň garrylyk döwri, ýuwaş-ýuwaşdan aktiw zähmet çekmekden yza çekilmekdir.

Mälim bolşy ýaly adamynyň sosialaşmagynyň ilkinji etapy ýaşlyk döwri öz içine alyp soňky etaplar adamynyň ýaşynyň galan döwrüni öz içine alýar. Şahsyýetiň emele gelmeginde birinji döwür has güýçli täsir edýär, galan döwürler onuň üstüni ýetirýär. Şonuň üçin sosialaşmagyň, maşgala degişli birinji etapy has jogapkärli çemeleşmegi talap edýär.

Sosialaşmagyň subýekti hökmünde şu aşakdakylary görkezmek bolar:

a) çagalyk döwürde ene-atalar we çaga barada alada edýän, gatnaşyk edýän beýleki adamlar;

b) üç ýaşdan sekiz ýaşa çenli sosialaşmak prosesine gatnaşýanlaryň sany köpelýär. Ene-atalardan başga bu prosese gatnaşýanlaryň sany, çagany gurşap alýan adamlaryň, terbiýeçileriň hasabyna has köpelýär.

w) 13-19 ýaş aralygynda sosialaşmak prosesiniň iň çylşyrymly döwri başlanýar. Bu döwürde gelin-gyzlara bolan gatnaşyklar ýüze çykyp başlaýar. Ýaş juwanyň hereketlerinde özbaşdaklyga, kä halatlarda zyýanly hadysalara baş goşmaklyga ymtylyşlar duýulýar.

Ýenede bir çemeleşmeklige laýyklykda sosialaşma prosesi, kimiň esasy wekil hökmünde çykyş edýänligine görä birinji we ikinji gezege bölünýär.

Birinji sosialaşmak prosesi kiçi, öňi bilen birinji toparlaryň çäginde bolup geçýär. (düzgün boýunça olar formaldäl häsiýete eýedir)

Ikinji sosialaşma prosesi formal institutlaryň we guramalaryň çäklerinde amala aşyrylýar. (çagalar bagy, mekdep, yokary mekdep, önümçilik).

Formal däl gatnaşyklaryň mazmuny, düzgüni hiç bir hili dokument bilen tertibe salynmaýar. Meseläni özara hereket gatnaşyjylaryň özleri kesgitleýärler. Mysal üçin, maşgala. Formal häsiýete eýe bolan gatnaşyklaryň mazmuny, düzgüni, wagty we reglamenti belli bir dokument arkaly tertibe salynýar.

Sosialaşmak prosesi diňe bir jemgyýetiň kadalaryny, täze bilimi, gymmatlyklary; däp-dessurlary öwrenýänleri we özleşdirýänleri öz içine almak bilen çäklenmeýär. Bu prosesiň iň wajyp sostaw bölegi hökmünde ony gurnaýanlar, iş ýüzünde amala aşyrýanlar çykyş edýärler. Olar sosialaşmagyň wekilleri diýilip atlandyrylýar. Sosialaşdyrmagyň wekilleri takyk adamlardan we adamlaryň toparyndan ybarat bolup olar medeni normalary öwretmäge we sosial rollaryň özleşdirilmegine jogap berýärler.

Sosialaşdyrmagyň institutlary hökmünde, sosialaşmak prosesine täsir edýän we ony ugrukdyrýan sosial institutlar we edaralar çykyş edýärler: mekdep we yokary mekdep, goşun we polisiýa, edara, fabrika we ş.m.

Sosialaşmagyň birinji (formaldäl) wekillerine ata-eneleri, doganlary, garry eneleri-atalary, golaý we daşky garyndaşlary, terbiýeçileri, maşgalanyň dostlary, mugallymlar, trenerler, lukmanlar, ýaşlaryň toparlarynyň liderleri girýärler.

Sosialaşmagyň ikinji (formal) wekllerine düzgün boýunça formal toparlaryň we guramalaryň wekilleri girýärler.

Sosialaşmagyň hemme etaplarynda sosial deňsizlik ýüze çykýar. Sosialaşmagyň birinji etapynda çagalary, hemme taraplaýyn deňsizligiň şertleri gurşap alýar. (maddy-durmuş şertleri we olara ulular tarapyndan üns berilişi boýunça). Indiwidiň alýan biliminiň, maddy ýagdaýna we şahsy başarnygyna baglylykda häsiýeti we hili üýtgeşik bolýar. Sosialaşmagyň soňky iki etapynda bu ýagdaýlar has çuňlaşýar. Şahsyýetiň sosialaşmagynyň esasan iki formasy bardyr we olardan birini

saýlap almak adamynyň biologiki we psihologiki aýratynlyklaryna baglydyr.

1. Uýgunlaşmak-giňişlige passiw uýgunlaşmaklygyň netijesinde şahsyýet dowam edýän normalarynyň we gymmatlyklarynyň talabyna laýyklykda hereket edýär.

2. Integrasiýa (bitewilige birleşmek) – şahsyýetiň giňişlik bilen aktiw özara hereketi netijesinde diňe giňişlik şahsyýete täsir etmän, öz gezeginde şahsyýet hem giňişligi özgerdýär.

Sosialaşmak şu aşakdaky funksiýalary ýerine ýetirýär.

1. Sosialaşmagyň gönüden-göni funksiýasy başga adamlar bilen bilelikde ýaşaşmaga we bütin jemgyýetiň ondan garaşýan zatlaryny ýerine ýetirmeklige ukyply bolan häsiýeti döretmekden ybaratdyr.

2. Gytaklaýyn ýerine ýetirýän funksiýasy bolsa hemme ugurlar boýunça, taryhy dowam edip gelýän tradisiýalary saklamakdan we olary häzirki döwrüň talaplaryna laýyk ösdürmekden ybaratdyr.

Sosial normalar – sosial hereketleri kadalaşdyrmak üçin hyzmat edýän umumy görkezmelerden ybaratdyr.

Sosial normalar hereketler bilen çylşyrymly gatnaşyklarda bolýarlar. Real durmuşda adamynyň özüni alyp barşy kä halatlarda normalaryň talabyna gabat gelmeýär. Normalaryň hem durmuşuň talabyna gabat gelmeýän ýagdaýlary ýüze çykýar. Norma özüňi dogry alyp barmaklyga garaşmagy aňladýar. Şonuň üçin ol sazlaşyk belli bir derejede güýçli mejbur etmeklik bolmasa dowam edip bilmeýär.

Sosial normalaryň birnaçe görnüşlerini belläp geçmeklik bolar.

1. Däp – dessurlaryň, tradisiýalaryň esasynda gündelik özüňi alyp baryşyň.

2. Kollektiwleýin ykrar edilmeklige mynasyp, dürli esaslandyrlan ahlak normalary.

3. Hukuk normalary (normatiw aktlarda we kanunlarda berkidilen). Bu normalaryň ýerine ýetirilmeginde döwletiň güýjüne daýanylýar.

4. Syýasy normalar – bular şahsyýet bilen häkimýetiň arasyndaky gatnaşyklary sosial toparlaryň arasyndaky gatnaşyklary we halkara

hukuk aktlarynda, konwensiýalarda öz beýanyny tapan döwletleriň arasyndaky gatnaşyklary öz içine alýar.

5. Dini normalar – öňi bilen günä iş edenlere jeza berilmeklik, çäre görmeklik dine ynanýanlar tarapyndan gollanylýar.

6. Estetiki normalar – gözellik we tersine bozgaklyk baradaky düşünjeleri, göz öňüne getirmeleri berkidýär.

Sosial gözegçilik düşünjesi adamynyň jemgyýetde özüni alyp barşyny sosial kadalaryň talaplarna laýyk getirmek maksady bilen indiwide maksada okguly täsir etmekligi aňladýar.

Sosial gözegçilik şu aşakdaky görnüşlerde amala aşyrylýar:

- Mejbur etmeklik (ýönekeý görnüşde);
- Köpçülikleýin jemgyýetçilik pikiriň täsiri;
- Sosial institutlarda düzgünleşdirmek;
- Toparlaýyn zor salma.

Durmuş praktikasynyň görkezişine görä düzgüni bozmaklygyň käbir görnüşüne garşy ulanylýan kadalaryň çenden aşa berk bolmagy garaşylýan netijeleri bermeýär. Şonuň ýaly hem düzgüni bozmaklyga geçirimlilik etmeklik hem bolmaýar. Şulardan ugur alyp iki hili netije çykarmak bolar.

a) sosial gözegçilik haçanda özünüň peýdaly netijesini berip biler? Haçanda ol aralyk ýoly saýlap alanda;

b) bu hili çemeleşmegiň aýratynlygy sosial gözegçiligiň esasan mejbur etmeklige daýanyp hereket etmän sosial toparlaryň we jemgyýetiň durnuklylygyna, umumy gymmatlyklaryň barlygyna daýanyp hereket edýänliginden ybaratdyr.

Sosial gözegçiligiň iki hili görnüşi tapawutlandyrylýar:

1. Daşky sosial gözegçilik- indiwidiň işini- hereketini kadalaşdyrýan sosial mehanizmleriň jeminden ybaratdyr. Daşky gözegçilik formal we formal däl görnüşlerde bolup biler. Formal gözegçilik normalara we normatiw aktlara, ugur görkeziji ýazgylara we instruksiýalara esaslanýar. Formal däl gözegçilik jemgyýetçiligiň kabul edip bilmekliginiň derejesinden ugur alýar.

2. Içki sosial gözegçilik, adamynyň jemgyýetde özüni alyp barşynyň dowam edýän kadalara gabat gelmegini üpjin etmeklige ugrukdyrlan öz-özüne gözegçilik etmekligini aňladýar. Içki sosial gözegçilik, belli bir derejede şahsyýetiň sosialaşmagynyň derejesiniň netijesidir.

Jemgyýetde dowam edýän kadalardan çykmaklyk sanksiýalar kömegi bilen jezalandyrylýar. Sanksiýalar pozetiw we negatiw häsiýetlere eýe bolýar.

Pozetiw sanksiýalar – sylag hormata mynsabyýetligi aňladýar.

Negatiw funksiýalar onuň tersine belli bir töleglerden başlap, jenaýata çekmeklige çenli baryp ýetýär.

# VIII. AMALY SOSIOLOGIÝA

## §1. Amaly sosiologiýanyň fundamentallaýyn sosiologiýadan tapawutly aýratynlygy

Fundamentallaýyn sosiologiýada amaly sosiologiýa bilen deňeşdirilende, arassa, teoretiki dereje agdyklyk edýändir we onuň obýekti hökmünde tutuşlygyna alynan jemgyýet hyzmat edýär. Sosilogiki barlaglaryň obýekti boýunça fundamentallaýyn barlaglar makrososiologiýa bilen meňzeşdir. Emma makrososiologiki barlaglaryň käbir görnüşleri fundamentallaýyn häsiýete eýe däldir, mysal üçin, ilat ýazuwlary, plebissitler (ähli halkdan soramak), referendumlar jemgyýetiň ýaşaýşyny düşündirýän teoriýany döredip bilmez.

Fundamentallaýyn barlaglaryň artykmaçlygy olar jemgyýete sistema hökmünde seredip, jemgyýetiň ösüş kanunlaryny açmaklyga mümkinçilik berýärler. Fundamentallaýyn barlaglaryň kemçilikleriniň içinden öňi bilen umumy teoriýany esaslandyrmakda, delillendirmekde takyk maglumatlaryň ýetmezçilik edýänligini bellemek bolar. Ondan hem başga fundamental barlaglaryň esasynda alynan netijeleriň takyk sosial hadysalary düşündirmek boýunça bähbitleriniň gabat gelmezligi hem mümkindir.

Amaly sosiologiki barlaglaryň obýekti tutuş alynan jemgyýet bolman, aýratyn alynan jemgyýetçilik hadysalary çykyş edýändir we olaryň netijeleri praktiki maksatlar üçin ulanylmaklyga gönükdirilendir. Amaly sosiologiki barlaglar faktlary ýygnamak we olary sistema salmak arkaly öwrenip, degerli maglumatlary almaklyga ýa-da tiz praktiki peýda görmeklige ugrukdyrylandyr. Aslyýetinde amaly sosiologiýa jemgyýetçilik ylymlarynyň içinde amaly meseleler bilen ýakyndan meşgul bolýan, jemgyýetiň durmuşynda bar bolan şu günki meseleleri çözmek bilen meşgul bolýan ylymdyr. Amaly sosiologiýa kimem bolsa biri üçin, biriniň buýrugy boýunça ýerine ýetirilýän sosiologiki işdir. Adaty ýagdaýda iş buýrujy hökmünde döwlet edaralary, guramalar, firmalar we başgalar çykyş edýärler. Bu ýerde amaly sosiologiki işiň

maksady täze açyşlaryň esasynda ylyma goşant goşmak bolman eýsem tiz maddy peýda görmeklige ugrukdyrylan bolýandyr. Şonuň üçin buýruk beriji bilen ýerine ýetirijiniň arasyndaky gatnaşyklar hem tapawutly başgaça häsiýetlere eýe bolýar.

Amaly sosiologiki barlaglaryň mikrososiologiýa bilen meňzeşligi bar hem bolsa doly bir zat däldir, sebäbi mikrososiologiki barlaglaryň teoretiki netije çykarmaklyga ugrukdyrylan bolmaklygy hem ähtimaldyr.

Amaly sosiologiki barlaglaryň artykmaçlygy, olaryň ol ýa-da başga hadysalar barada takyk peýdaly maglumatlary almaga ýa-da ol barlaglaryň netijelerini praktiki iş ýüzünde tiz peýdalanmaklyga mümkinçilik berýänliginden ybaratdyr.

Amaly barlaglaryň kemçiligi hökmünde ondan çykarylýan netijeleriň, umumy sosial hakykatyň ýagdaýy hökmünde bütin jemgyýete ýaýratmaklyga ýaramly bolup bilmeýänligini görkezmek bolar.

Amaly sosiologiýanyň giňden ýaýramagyna Amerikanyň sosiologiki mekdebi itergi berdi.

Sosiologiýa ylym hökmünde ilki başda Fransiýada döräp, XIX asyrda we XX asyryň başynda ýokary derejede ösdi. Iri sosiologiki mekdepler öňi bilen Pariž şäherinde döräp soňra Angliýada, Germaniýada, Italiýada giňden ýaýrady. XX asyryň başynda sosiologiýanyň geografiýasy üýtgäp, onuň merkezi Ýewropadan Amerkanyň Birleşen Ştatlaryna geçdi.

Bu merkeziň üýtgemegi birnäçe sebäpler bilen düşündirilýär. Amerkanyň Birleşen Ştatlarynda sosiologiki barlaglaryň giňden ýaýramagy bu ýurduň, ylmyň, tehnikanyň ösmeginde önümçiligiň awtomatlaşdyrylmagynda, senagatyň, ilatyň uly şäherlerde jemleşmeginde öňe çykmagy bilen düşündirilýär.

Mysal üçin, XX asyryň 20-nji ýyllarynda Amerikanyň Çikago ýaly şäherlerinde diýseň köp sanly işçiler ýerleşýärler. Maşynlaşdyrylan zähmetiň esasynda senagat kärhanalarynyň ösmegi bilen baglanşykly şäherlerde işçileriň uly toparlarynyň döremegi birnäçe sosial häsiýetli problemalaryň ýüze çykmagyna getirdi.

Durmuşyň talabyna laýyklykda bu problemalary öwrenmekligiň we olary mümkin bolan serişdeleriň kömegi bilen işçileriň we firmalaryň ýa-da konsernleriň bähbitlerine laýyklykda çözmekligiň zerurlygy ýüze çykýar. Bu işler bilen meşgul bolmak üçin Amerikanyň firmalary fransuz we iňlis sosiologlaryny çagyrýarlar. Netijede ýuwaş-ýuwaşdan amerikada iň ýokary hühärli sosiologlaryň topary döreýär.

Sosiologiýanyň Çikago mekdebi 1915-1935 ýyllarda Amerikanyň sosiologiýa ylmynda esasy orna eýe bolup, ol mazmuny boýunça empiriki, amaly häsiýete eýe bolýar. Bu täze ugruň garaýyşlaryna laýyklykda durmuş meseleleri seredilende olaryň iş ýüzinde praktiki çözgütleriniň tapylmagynyň zerurlygy teoretiki ýa-da ideologiki esaslandyrmalardan öňe geçýär. Amaly sosiologiýanyň wekilleriniň pikirine görä, umumylaşdyrylan sosologiki teoriýalar arkaly sosial durmuş boýunça çykarylýan netijeler köp halatlarda real hakykata gabat gelmeýär, „Hemme zady düşündirip bilmeklik takyk hiç bir zady düşündirip bilmezligi aňladýar“ diýmek bilen amaly sosiologlar umumy teoriýany şübhe astynda goýmakçy bolýarlar. Netijede sosiologlaryň köp böleginiň arasynda, takyk situasiýalary aýratyn ýol bilen giň teoretiki esaslara we sosiologiki barlaglara daýanmazdan çözüp bolar diýen düşünje giňden ýaýraýar we sosiologiki barlaglar diňe takyk praktiki sosial problemalary çözmeklige ugrukdyrylan bolup şol döwürde amaly sosiologiýa umumy sosiologiýa bilen deňeşdirilende ýokary statusa eýe bolýar.

XX asyryň 20-nji ýyllarynda Çikago şäheri amerikanyň sosiologiki merkezine öwrülýär. Ol ýerde amaly sosiologiki barlaglar giňden ýaýbaňlandyrylýar. Amerikanyň görnükli sosiologlary şol sanda Meýo, Merton, Parsons, Moreno we başgalar öz işlerine başlaýarlar.

Sosiologiýanyň Çikago mekdebiniň döremeginde taryhçy we sosiolog Albion Smoll (1854-1926) köp işler bitirýär. 1893-nji ýylda ol dünýäde birinji Çokago uniwersitetiniň sosiologiki fakultetini esaslandyrýar. Ol 1894-nji ýylda D.Winstent bilen bilelikde birinji sosiologiýa boýunça okuw kitabyny „jemgyýeti öwrenmeklige giriş“ diýen at bilen çykarýar.

Albion Smoll sosiologiýanyň esasy meselelerini bähbitleri derňemekde görýär. Ol sosial durmuşa, saglyga, abadanlyga, pikir alyşmaklyga, akyl ýetirmeklige, gözellige we adalatlylyga gönükdirilen bähbitleriň özara täsiriniň jemi hökmünde garaýar. Onuň pikiriçe sosiologiýa, sosial edaralary kämilleşdirmäge hyzmat edýän „sosial tehnologiýa “görnüşindäki maslahatlary işläp düzmelidir. Ol eýýäm 1895-nji ýylda amerikan sosialogiýasynda amaly işleri amala aşyrmaklygyň zerurlygy barada aýdyp geçýär.

Hut şol wagtdan başlap amaly sosiologiýanyň ösüşiniň üç döwri tapawutlandyrylýar.

1. 1895-1920-nji ýyllaryň aralygynda sosologiki düşünjeleriň praktikada peýdalanylmagyna uly gyzyklanma bildirilýär. Ylmy nazaryýetiň esasy nusgasy pikir ýöretmeleriň jeminden ybarat bolup öňi bilen onuň durmuş bilen baglanşygyna üns berilýär. Amaly sosialogiýanyň ösüşiniň ikinji döwri 1920-1950-nji ýyllary öz içine alýar. Bu döwürde amerikan sosiologiýasy doly empiriki ugra ugrukdyrylan bolýar. Sosiologiýada şäher durmuşynyň şertlerinde adam ekologiýasy bilen baglanşykly problemalar öňe sürülýär. Sosial häsiýetli hadysalaryň dürli ugurlaryna bagyşlanan kitaplar çykýar. Şolaryň içinden, är-aýal Lind „Midltaun“ (1928 ý.) tarapyndan ýazylan iki tomdan ybarat işi bellemek bolar. Bu kitap amerikan şäherjiginiň durmuşynyň hemme taraplaryna bagyşlanyp ýazylýar.

Birnäçe ýylyň dowamynda awtorlar şäherjigiň durmuşyny şu aşakdaky alty sany sözbaşy boýunça derňeýärler: ýaşaýyş durmuş serişdesi, ýaşaýyş jaýy, ýaşlary terbiýelemek, işden boş wagtyňy geçirmegiň görnüşleri, din, jemgyýetçilik işi.

Täze empiriki sosiologiýanyň döremegi bilen sosiologiýanyň köne mekdepleri öz ähmiýetini ýitirip başlaýar. Hatda sosiologiýanyň diňe empiriki görnüşde ýaşamagynyň peýdalydygy baradaky pikirler hem ýüze çykýar.

Emma empiriki sosiologiýanyň kemçiliklerini durmuş ýüze çykarýar. Empirikleriň soňky birnäçe sosiologiki barlaglarynyň netijeleriniň ýönekeý faktlaryň ýygyndysyndan ybarat bolup, olaryň

ylmy äheňde teswirlenmeginiň ýetmezçilik edýänligi geň görerlik däldir. Amerikan sosiologlarynyň özleriniň ykrar etmeklerine görä, empiriki ugra çenden aşa ýykgyn etmekligiň özi umumy ykrar edilen ylma goşulyşyp gitmäge alyp barmady. Şonuň üçin 20-30 ýyllarda sosiologlaryň köp bölegi empiriklere topara degişli bolan hem bolsa sosiologlaryň bir bölegi umumy sosiologiýanyň tradision, ýörelgelerine ygrarly bolup galdylar. Görnükli amerikan sosiology E.Meýo (1880-1949) industrial sosiologiýanyň başlangyjjyny goýýar. Onuň sosiologiki garaýyşlary fransuz sosiologlary F.Lepleniň we E.Dýurkgeýmiň täsiri astynda ýüze çykýar. E.Meýo olardan häzirki zaman jemgyýetinde adam şahsynyň tapawutly aýratynlygy baradaky ideýany we jemgyýetçilik guramalarynyň formal, býurokratik häsiýetde gurluşynda tankydy garaýyşlaryny kabul edýär.

Şu jähetden E.Meýonyň häzirki zaman kapitalizm jemgyýetini tankytlamagy, Industrial jemgyýetiň „ilkinji“ ýa-da „formal däl“ guramalary dargatmaklyga alyp barýan hereketlerine garşy ugrukdyrylan bolýar. Onuň pikiriçe ýokardaky agzalan guramalar ähli taryhy jemgyýetleri saklamak üçin iň wajyp serişde bolup durýar.

Meýonyň tankydynyň esasy obýekti, jemgyýetiň institusiýalaşmak prosesiniň ösmegi bilen baglanşykly býurokratiýanyň güýçlenmegine, adam gymmatlyklarynyň pese gaçmagyna getirmegi bolup durýar.

Meýo beýleki köp sanly sosiologlar ýaly, häzirki zaman jemgyýetde tehniki ykdysady ösüş bilen ahlak sosial derejäniň arasyndaky tapawudyň ýokarlanýanlygyna zyýanly hadysa hökmünde jemgyýetiň ünsüni çekýär.

Adamynyň sosial şertlere uýgunlaşmazlygy, dürli sosial mahrumlyga sezewar bolmagy Meýonyň pikiriçe, adamynyň psihikasynyň durnuksyzlygyna ertýär. Sosial durmuşa uýgunlaşmadyklaryň köplügi önümçilikde iş taşlaýyşlara, kadrlaryň geldi-geçerligine, kärhananyň „sosial bitewiliginiň“ bozulmagyna alyp barýar.

Ýaramaz zähmet şertleri we tutuş durmuş bilen baglanşykly närazylyklaryň güýçlenmegi, Meýonyň garaýyşlaryna görä,

rewolýusionerleriň we beýleki ýykgynçylyk etmegiň tarapdarlarynyň döremegine alyp barýar.

Meýonyň ideýasynyň merkezinde durýan zat adamlaryň tebigy ymtylyşlaryny, meýillerini basgylaman tersine olary göz öňünde tutup, bu faktoryň adamlaryň özara hyzmatdaşlygyna alyp barýan jemgyýetiň öz-özüni dolandyrmagyna hyzmat etmegini ýola goýmagy başarmakdan ybaratdyr. Meýo jemgyýetiň durnuklygylyny, deňagramlygyny saklamagyň bähbitlerinden ugur alyp, bu problemany çözmekligiň özüçe dogry hasap edýän ýoluny öňe sürýär. Bu mesele Meýonyň işlerinde jemgyýetçilik proseslerini dolandyrmaga „sosiologiki çemeleşme“ diýip at berilýär. Onuň bu garaýyşlary sosial problemalaryň önümçilik ulgamynda çözülişiniň tejribesine esaslanýar.

Dýurkgeýmden soň Meýonyň pikirine görä, jemgyýetiň deňagramlygynyň saklanmagynyň şerti hökmünde adamlaryň toparynda öňi bilen zähmet toparynda göni psihologiki umumylyk raýdaşlyk höküm sürmelidir. Meýo öňi bilen adamynyň topara „degişliligine“ ýokary baha berýär. Şeýle bolmazdan „zyýanly esassyz howsala“ düşmek onuň netijesinde jemgyýetçilik normalaryna ters gelýän hereketlere baş goşmagy mümkindir.

Şeýlelikde Meýonyň ideýasyna laýyklykda toparlaýyn bileleşikden soň bütin jemgyýeti öz içine alýan hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagyna ullakan ähmiýetli hadysa hökmünde baha bermek bolar. Meýonyň konsepsiýasynda bu ýagdaý „sosial ýolbaşçylyk“ adyny alýar.

Bu konsepsiýada Meýo başga adamlar bilen gatnaşyga girmäge we hyzmatdaşlygy ýola goýmaga kömek etjek ýörelgeleriň gollanylmagyna ýokary baha berýär.

Meýo jemgyýetde sosial garmoniýanyň ýola goýulmagynda esasy rolyň bilimli menedžerlere degişli boljagyna, olaryň adalatly, ylmy-obýektiw häsiýetde ýolbaşçylyk etmeklige ukyply boljakdyklaryna ynanýar.

Menežerleriň jemgyýetde özbaşdaklygynyň ösýänliginiň real prosesliginden ugur alyp, Meýo olaryň, syýasatçylaryň „Mejbur etmek ahlagynyň“ tersine „Demkoratik häkimiýeti“ we „Bile işlemeklik

ahlagyny“ göterijilere öwrülendikleri barada netije çykarýar. Şonuň üçin ol „sosial ýolbaşçylygy“ amala aşyryp biljek kadrlary taýýarlamagyň döwrüň iň wajyp meseleleriniň biri bolup durýanlygy barada ýazýar. Meýonyň, menedžerleriň jemgyýetde özgerdiji roly baradaky ideýasy häzirki döwürdäki edara edijileriň, önümçiligi dolandyryjylaryň rewolýusiýasy baradaky könsepsiýa bilen göni baglanşyklydyr.

Bu konsepsiýa laýyklykda, täze hakyna tutulan işgärler–menedžerler wagt geçdigiçe köne elitany – kapitalistleri, eýedarlary gysýarlar we häzirki zaman günbataryň jemgyýetinde kesgitleýji rol oýnaýarlar.

## §2. Amaly sosiologiýanyň zerurlygy we ähmiýeti

Bu problema gyzyklanmaklyk 50-nji ýyllaryň ortalarynda özüniň ýokary derejesine ýetdi. P.Sorokin kapitalistik synpyň menedžerlige ösüp geçýänligi barada, P.Parsons – önümçiligiň üstünden edilýän kontrollygyň eýedarlardan, korporasiýalardan dolandyryjylara geçýänligi barada yglan etdiler. 1958-nji ýylda D.Bell „Sessiz rewolýusiýa“, diýen termini „menedžerleriň rewolýusiýasyny“ aňlatmak üçin girizdi.

Galybersede eýeçiligiň we kontrollygyň gutornykly bölünenligi barada we şonuň üçin synplar baradaky tradision teoriýanyň öz güýjini gaçyrýanlygy barada netije çykardy. Bu konsepsiýa soňky ýyllarda ylmy çaklamadan aňry geçmeýän düşünje hökmünde baha berilýär.

Ýokardaky öňe sürülen ideýalar bilen baglylykda amerikanyň Hotorn şäherindäki „Uelstern elektrik“ zawodynda ylmy synag geçirildi. Bu synag üç tapgyrda amala aşyryldy. Birinji etapda (1924-1927) aşakdaky faktorlaryň zähmet öndürijiligine täsiri derňelip görüldi. Mysal üçin ýagtylygyň güýji, jaýyň temperaturasy, çyglylyk we şuňa meňzeş ondan hem başga işgçileriň iş wagtynyň we dynç alýan wagtynyň dürli gatnaşykdaky görnüşleri barlanyp görülýär. Işçileriň arasyndaky sosial klimatyň sagdynlaşmagy ýadowlygyň peselmegi işiň mazmunynyň dürli häsiýete eýe bolmagy, maddy stimulyň ýokarlanmagy ýolbaşçylyk

etmeklik usulynyň üýtgemegi işçileriň öz aralaryndaky şahsy gatnaşyklarynyň oňatlaşmagy we ş.m. bilen düşündirilýär.

Hotorn synagynyň ikinji we üçinji etapynyň netijelerini E.Meýo 1933-nji ýylda yglan etmek bilen işçilere hak tölemegiň dürli görnüşlerini ulanmagyň zähmet şertleriniň we dürli sosial faktorlarynyň işçileriň zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagyna eden täsirini derňeýär. Hotorn synaglarynyň netijeleri önümçilikde adam faktorynyň roluna täzeden seretmekligiň zerurlygyny ýüze çykarýar we işçiniň önümçilik ulgamyndaky tutýan ornunyň diňe bir ykdysady faktorlar bilen kesgitlenmän işçä "ykdysady adam" hökmünde seretmegiň ýeterlik däldigi onuň durmuşynda sosial-psihologiki, medeni, subýektiw-faktorlaryň onuň ruhuny galdyrmagyň uly rol oýnaýanlygy ykrar edildi. Ondan hem başga formal däl guramanyň kömegi bilen önümçilik kollektiwiniň sosial durmuşynyň köp çylşyrymly tarapy ýüze çykaryldy. Hotorn synagynyň çäklerinde industrial sosiologiýanyň we ylmy menedjmentiň ösmegi bilen baglanşykly täze ugur "Adam gatnaşyklarynyň" teoriýasy döredi.

Işçileriň "Formal däl toparynyň" täsiri astynda önümçiligi dolandyrmagyň gidişinde düýpli täzelikler girizildi. Işçi üçin işçileriň topary tarapyndan kabul edilmegi, administrasiýanyň zähmete höweslendirmek ugrundaky geçirýän çärelerinden ýokary gymmatlyk hökmünde seredilýänligi ýüze çykdy. Ondan hem başga praktikanyň görkezişine görä önümçilikde işçiler üçin kiçi toparlar sosial-psihologiki kanagatlanmagy döretmek üçin esasy obýekt bolup hyzmat edýärler. Şonuň ýaly hem kiçi toparlaryň çäklerindäki gurşawda işçiniň maksady, gymmatlyklara garaýşy, özüni alyp baryşyny delillendirmegi, zähmete we önümçilik normalaryna gatnaşygy we ş.m. kemala gelýär. "Adam gatnaşyklary" teoriýasynyň ösüşiniň dowamynda esasy göz öňünde tutulmaly zat, kiçi toparlaryň maksatlarynyň kärhananyň maksatlary bilen gabat gelmegini üpjün etmegiň ýollaryny gözlemekden we tapmakdan ybaratdyr.

Hotorn tejribesi sosial barlaglary geçirmekligiň usulyýeti we düzgüni boýunça itnerwiýu almagyň düzgünini, zähmet öndürijiliginiň bir näçe

sosial faktorlara baglylygyny ýüze çykarmagy öz içine almak bilen birgiden peýdaly çözgütleri ýüze çykardy. Takyk sosial barlaglaryň şeýle tertipde seredilmegi, ýolbaşçylar bilen işçileriň arasyndaky sazlaşyga üns berilmegi Meýo üçin uruş ýyllarynda kaliforniýanyň awiozawodlarynda kadrlaryň durnuksyz, çalyşyp durmagyny azaltmakda uly kömegini ýetirdi.

Hotorn barlaglarynyň jeminden ýokarda görkezilişi ýaly häzirki zaman "Adam gatnaşyklarynyň" teoriýasy döredi. Ondan hem başga kärhananyň strukturasynda "formal däl" elementlerede we zähmetiň sosial-psihologiki höweslendirmek problemasyna uly üns berilip başlandy. Şeýle çemeleşmek arkaly barlaglardan alynan netijeleri, praktikada amala aşyrmak üçin menedžerlere maslahat hökmünde hödürlendi. Bularyň hemmesi Retlisbergeriň "Menežment we işçi" diýen kitabynda öz beýanyny tapdy. Şunuň esasynda onuň 1945-nji ýyldan öňe süren, praktiki häsiýete eýe bolan teklipleri şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Formal we sosial guramanyň strukturasynyň biliminiň derejesiniň ýokary bolmagy;

2. Umumy ysnyşykly, dil, aragatnaşyk serişdesiniň işlenip düzülmegi;

3. Taraplaryň pikirini göz öňünde tutýan "demokratik" edara etmegiň sistemasyny ösdürmek;

4. Işde päsgelçilikleri aradan aýyrmaga ugrukdyrylan, tehniki progresiň we adamyň "sosial ösmeginiň" bähbitlerini sazlaşdyrýan çäreleri işläp düzmegi göz öňünde tutmak;

5. Işçiniň sosial guramada özüniň statusynyň berkemegi ugrundaky meýilleriniň kepillendirilmegi bilen baglanşykly onuň kärhananyň umumy işi boýunça jogapkärçiligi bölüşmekligini göz öňünde tutmaklyk.

Netijede Meýonyň Çikagonyň golaýynda Uestern Elektrik kompaniýasynda geçiren meşhur Hotorn synagy diňe bir amaly we industrial sosiolgiýanyň däl eýsem menežmendiň ylmy teoriýasynyň ösmeginde hem öwrülişik punkty bolup hyzmat edýär. Senagat

kärhanalarynda zähmet öndürijiliginiň ösüşine dürli sebäpleriň (zähmeti gurnamaklyk, iş haky, şahsyara gatnaşyk we ýolbaşçylyk stili we ş.m.) täsirini öwrenip, Meýo öňi bilen adam faktoryna ýokary baha berýär. Meýonyň taglymatyna laýyklykda adamynyň “sosial element” bolup onuň toparlaýyn herekete goşulmagy uly ähmiýete eýedir. Ondan hem başga Meýo, býurokratik düzgüniniň adamynyň tebigatyna, erkinligine ters gelýänligini belleýän we senagat ýolbaşçylaryna, önümden hem öňürti adamlara üns bermekligi maslahat berýär. Diňe şeýle ýagdaýy onuň pikiriçe jemgyýetiň durnuklylygyny üpjün edip biler. Umuman sosial ylymlarda giňden ýaýran, “Adam gatnaşyklary” doktrinasynyň sosial tejribesi Meýo tarapyndan yglan edilen aýratyn adamy sylaglamakdan topary sylaglamana, ykdysady ugrukmadan sosial-psihologiki ugrukma ýörelgelerine geçmeklige esaslanýar. Şonuň esasynda zähmet öndürijiligini ösdürmekligiň täze serişdeleriniň - “zähmeti ynsanperwerleşdirmek”, “toparlaýyn çözgüt” we beýleki çäreleri işläp düzmeklik ýüze çykýar.

Amaly sosialogiýanyň XX asyryň ortalaryndan soňky üçünji döwri başlanýar.

Bu döwür amerikanyň we ýewropanyň uniwersitetlerinde akademiki we amaly sosialogiýanyň ýakynlaşmagy we takyk meseleleri çözmekde biri-biriniň üstüni ýetirmeklik bilen bagly bolýar.

Teoretiki derjede fundamental we amaly sosialogiýanyň gatnaşygy baradaky problema amerikan sosialogiýasynyň öňki wekillerinden L.Uordan özüniň “Amaly sosiologiýa” diýen işinde seredip geçýär. Onuň belläp geçişi ýaly umumy sosiologiýa bilen amaly sosiologiýa deňeşdirilende birinjisi ylymyň ösüşiniň geçmişdäki we häzirki wagtdaky derejesine degişli bolup, ikinjisi gelejege degişlidir, ýa-da birinjisi-bilim, ikinjisi bolsa işdir. Sosiologiýada elmydama hadysany ýönekeý beýan etmekligiň garşysyna ony düşündirmeklik ugrunda göreş gidipdir.

Ahyrky netijede amaly sosiologiki barlag esasynda başlanan sosial derňew täze nazaryýet taglymatlarynyň esasyny düzýändir. Şonuň ýaly

hem umumy sosiologiýa özüniň teoretiki ýörelgeleriniň praktikada tassyk bolmagyny gazanmagy empiriki barlaglara baglydyr.

Bu ýagdaý amaly we teoretiki sosiologiýanyň ikisiniň biri-birini iňkär etmezden özara sazlaşykly utgaşyp gitmeginiň zerurlygynyň subutnamasydyr.

# IX. TAKYK SOSIOLOGIK BARLAGLARYŇ GÖRNÜŞLERI WE METODLARY

## §1. Takyk sosiologiki barlaglaryň mümkinçilikleri we dürli görnüşleri

Sosiologiýa özüniň ýerine ýetirýän wezipesine laýyklykda, jemgyýetiň dürli ugurlary boýunça degerli empiriki, takyk - mysal üçin, saýlawçylaryň pikiri,ýaşaýyş zerurlyklary, durmuş tejribesi, halkyň medeni derejesi, ruhy talaplar, döwletiň we halkyň bähbitleri, çaga dogurmak mukdarynyň ösişi, maşgala býujeti, täze iş ýerleriniň döreýşi, durmuş bilen deň ädim ätmekligiň zerurlygy adamlaryň ruhy belentligi, zähmet terbiýesi, ylym-bilime bolan islegiň artmagy, ýaşlaryň sagdyn durmuş endiklerine ugrukmalary ýaş nesliň we ýaşululyk sarpasynyň sazlaşygy we ş.m. barada maglumatlary ýygnamazdan we olary seljermezden ýaşap bilmez. Öňi bilen sosiolog – barlagçy, žurnallarda, dokladlarda çap edilen maglumatlary, resmi statistikany ulanýar. Ýetmedik maglumatlary sosiologiki sorag jogap arkaly toplaýar. Soňra ýygnalan maglumatlar boýunça, matematiki ortaça hasaby çykarylýar we olar ylmy teoriýada we praktiki işi dolandyrmakda ulanylýar.

Sosial durmuşyň sosiologiki barlaglar arkaly öwrenilip netije çykarylmagy induksiýa we deduksiýa usullarynyň utgaşdyrylyp ulanylmaklygy bilen gazanylýar.

Her bir sosiologiki barlagyň maksady jemgyýetiň durmuşyndaky iň wajyp problemalaryň üstüni açmakdan ybaratdyr. Sosiologlaryň üns merkezinde durýan mesele özüniň aktuallygy durmuşda zerurlygy bilen tapawutlanyp, ähmiýetli problemalaryň çözülmegine kömek

etmelidir we diňe şu günüň talabyny ödemek däl-de gelejekdäki ösüşleri hem kepillendirjek ylymyň ösmeginede goşandyny goşmalydyr.

Ylmy edebiýatda teoriýa bilen metologiýanyň özara tapawudy we umumylygy barada pikir alyşmalar dowam edýär. Sebäbi bu düşünjeleriň arasynda tapawut goýmak, olar özara golaý hereket edýändikleri üçin kynçylyklary döredýär. Grek sözinden metod-usul, logos-kanun-usulyň kanunalaýyklygy diýmegi aňladýar. Teoriýa ol ýa-da başga hadysany, prosesi düşündirmegiň, şonuň bilen birlikde haýsy, takyk, problemalaýyn situasiýany öwrenmekligiň öňde durýanlygyny görkezýän bolsa, metodologiýa şony nähili ýol bilen derňemekligiň gerekligini görkezýar, ýa-da situasiýany we ony düşündirmegiň ýoluny öwredýär.

Sosiologiki barlag ony taýýarlamakdan başlanýar; barlagyň maksadyny, programmasyny, planyny, serişdesini, geçirilmeli wagtyny, alynan maglumatlaryň üstünde işlemekligiň usullaryny kesgitlemek we ş.m. bu onuň birinji etabyny düzýar.

Ikinji etap-ilkinji sosiologiki maglumatlary ýygnamakdan başlanýar. Bular entäk umumylaşdyrylmadyk, dürli görnüşdäki ýygnalan habarlardan – barlagçynyň ýazgylaryndan protokollardan göçürilip alynan ýazgylardan soralan adamlaryň aýratyn jogaplaryndan we ş.m. ybaratdyr.

Üçünji etabyň esasy mazmuny sosiologiki barlagyň dowamynda ýygnalan maglumatlary EWM-de işlemek üçin taýýarlamak, maglumatlary işlemekligiň programmasyny düzmek we ahyrky netijede EWM–de işlemekligi amala aşyrmak düzýandir .

Iň soňky dördünji etaby işlenen maglumatlary analizlemek, barlagyň netijesi boýunça ylmy hasabaty taýarlamak, zakaz eden, edarany dolandyrýan subýekt üçin çykarylan netijeleri we hödürlenýan maslahatlary kesgitlemek bilen baglanşyklydyr.

Sosiologiki barlaglaryň görnüşi öňde goýulýan, maksatlaryň, meseleleriň häsiýetine, sosial prosesi analizlemegiň düýpli ýa-da ýüzleý goýulýanlygyna we ş.m. bagly bolýar. Sosiologiki barlaglaryň üç

görnüşini, ýagny barlap bilmek, beýan ediliş we analizlemekden ybarat bolan görnüşlerini tapawutlandyrýarlar.

1. Barlap bilmek, sosiologiki derňewiň iň ýönekeý görnüşinden ybarat bolup, çäklendirilen meseleleri çözmeklige mümkinçilik berýär. Derňewiň bu görnüşi barlag serişdelerini, usulyýet dokumentlerini-anketalary, interwýunyň blankalaryny, sorag listlerini, gözegçilik kartoçkalaryny, dokumentleri öwrenmek boýunça ulanylýan kartoçkalary we başgalary iş ýüzünde ilkinji gezek barlap görmekligi aňladýar. Bu barlagyň programmasy hem ony geçirmekligiň serişdesine laýyklykda ýönekeýleşdirilen bolup, barlaga çekilýänleriň sany 20-den 100 adama çenli bolýar. Barlagyň bu görnüşi haçanda problema ýeterlik öwrenilmedik we barlagyň birinji gezek geçirilýän ýagdaýynda uly ähmiýete eýe bolýar, tiz, ýeterlik, dogry maglumatlary almaga mümkinçilik berýär.

2. Barlagyň beýan ediliş görnüşi, sosilogiki analizlemegiň has çylşyrymly görnüşi hasap edilýär. Onuň kömegi bilen öwrenilýän sosial hadysa barada, belli bir derejede, bütünleýin düşünje berýän empiriki maglumatlary alyp bolýar. Bu usul öwrenilýän obýekt dürli häsiýete eýe bolup, uly bolan ýagdaýynda, Mysal üçin, uly kärhananyň zähmet kollektiwi, zähmet stažy, ýaşy, jynsy, hünäri we ş.m. boýunça dürli-dürli adamlardan ybarat bolan ýagdaýynda ulanylýar.

Öwrenilýän obýektiň strukturasynyň bir meňzeş toparlara bölünmegi, mysal üçin, bilim derejesi boýunça, ýaşy we hünäri boýunça bölünmegi, baha bermeklige, gyzyklandyrýan harakteristkany deňeşdirmeklige, olaryň arasynda baglanşygyň barlygyny ýa-da ýoklugyny ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär. Barlagyň beýan ediliş görnüşinde empiriki faktlaryň toplanyşy boýunça bir ýa-da birnäçe usullaryň ulanylmagy mümkindir. Usullaryň utgaşdyrylyp ulanylmagy, maglumatyň doly we dogry bolmagyny ýokarlandyrýar, has çuň netijeleri çykarmaklyga we esaslandyrylan maslahatlary bermeklige mümkinçilik berýär.

Sosiologiki analiziň iň möhüm görnüşi analitiki derňewdir. Bu öwrenilýän hadysanyň ýa-da prosesiň elementlerini beýan etmek bilen

çäklenmän onuň sebäplerini hem ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär. Sebäp we netijäniň baglanşygyny ýüze çykarmak şeýle barlagyň esasy ugrudyr. Analitiki barlagda ol ýa-da beýleki hadysany şertlendirýän köp faktorlaryň jemi öwrenilýär. Adaty ýagdaýda olar esasylara we esasy dällere, hemişelik we wagtlaýyn, kontrollyk edip bolýan we kontrollyk edip bolmaýan faktorlara bölünýärler.

Analitiki barlag takyk işlenip düzülen programmasyz we zerur bolan serişdesiz amala aşyrylyp bilinmez. Barlagyň bu üçünji görnüşi derňelýän hadysa barada öňünden, takmynan düşünje berýän barlaglaryň öňki iki görnüşiniň tamamlananlygyny aňladýandyr. Analitiki barlag düzgün boýunça kompleksleýin, toplumlaýyn häsiýete eýedir.

## §2. Barlaglaryň programmasy we sosiologiki barlaglarda saýlama, seçim problemasy

Sosiologiki barlagyň başlanmaklygy onuň metodologiki we metodiki bölümden ybarat bolan programmasyny düzmekden başlanýar.

Programmanyň metodologiki bölümine şu aşakdakylar girýär:

a) sosial problemany formulirlemek, kesgitlemek;

b) sosiologiki barlagyň obýektini we predmetini kesgitlemek;

Bu bölüm sosiologyň düýpli teoretiki taýýarlygynyň bolmagyny talap edýär.

Programmanyň metodiki bölümi ilkinji sosiologiki maglumatlary ýygnamagy we olary EWM-de işlemegi göz öňünde tutýar.

Sosiologiki derňewiň programmasynyň yhlas bilen işlenilip taýýarlanylmagy derňewiň geçirilýän wagtynda we onuň netijesiniň analizlenýän wagtynda bir näçe ýalňyşlyklardan sowulyp geçmeklige mümkinçilik berýär.

Barlagyň programmasyny işläp düzmeklige girişmek bilen, sosiolog öňi bilen sosial problema barada oýlanyp ony formulirleýär. Problema diýilip jemgyýetçilik durmuşynyň ol ýa-da beýleki sferasynda dowam edýän we köpçülikleýin häsiýete eýe bolup uly sosial toparlaryň ýa-da institutlaryň bähbitlerine täsir edýän garşylyklara aýdylýar.

Mysal üçin, ilatyň iş bilen meşgullygynyň derejesi döwlet möçberindäki problema bolup durýar. Takyk empiriki barlaglarda, häzirki problemanyň çäklerinde şeýle situasiýalara seredilip biliner: - ýaşlary gyzyklandyrýan hünärler boýunça iş ýerleriniň ýetmezçilik etmegi ýa-da döwlet sektorynyň kadrlara bolan islegi bilen ol ugurda ýaşlaryň işlemek islemeýänlikleri bilen baglanşykly garşylyklaryň ýüze çykmagy, ýa-da häzirki zaman rus jemgyýetinde jemgyýetiň gatlaklara bölünmegi, jenaýatçylygyň ösmegi, ykdysady durnuksyzlyk ýaly uly möçberdäki sosial problemalaryň ýüze çykmagy we ş.m. Aýratyn bir zerurlyk bolaýmasa, sosiologiki barlagyň çäklerinde bir näçe problemanyň öwrenilmegi maksada laýyk däldir. Sebäbi bu ýagdaý hemme taraplaýyn kynçylyklaryň ýüze çykmagyna we şonuň bilen baglanşykly barlagyň hil derejesiniň aşak gaçmaklygyna getirip biler.

Ilkinji işe girişýän sosiologlar köp halatlarda sosiologiki barlagyň obýektini we predmetini, hakykat iş ýüzünde bir meňzeş zat bolmasada, garyşdyrýarlar.

Sosial prosesiň her biri, sosial-durmuş sferasy, zähmet kollektiwi, haýsy hem bolsa jemgyýetçilik gatnaşyklary, her dürli dokumentler, barlagyň obýekti bolup bilerler. Bu ýerde esasy zat, bularyň hemmesiniň düzüminde sosial garşylygyň bar bolmagydyr.

Sosiologiki barlagyň predmeti – bu mysal üçin häzirki kollektiwe, mahsus bolan teoretiki ýa-da praktiki nukdaý nazardan göni öwrenilmäge degişli bolan kollektiwiň harakteristikasydyr.

Mysal üçin, her bir zähmet kollektiwi köp dürli sosial, professional, häsiýetlere eýe bolýar. Emma barlagçyny diňe bu kollektiwiň çleni hökminde işçiniň ahlak, aň-düşünjesiniň derejesi gyzyklandyrýar. Emma işçini häsiýetlendirýän beýleki aýratynlyklary sosiologyň nukdaý nazarynyň daşynda galýar.

Netijede sosiologiki barlagyň obýekti-zähmet kollektiwi, predmeti bolsa, onuň ahlak aň-düşünjesiniň derejesi bolup durýar.

Her bir problemany maksadyna laýyklykda teoretiki we amaly ugurlar boýunça analizlemek bolýar. Barlagyň maksady teoretiki häsiýetde kesgitlense, programma taýýarlananda teoretiki we

metodologiki soraglara üns berilýär, şol sanda gyzyklanma bildirilýän problema boýunça ylmy edebiýatlary öwrenmeklige, barlanylýan predmetiň konsepsiýasyny işläp düzmeklige we ş.m. Şeýle ýagdaýda barlagyň obýekti, diňe takmynan öňünden teoretiki iş ýerine ýetirilenden soň kesgitlenilip biliner.

Teoretiki we amaly barlaglaryň arasynda düýpli tapawut goýmak ýalňyşlykdyr. Her bir teoretiki barlagy amaly barlagyň derjesine çenli dowam etdirip bolar we onuň tersine, her bir amaly barlag teoretiki netije çykarmagy üpjün edip bilmeýän hem bolsa, barlagyň bu görnüşini teoretiki netije çykarmaklyga tarap dowam etdirip bolar.

Sosiolog barlagda goýulýan maksada ýetmek üçin ol ýa-da beýleki usullary, tärleri ulanyp yzygiderli işleýär. Bu işleriň möçberi öňe sürülýän gipotezalar-ylmy çaklamalar arkaly kesgitlenýär. Gipoteza – bu ylmy çaklamadan ybarat bolup ol ýa-da beýleki faktorlaryň dogrylygyny ýa-da dogry däldigini düşündirmek üçin öňe sürülýär.

Sosiologiki barlag düzgün boýunça öňünden pikir edilýän çaklamalara esaslanýar. Ylmy çaklamalar barlagyň hiliniň ýokary bolmagyna, sosiologiki maglumatlary ýygnamagyň usulynyň we obýekti saýlap almagyň dogry bolmagyna mümkinçilik berýär.

Sosiologiki barlaglar geçirilende, öňde goýulýan maksatlara we wezipelere laýyklykda ýörite sorag geçirmeklige degişli kontingenti taýýarlamak zerurlygy ýüze çykýar. Köp halatlarda sosiologiki barlaglar tutuşlaýyn geçirilmän, saýlama häsiýete eýe bolýar, sebäbi öwrenilýän obýektiň jemini tutuşlygyna alyp öwrenmek, ýolbermesiz ýokary material çykdaýjylara we köp wagty sarp etmäge alyp barýar. Şonuň üçin öwrenilýän obýektiň talabyna laýyklykda adamlaryň topary saýlanyp alynýar. Şeýle amala aşyrylýan işe sosiologiýada saýlama, seçip alma diýilýär.

Barlagyň obýekti, düzgün boýunça ýüz müň, on müň ýa-da ýüz müňlerçe adamdan ybarat bolup bilýär. Barlagyň obýekti 200, 500 adamdan ybarat bolan ýagdaýynda, olaryň hemmesinden soramak mümkinçiligi barlygy üçin beýle sorag tutuşlaýyn häsiýete eýe bolýar.

Eger-de barlagyň obýekti 500 adamdan köp bolsa onda saýlama sorag usulyny ulanmak dogry bolýar.

Barlagyň saýlama görnüşinde birinjiden sosial obýektiň häsiýetli alamatlary – bilim, hünär, jyns aýratynlyklary we ş.m. göz öňünde tutulmalydyr. Ikinjiden sorag üçin adamlary saýlap almaga taýýarlyk görülende, saýlanyp alynan bölegiň tutuşlygyň, mikromodeli bolup ol özünde tutuşlyga mahsus bolan alamatlaryň hemmesini jemlemelidir.

Saýlanyp alynanlaryň jeminiň elementleri (respondentler-soraga çekilenler, analizlenýän dokumentler we ş.m.) analiziň birlikleri hökmünde çykyş edýärler. Bu birlikleriň hatarynda aýratyn alynan adamlar we tutuş studentleriň toparlary, işçileriň kollektiwleri çykyş edip bilerler.

## §3. Barlagyň, sosiologiki maglumatlaryň toplanylyşynyň usullary

Öňi bilen sosiologiýanyň teoretiki we takyk usullarynyň tapawudyny kesgitlemek zerurdyr. Teoretiki usullar-faktlary öwrenmegiň aýratyn görnüşlerinden ybarat bolup olaryň esasynda öwrenilýän obýektlere degişli faktorlar ýatandyr. Teoretiki metodlaryň kömegi bilen faktlary derňemegiň esasy maksady sosiologiýany düşündirip bilýän ylmy apparaty döretmekden ybaratdyr. Soňra bu takyk metodlary esaslandyrmakda hem ulanylýar. Takyk metodlar sosial hakykatyň ol ýa-da beýleki ugruna degişli bolan maglumatlary almaga ugrukdyrylandyr.

Teoretiki metodlar şu aşakdakylara bölünýärler:

1. Stukturalaýyn – funksional metod boýunça jemgyýete we ony düzýän sosial institutlara, guramalara sistema hökmünde seredilip, onuň kesgitli funksiýasy bolup, durnuklylygy bilen häsiýetlendirilýär. Şeýlelikde jemgyýet we onuň sosial düzümleri, elementleriň özara baglanyşygynyň jemi hökmünde seredilýärler.
2. Deňeşdirme metody, bu düzgün boýunça, dürli medeniýetlere degişli bolan ýüze çykmalary we bir tipli sosial hadysalary

deňeşdirmäge esaslanýar. Bu metoda laýyklykda ähli sosial hadysalaryň we ýüze çykmalaryň bir tarapdan takyk medeniýete baglylykda ýörite aýratynlyklary bolup ikinji tarapdan olaryň her dürli aýratynlyklary sosial reallygy tutuşlygyna häsiýetlendirýärler. Eger-de strukturalaýyn-funksional metod sistemanyň içindäki elementleriň baglanyşygyna üns berýän bolsa, deňeşdirme metody dürli sistemalary özara deňeşdirýär.

Taryhy metod boýunça jemgyýete we beýleki sosial ýüze çykmalara, olaryň emele gelmegi we özgermegi nukdaý nazaryndan seredilýär. Dürli döwre degişli maglumatlar öwrenilende, mysal üçin, maşgalanyň içinde, ene-atanyň, çagalaryň öz aralarynda wezipeleriň bölünişiginiň özgerenligine göz ýetirmek bolýar.

Takyk metodlara girýänler dört görnüşden ybaratdyr: Sorag, dokumentleri analizlemek, gözegçilik we tejribe.

1) Sorag usulyndan sosiologlardan başga žurnalistler, lukmanlar, hukuk öwrenijiler, mugallymlar peýdalanýarlar. Olaryň sorag usulyndan sosiologiki sorag nähili tapawutlanýar?

Onuň aýratynlygy soralýanlaryň sany bilen baglanyşyklydyr. Ýokardaky agzalan hünärmenler düzgün boýunça bir adam bilen iş salyşýarlar. Sosiolog bolsa ýüzlerçe, müňlerçe adamlardan sorap olaryň ortaça sanyna görä netije çykarýar. Näme üçin şeýle çemeleşilýär? Sebäbi bir adamdan sorap diňe onuň şahsy pikirini bilip bolýar. Ýokardaky soragçylara ondan başga zat gerek hem däl. Emma köp adamdan soraýan sosiolog köpçüligiň pikiri bilen gyzyklanýar. Şonuň üçin sosiologyň anketasynda soralýanyň familiýasy, ady, adresiniň görkezilmegi gerek bolmaýar. Sosiolog statistiki informasiýa arkaly şahsyýetleriň sosial tiplerini ýüze çykarýar. Sosiologiki maglumatlary ýygnamak üçin dürli metodlar ulanylýar: sorag, interwýu, gözegçilik, dokumentleri analizmek.

Sosiologiki maglumatlary ýygnamakda ulanylýan usullaryň içinde, anketany doldyrmak arkaly maglumatlary ýygnamak giňden ýaýrandyr.

Anketanyň üsti bilen berilýän soraglar düşnükli we takyk bolmalydyr. Soraga jogap almak üçin berilen wagt 30-40 minutdan geçmeli däldir.

Respondente anketanyň üsti bilen şeýle tertipde ýüzlenmeklik maslahat berilýär:

Hormatly kollega! Biz size haýyş bilen ýüzlenip zähmeti guramaklygyň täze formalary barada öz pikiriňizi aýtmagyňyza garaşýarys.

Siziň çyn ýürekden we takyk jogaplaryňyz, zähmeti guramaklyk boýunça praktiki, maslahatlary işläp düzmäge we umumy netije çykarmaga mümkinçilik berer.

Mümkin bolan jogaplaryň köpüsi anketada görkezilen. Siziň ünsli okap hödürlenen jogaplaryň wariantlarynyň içinden öz pikiriňiz boýunça haýsy jogaby dogry hasap edýän bolsaňyz şony bellemegi haýyş edýäris.

Eger-de peçat edilen jogaplaryň hiç biri sizi kanagatlandyrmaýan bolsa, onda öz pikiriňizi ýazyň (şonuň üçin anketada ýörite boş ýer goýulandyr). Işde kömegiňiz üçin öňünden sag bolsun aýdýarys.

Anketa soragyň ýazuw üsti bilen geçirilýän görnüşidir. Her bir anketa giriş bölüminden, esasy mazmunyndan we jemleýji bölüminden ybarat bolmalydyr.

Sorag usulynyň artykmaçlygy-sosiologiki maglumatlaryň, ykdysady taýdan peýdaly, tiz ýokary derejede ýygnalmagyny üpjün edýär.

Ikinjiden sorag usuly adamynyň içki dünýäsini, onuň gymmatlyklaryny, bähbitlerini, islegini, nämä umyt edýänligini, nämä ynjalyksyzlanýanlygyny öwrenmeklige mümkinçilik berýär.

Sorag usulynyň kemçilikleri hökmünde, Respondentleriň jogabynda subýektiw garaýyşlaryň, bärden gaýtmalaryň agdyklyk etmegi mümkindir.

Ikinjiden jogap berýänleriň berilen soraglara ýeterlik jogap bermekleri üçin bilimi we başga sebäplere görä ukybynyň bolmazlygy ähtimaldyr.

Interwýu sosiologiki usullaryň içinde ýönekeý, düşnükliligi boýunça ikinji orny eýeleýär. Bu soragyň dilden geçirilýän görnüşidir. Egerde anketany respondent özbaşdak doldurýan bolsa, interwýuda soraglary oňa hünärmen – interwýuçy okap berýär.

Haçanda soraglaryň düzülişi, yzygiderligi öňünden taýýar edilen bolsa, interwýuçynyň ony üýtgetmäge haky ýokdur. Bu ýerde gürrüň nusgawy görnüşde taýýarlanan interwýu barada barýar. Bu soragyň görnüşi anketa görnüşinden köp tapawutlanmaýar, gymmat bolman köp adamlardan soramaga mümkinçilik berýär. Interwiýunyň nusgawy däl görnüşinde öňünden diňe tema, esasy soraglar belli bolýar, galan zatlaryň hemmesini interwýuçy işiň dowamynda pikir edip tapýar. Interwýunyň bu görnüşiniň maksady tanyş bolmadyk hadysalar barada, problemany çuňlaşdyrmak üçin, interwýunyň nusgawy görnüşinde öz içine alynmadyk yzygiderlilikleri ýüze çykarmakdan ybaratdyr.

Gözegçilik etmek – sosiologiki barlagyň görnüşleriniň biridir. Bu usul barlagçynyň öwrenilýän waka, hadysa bilen göni gatnaşykda bolmagyny göz öňünde tutýar. Derňewiň bu görnüşini sosiologiýa, antropologiýadan – ýazuwdan öňki medeniýetleri öwrenýän ylymdan kabul edýär. Antropologlar gözegçilik arkaly, ýatdan çykarylan we azsanly halklaryň, taýpalaryň we obşinalaryň durmuş ýörelgesini, sosial gatnaşyklary we sosial özara hereketi, däp-dessurlaryny we tradisiýalaryny öwrenýär. Emma durmuşda, adatça gaýtalanýan wakalara gözegçilik etmek bilen ylmy gözegçilik bir meňzeş zat däldir. Ylmy gözegçilik planly, sistemalaýyn alnyp barylýanlygy we netijesiniň yzygiderli barlanyp durulýanlygy bilen tapawutlanýandyr.

Gözegçiligiň goşulmak we goşulmazlyk ýoly bilen geçirilýän görnüşleri tapawutlandyrylýar. Goşulmaklyk arkaly gözegçilik geçirilende barlagçy barlanýan özara hereketiň wekilleri bilen gatnaşyga girişýär we barlagçynyň özi ol ýa-da beýleki derejede bu özara herekete gatnaşyjylaryň biri bolýar. Munuň şeýledigini beýleki barlanýan adamlar hem bilýärler. Bu ýagdaý başga sözler bilen aýdylanda barlagçynyň barlanýanlaryň hataryna goşulýanlygyny aňladýar ýa-da şeýle situasiýa bilen baglanyşykly barlagçy özüni hem barlaýar. Şeýle tertipde barlagy geçirmek üçin kä halatlarda žurnalist, sosiolog-kärhana işe girýär, ýetginjekleriň hataryna goşulýar, tokar, taksi sürüji bolup işleýär we ş.m.

Her bir gözegçiligiň peýdaly we zyýanly taraplary hem bolýar. Goşulyp geçirilýän barlagyň peýdaly tarapy öwrenilýän wakanyň içki

sebäplerini ýüze çykarmaga mümkinçilik berýänliginden ybaratdyr. Kemçiligi-barlagyň netijesiniň doly obýektiw häsiýete eýe bolmagy diňe barlagçynyň subýektiw garaýyşyna bagly bolmagydyr.

Sosiolog, iş taşlaýjylaryň, köçe märekesiniň, ýetginjekleriň toparlarynyň ýa-da işçileriň brigadalarynyň özlerini alyp baryşlaryny daşyndan öwrenmegi özüne maksat edinýär. Şunuň bilen baglanyşykly onuň hemme hereketleriň tiplerini, reaksiýalaryny, aragatnaşygyň formalaryny ýörite ýazga geçirmegi, barlagyň barlaga goşulmazdan geçirilenligini aňladýar. Gözegçiligiň bu görnüşi ýönekeý bolup, öwrenilýän waka baradaky ýygnalan maglumatlar ýüzleý bolýar. Gözegçiligiň bu görnüşinde özara herekete gatnaşýanlar özleriniň üstünden gözegçilik edilýänligini bilmeýärler. Gözegçiligi alyp barýan subýekt hem özara herekete gatnaşmaýar.

Dokumentleriň analizi. Dokument (lat. dokumentum-şaýatlyk etme, tassyklamak) diýmekligi aňladýar. Dokument ýörite adam tarapyndan döredilen obýekt bolup, ol maglumatlary saklamak, täzeden seretmek we peýdalanmak üçin hyzmat edýär. Şunuň bilen birlikde dokument hökmünde ruhy hadysalar seredilip biliner. Halklaryň taryhyna we medeniýetine rowaýatlar, ertekiler, folklar, halk döredijiligi şaýatlyk edýärler. Dokument informasiýany özünde saklaýan obýektdir.

Dokumentler dürli toparlara bölünýärler. Sosiologiýa üçin degişli subýektler arkaly ýagny ony döreden aýratyn adamlaryň ýa-da guramalaryň awtorlygy boýunça bölünmegi amatlydyr.

Dokumentleri analizmegiň dowam edýän dürli görnüşleriniň içinden şu aşakdakylara üns bereliň! olardan kontent-analiz, biografik we resmi dokumentleri ulanmak usullaryny görkezmek bolar.

Her bir siwilizlenen, medeniýetleşen jemgyýetde, sosiologiki derňewlerde dokumentleri analizlemek usuly ýygy-ýygydan ulanylýar. Dokumentleri analizlemek, sosiologa, sosial hakykatyň köp taraplaryny görmäge mümkinçilik berýär. Şonuň üçin öňi bilen bar bolan maglumatlary gazet we žurnallaryň, kitap materiallarynyň, dürli wedomstwalaryň hasabatlarynyň we ş.m. üsti bilen öwrenmezden dürli barlaglary şol sanda meýdan şertlerinde geçirilmeli barlaglary

planlaşdyrmak maslahat berilmeýär. Mysal üçin ol ýa-da beýleki şäheriň ýaşaýjylarynyň boş wagtlaryny geçirişleri baradaky barlaga başlamazdan öňürti şol şäherde okalgalaryň ulanylyşy, teatrlara, konsertlere barylyşy we ş.m. barada san görkeziji maglumatlary toplamaklyk zerurlygy ýüze çykýar.

Dokumentleri analizlemegiň formallaşan häsiýete eýe bolan görnüşine kontent-analiz diýilýär. Kontent-analiz, ýa-da tekstiň (dokumentiň) mazmunyny ylmy nukdaý nazardan analizlemek, gumanitar bilimiň dürli ugurlaryna mahsusdyr.

Kontent-analiz ilki dörän wagtyndan başlap gazetleriň tekstleýin materiallaryny öwrenmek üçin ulanylypdyr. Häzirki wagtda ol köpçülikleýin habar beriş serişdelerini metbugaty-gündelik çykýan gazet-žurnallary, telewideniýe we radio degişli maglumatlary öwrenmekde giňden ulanylýar. Şeýle hem ol hasabatyň her bir görnüşini, konferensiýalaryň, ýygnaklaryň protokollaryny hökümetara şertnamalary, ylalaşyklary seljermekde ullakan ähmiýete eýedir. Bu metod ýygy-ýygydan dürli, ýörite gulluk edaralary tarapyndan ulanylýar. Iň gizlin maglumatlaryň 80% çenlisi bu usulyň kömegi arkaly alynýar.

Sosiologiki barlaglarda, gazetiň tekstleri, ylalaşyklar, protokollar, şertnamalar we ş.m. analiziň obýekti hökmünde çykyş edýärler. Gazetleriň, žurnallaryň tekstlerinde, radio we telewideniýe boýunça berilýän gepleşiklerde, şertnamalaryň tekstlerinde we ş.m. bolýan üýtgeşiklikleriň esasynda ýurtdaky ideologiki we syýasy güýçleriň ýerleşişi barada netije çykarmak bolýar.

Kontent-analiza laýyklykda, barlagçylar özlerini gyzyklandyrýan soraglary kesgitläp, barlanýan täsin hadysany häsiýetlendirýän kategoriýalaryň sistemasyny işläp düzýärler. Soňra kategoriýalaryň sistemasy belli bir tekstleriň giňişligine görä peýdalanylýar; netijede emele gelen san maglumatlaryň jemi analizlenýär.

Kontent – analiziň ýönekeý mysaly hökmünde, görnükli syýasy işgärleriň metbugatda ýatlanylmagynyň ýygylygy, tizligi ýa-da selçeňligi bolup biler. Bu ugurda san görkezijisi boýunça ýygnalan

maglumatlar syýasy ýa-da ylmy işgäriň umumy reýtingi kesgitlenende ulanylyp biliner.

Kontent – analiz usulynyň umumy kemçiligi, onuň belli bir derejede özboluşly çäkliligi sebäpli, dokumendiň mazmunyny hemme taraplaýyn diňe bir kontent-analiz usulyna mahsus bolan san görkezijileriň kömegi bilen ýüze çykaryp bolmaýanlygydyr.

Biografiki häsiýetli dokumentler, adamynyň ömrüniň dowamynda ýazan hatlaryndan, gündeliklerinden, memuarlardan, maşgala hronikasyndan, awtobiografiýalardan ybaratdyr. Bu dokumentleriň gymmatlygy durmuşy „aşakdan“ ýönekeý adamlaryň gözi bilen seretmek arkaly maglumatlaryň dogrylygynyň üpjün edilýänligindedir.

Esasy kemçilik, haçanda awtorlaryň berýän maglumatlary, olaryň öz bähbitleri bilen baglanyşykly bolan halatlarynda subýektiw garaýyşlaryň ýüze çykmagy ähtimaldyr.

Resmi dokumentleriň metody-döwletiň, buthananyň, syýasy partiýalaryň we jemgyýetçilik guramalarynyň dokumentleriniň analiziniň esasynda, jemgyýetiň ýaşaýyş durmuşynyň obýektiw tarapynyň öwrenilmegini üpjün edýär.

Resmi dokumentleriň, sosiologiki barlaglaryň obýekti hökmünde ähmiýeti şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1) Dokumenti düzýäniň subýektiwlige tarap ýykgyn etmeklik meýliniň pesligi;
2) Maglumatlaryň obýektiwliginiň ýokarylygy;
3) Şahsy dokumentlere seredilende, hakykatyň has doly derejede öz içine alynýanlygy;
4) Şahsy dokumentlere seredilende, maglumatlaryň takyklygynyň ýokarylygy;

Emma resmi dokumentleriň kemçilikleri hem bardyr:

1) Olar artykmaç formallaşdyrylan we birmeňzeş bolýarlar;
2) Resmi dokumentler ýörite nädogry maglumatlary bermek üçin hem ulanylyp biliner, (mysal üçin, germeniýanyň ýörite gulluklary şeýle hereket edipdiler);

3) Dokumentleriň döredilmeginiň maksatlary köplenç halatlarda sosiologyň öz barlaglarynda çözmek üçin öňünde goýan meseleleri bilen gabat gelmeýärler. Şonuň üçin dokumentlerde getirilen maglumatlar sosiolog tarapyndan täzeden işlenmeklige degişlidir.

Geçirilen sosiologiki barlagyň jemi boýunça hasabat ýazylýar. Hasabatda düzgün boýunça zakaz edijini gyzyklandyrýan maglumatlar, ylmy netijeler we maslahatlar ýazylýar.

Hasabatyň giriş bölüminde zakaz ediji we barlagy ýerine ýetiriji, barlagyň geçirilmeli wagty görkezilýär, maglumatlary ýygnamagyň usullary şonuň ýaly hem barlagyň esasy maksatlary beýan edilýär.

Hasabatyň esasy bölüminde goýulan meseleler bilen baglanyşykly gazanylan netijeler getirilýär. Şunuň bilen birlikde diňe bir çözülen meselelere üns bermekden başga barlagy geçirmeklige päsgelçilik döreden kynçylyklaryň üstünde hem durulyp geçilýär.

Hasabatyň iň soňky bölümi umumy çykarylan netijeleri, maslahatlary, sosial praktikada amala aşyryljak problemalary öz içine alýar.

Hasabatyň goşmaça bölüminde barlaglaryň hemme metodologiki we metodiki dokumentleri-programmalar, plan, barlagyň serişdeleri, instruksiýalar görkezilýär.

Hasabatyň möçberi barlagyň görnüşine we çözýän meseleleriniň sanyna bagly bolýar. Ol artykmaç jikme-jiklikler bilen çişirilmeli däldir.

## SOSIOLOGIKI ADALGALARYŇ SÖZLÜGI

### A

**Adaptasiýa** – indiwidiň ýa-da sosial toparynyň jemgyýetçilik sreda uýgunlaşmagy.

**Aksiologiýa** – adam gymmatlyklary baradaky, şol sanda aýratyn şahsyýetiň, belli bir sosial toparlaryň (synplaryň, milletleriň

we ş.m.) ruhy, maddy, syýasy, hukuk, dini gymmatlyklary baradaky ylym.

**Anarhizm** – jemgyýetiň durmuşynda şahsyýetiň azatlygynyň kesgitleýji rol oýnaýanlygy baradaky garaýyşlary esaslandyrýan we döwletiň rolyny iňkär edýän sistema.

**Assimilýasiýa** – azlyk toparyň ýuwaş, ýuwaşdan agalyk ediji medeniýet bilen goşulyşyp gitmegi.

**Autsaýderler** – jemgyýetçilik piramidasynyň iň aşaky basgançagyny eýeleýän sosial gatlaklar.

**Akkulturasiýa** – tradisiýalaryň we däp-dessurlaryň özara täsiri we özara aralaşmak prosesi, medeni gymmatlyklaryň bir sosial merkezlerden beýlekilere ýaýramagy.

**Askriptiwleýin status** – belli bir strata degişli bolmak bilen, maşgalada dogulan wagty gazanylýan status.

**Anomiýa** – sosial normalardan çykmagyň, medeniýetiň birliginiň bozulmagynyň netijesinde, adamlaryň durmuş tejribesiniň jemgyýetiň ideal normalaryna gabat gelmezligi.

**Absolýutizm** – ýurdy edara etmegiň we dolandyrmagyň bir formasy bolup, häkimiýet formalna bir adama-monarha degişli bolýar.

**Awtoritarizm** – awtoritete esaslanýan häkimiýet, awtokratik, syýasy düzgüniň bir görnüşi, demokratik we totalitar düzgüniň arasyndaky ýagdaýy eýeleýär.

**Awtokratiýa** – doly bir adamyň häkimiýetine esaslanýan, dolandyryşyň, despotik, zulumkärlikli usuly.

**Anomaliýa** – nädogrulylyk, normadan we umumy kanunalaýyklykdan çykma.

## B

**Bihewiorizm** – sözüň göni manysynda, gylyk, häsiýet, özüňi alyp baryş baradaky ylym. Bu jemgyýetçilik hadysalaryny indiwidiň psihiki häsiýeti arkaly öwrenmegiň usullarynyň biri.

**Býurokratiýa** – halkdan arasy üzňe, halkyň üstünde duran apparadyň kömegi bilen amala aşyrylýan edara ediş sistemasy.

**Bazis** – öndüriji güýçleriň we önümçilik gatnaşyklarynyň jemi.

## D

**Dewiasiýa** – özüňi alyp baryşyň, toparlaýyn normalardan çykmaklygy aňladýar we çetleşdirilmeklige getirýär.

**Demografiýa** – ilat baradaky ylym bolup onuň sanyny, sostawyny, strukturasyny, territoriýa boýunça bölünşigini, şonuň ýaly hem wagt boýunça özgerişini öwrenýär.

**Diskriminasiýa** – sosial gysmak, hukugyny çäklendirmek ýa-da azlygyň jemgyýetçilik toparlarynyň agzalaryna, köpçüligiň hiç bir hili ýeňilliklerden peýdalanmaýanlaryna adalatsyzlyk bilen garamaklyk.

**Döwlet** – jemgyýetiň bir bölegi hökmünde häkimiýeti we güýji bolan şonuň ýaly hem jemgyýetçilik baýlyklaryny bölmeklige mümkinçiligi bardyr. Ol jemgyýetiň syýasy sistemasynyň esasy instituty bolup, syýasy häkimiýetiň baş subýektidir.

**Demografiki toparlar** – ilatdan çykan jyns alamaty boýunça (erkekler, aýallar) we ýaşy boýunça (ýaşlar, orta ýaşly adamlar, gartaşan adamlardan) ybaratdyr.

## E

**Esasy status** – adamynyň jemgyýetçilik ýagdaýyny kesgitleýär.

**Etniki topar** – jemgyýetiň bir bölegi bolup onuň agzalary özlerini ýada beýlekileriň hasap edişlerine görä hem umumy medeniýetiň gymmatlyklaryny göterijiler hasap edýärler.

**Etnos** (-obşestwo, topar, taýpa, halk) – adamlaryň durnukly bileleşiginden, medeni-taryhy topardan ybarat bolup, onuň agzalary ilki başda gelip çykyşynyň umumylygy, didi, territoriýasy, ykdysady durmuşy soňra ruhy taýdan umumy

medeniýetiň, taryhy tradisiýalaryň sosial-syýasy ideallaryň esasynda birleşipdirler.

**Etniki topar** – köpsanly bolmadyk bileleşikden ybarat bolup, onuň esasynda dil, gelip çykyşyň umumylygy, medeniýet, durmuş we tradisiýalar ýatandyr.

**Etnografiki topar** – ol ýa-da beýleki milletiň, halkyň umumy dilinde gepläp, emma durmuşda, tradisiýalarda, däp-dessurlarda aýratynlyklara eýedir.

**Etnosentrizm** – halkyň hemme ugurlar boýunça özboluşlylygyny saklamaga ýykgyn etmekligini aňladýar. Emma ahyrky netijede bu syýasata güýçli üns bermeklik şol halkyň çetleşmegine we beýleki etnoslar bilen gatnaşyklaryň çylşyrymlaşmagyna alyp barýar.

## G

**Gender** – aýal, erkek, jynsynyň sosial häsiýetleriniň jemi.

**Genosid** – belli bir milletiň ýa-da jynsyň wekillerini bilkaslaýyn gyrmak.

**Gerontologiýa** – garrylyk baradaky ylym.

**Genderleýin ideal** – aýallaryň we erkekleriň häzirki medeniýete mahsus kesgitli özlerini alyp baryşlaryna garaşylmagy.

**Gipoteza** – hadysalary, prosesleri we başgalary düşündirmek üçin öňe sürülýän ylmy çaklama. Barlagyň dowamynda gipoteza tassyklanýar ýa-da ýalana çykarylýar.

**Gazanylýan status** – muňa jemgyýetde indiwidiň öz şahsy aladasynyň üsti bilen ýetilýär.

## H

**Häkimiýet** – öz erkiňi başganyň boýnuna dakmagy başarmak we maksada ýetmek üçin hemme mümkinçilikleri mobilizlemek, toplamak.

**Häkimiýetiň legitimliligi** (kanunylyk, kanunlaşdyrylan) – häkimiýetiň, jemgyýetiň we halkyň goldawyny gazanmaga bolan ukyby, häkimiýetiň kanunylygyny subut edip bilmegi.

## I

**Immigrasiýa** – adamlaryň ikinji bir döwlete geçmegi.

**Ikinji topar** – adamlaryň jeminden ybarat bolup, olaryň arasynda emosional duýgy gatnaşyklary ýok diýen ýalydyr, olaryň özara gatnaşyklary belli bir maksatlara ýetmek üçin çalyşmak bilen şertlenendir.

**Ilkinji topar** – köp sanly bolmadyk adamlardan ybarat bolup, olaryň arasynda göni gatnaşyklar ýola goýulýar we olaryň şahsy häsiýetlerine laýyklykda olaryň arasynda durnukly emosional, duýgy gatnaşyklary emele gelýär.

**Ideologiýa** – belli bir, kesgitli gymmatlyklary we faktlary tassyklaýan sistema.

**Interwiýu** – barlagyň programmasynda göz öňünde tutulýan soraglara jogap almak üçin maksada ugrukdyrylan gürrüň.

## K

**Kontent analiz** – sosial maglumatyň mazmunyny öwrenmekligiň sanlaýyn usuly.

**Kredo** – belli bir ynandyryş ýoly bilen hereket etmek.

**Ksenofobiýa** – häzirki jemgyýetiň durmuş ýoluna ýat bolan hemme zatlara gorky we ýigrenç.

**Konkurensiýa** – sosial subýektleriň arasyndaky, önüm öndürmek we ony ýerleşdirmek üçin amatly şertleri edinmek ugrundaky göreş ykdysady konkurensiýany aňladýar. Syýasy konkurensiýa syýasy häkimiýet ugrundaky göreşde ýüze çykýar. Konkurensiýa ululy kiçili beýleki sosial toparlaryň

arasynda, milli bileleşikleriň we aýratyn şahsyýetleriň arasynda hem ýüze çykyp biler.

**Kiçi topar** – adamlaryň jeminden ybarat bolup, olaryň arasynda göni aragatnaşyk bardyr.

**Kognitiwleýin ösüş** – şahsyýetiň pikir ediş işjeňliginiň formilirleşmek prosesi.

**Konsensus** (köp taraplaýyn ylalaşyk) – iki ýa-da köp subýektleriň arasynda syýasy durmuşyň iň ähmiýetli ugurlary boýunça umumy ylalaşygyň gazanylmagy.

## L

**Latentlik** – ol ýa-da başga prosesiň gizlin, göze görünmän geçmegi.

**Lýumpen** – synpsyzlaşan, durmuşda pese düşen, adamlar-ykmandalar, gedaýlar.

## M

**Migrasiýa** – ilaty bir ýurtdan başga ýurda ýa-da şol ýurduň içinde başga ýere ýerleşdirme.

## N

**Nominalizm** – sosiologiýanyň belli bir ugry boýunça sosial hadysalar, diňe indiwidiň maksatlarynyň ugurlarynyň, motiwleriniň amala aşmagy hökmünde reallyga eýe bolýarlar.

## P

**Plýuralistik sosiologiýa** – bu konsepsiýa laýyklykda jemgyýetiň ösüşinde haýsy hem bolsa bir faktor rol oýnaman, deň derejede köp faktorlar, şol sanda ykdysady, demografiki, syýasy, psihologiki, ahlaklylyk, dini we ş.m. faktorlar rol oýnap bilerler.

## R

**Rol** – belli bir sosial maksady ýa-da statusy bolan adamdan garaşylýan bolşunyň özüni alyp baryşynyň mynasybeti.
**Rollaýyn konflikt** – belli bir situasiýada adam iki ýa-da köp rollaryň özara ylalaşyp bilmejek talaplaryna duş gelýär.

## S

**Sosial proses** – jemgyýetiň ýa-da onuň aýratyn sistemalarynyň ýagdaýynyň yzygiderli üýtgemegi.
**Sosial problema** – sosial garşylygyň barlygy bilen, bolmalysynyň arasyndaky garşylygyň uly mana eýeligine subýekt tarapyndan düşünilmegini aňladýar.
**Sanksiýa** – sosial normalary ýerine ýetirmäge kömek edýän resmi sosial çäre görmek we sylaglamak.
**Sekta** – beýleki jemgyýetiň gymmatlyklaryny iňkär edýän we özüne tarap öwrülmegi talap edýän dini gurama.
**Sosimetriýa** – kiçi toparlardaky şahsyýetara gatnaşyklaryň strukturasyny öwrenmek.
**Simwol** – beýleki düşünjäni, herketi ýa-da predmeti çalşyrýan we onuň manysyny şertleýin aňladýan düşünje, hereket ýa-da predmetdir.
**Sosial interaksiýa** – adamlaryň hereket edýän we biri-biri bilen özara hereket edýän prosesidir.
**Sosial status** – adamynyň jemgyýetde belli bir hukuklary we borçlary bilen baglanyşykly nukdaý nazary, garaýyşlary.
**Sosial hereket** – bu indiwidiň, toparyň, adamlaryň bileleşiginiň durmuş problemalary we garşylyklaryny çözmäge ugrukdyrylan hereketdir we bu hereket özüniň jogabyna garaşmak bilen iki taraplaýyn häsiýete eýe bolýanlygy üçin sosial häsiýete eýedir.
**Sosial ýaşaýyş durmuş** – munuň esasynda sosial toparlaryň we synplaryň, milletleriň we halklaryň, şahsyýetiň we jemgyýetiň, zähmet kollektiwleriniň, jemgyýetiň ilkinji

ýaşaýjysy hökmünde maşgalanyň bähbitleri we islegleri ýatandyr. Jemgyýetiň we şahsyýetiň sazlaşygynyň bähbitleri jemgyýetiň agzalarynyň kadaly işjeňligini üpjün edip biljek hemme faktorlaryň hasaba alynmagyny talap edýär: iş bilen, köp sarp edilýän hatyralar bilen üpjün etmek, medeniýetiň eşretinden peýdalanmak mümkinçiligi we ş.m.

**Sosial goraglylyk** – her bir indiwidiň real hukugynyň üpjün edilmegi, hukuk we sosial kepiliniň jeminden ybaratdyr. Mysal üçin iş bilen, ýaşaýyş jaý bilen üpjünçilik, bilim we saglygy saklaýyş boýunça üpjünçilik, şahsyýetiň ösmegi we özüni amal etmegi üçin zerur bolan ýaşaýyş durmuş derejesine eýe bolmagy we ş.m.

Sosial goraglylygyň kepili hökmünde döwlet çykyş edýär. Bu meselede diňe döwletiň düşünjeli hereket etmegi ýeterlik bolman onuň maddy we medeni resurslarynyň potensialyna baglydyr.

**Sosializasiýa** – indiwidiň bütin ýaşaýşynyň dowamynda, özüne degişli bolan jemgyýetiň sosial normalaryny, medeni gymmatlyklaryny özleşdirmek prosesinden ybaratdyr.

**Sosiologiki pozitiwizm** – sosiologiýada kesgitli biologiki, astronomiki we sosial kanunlara laýyklykda jemgyýetiň ösüşini, sosial sistema hökmünde esaslandyrýan ylymdyr.

**Sosial konwergensiýa** – öňki dürli sosial-syýasy sistemalaryň goşulyşmagyny, birleşmegini aňladýar.

## T

**Tolerantlylyk** – başgalaryň ideýalaryna, pikirlerine, duýgylaryna, tradisiýalaryna, özlerini alyp baryşlaryna, durmuş ýörelgelerine hormat goýmakdyr. Bu adam hukugy we plýuralizm bilen baglanyşykly demokratik prinsipleriň biridir.

**Tradisiýalaýyn häkimiýet** – tradisiýalara, däp-dessurlara esaslanýar.

**Topar** – birnäçe adam, belli bir görnüşde biri-biri bilen özara hereketde bolýarlar, özleriniň topara degişlidiklerini duýýarlar we beýlekiler tarapyndan häzirki toparyň agzasy hökmünde kabul edilýärler.

## U

**Unitarizm** – jemgyýetiň döwlet gurluşynyň prinsipinden we formasyndan ybarat bolup, döwletiň bütin territoriýasynda bir bitewi konstitusiýanyň, döwlet häkimiýetiniň ýokary organlarynyň bir bitewi sistemasynyň, ýeketäk graždanlygyň, sud-hukuk sistemasynyň birliginiň, şonuň ýaly hem syýasy özbaşdaklyk bermezden, administratiw – territorial birlikleriň bolmagyny göz öňünde tutýar.

## W

**Walidnost** – sosiologiýada ölçegiň esasy hiliniň häsiýetnamasydyr, sosiologiki maglumatlaryň ygtybarlylygyny görkezijileriň biridir.

**Wekilleýin demokratiýa** – döwletde, halk öz häkimiýetini belli bir kesgitli wagtyň dowamynda saýlanan adamlara ynanýar we olar hem wagt geçenden soň, täzeden saýlanmaklyga degişli bolýarlar.

## Ý

**Ýazylyp bellenen status** – dogulanda nesil boýunça geçýär.

# M A Z M U N Y


**GIRIŞ.....................................................................................7**

## I. SOSIOLOGIÝA YLYM HÖKMÜNDE

**§1. Sosiologiýa nämäni öwrenýär....................................................10**
**§2. Sosiologiýanyň obýekti we predmeti...........................................14**
**§3. Sosial durmuş we sosial özara hereket....................................... 18**
**§4. Sosiologiýanyň jemgyýetçilik ylymlary bilen gatnaşygy..............26**
**§5. Sosiologiýanyň funksiýalary...................................................... .29**

## II. SOSIOLOGIÝANYŇ YLYM HÖKMÜNDE DÖREÝŞINIŇ WE ÖSÜŞINIŇ TARYHY

**§1. Sosial syýasy pikirleriň döremeginiň gadymy döwri................ 34**
**§2. Sosialogiýa ylmynyň ösüşiniň orta asyrlar we täze döwri (IV – XVIII asyrlar)................................................. 40**
**§3. Häzirki zaman sosiologiýa ylmy (XIX – XX asyrlar)................. 43**

## III. JEMGYÝET SOSIOLOGIÝANYŇ ESASY OBÝEKTI HÖKMÜNDE WE ONUŇ DÜRLI GÖRNÜŞLERI

**§1. Jemgyýetiň ilat, ýurt, döwlet düşünjeleri bilen baglanyşygy..... 56**
**§2. Industrial jemgyýetden öňki jemgyýet....................................... 59**
**§3. Industrial jemgyýet.................................................................... 62**
**§4. Postindustrial, informasion jemgyýet......................................... 63**

## IV. SOSIAL STRUKTURA

**§1. Sosial struktura düşünjesi.......................................................... 66**
**§2. Sosial umumylyklar................................................................... 68**
**§3. Sosial institutlar we sosial guramalar......................................... 71**

## V. SOSIAL STRATIFIKASIÝA. SOSIAL STRATIFIKASIÝANYŇ TIPLERI

§1. „Sosoial stratifikasiýa“ düşünjesiniň düýp mazmuny we stratalaryň
sosial deňsizlik prinsipi esasynda jemgyýetde ýerleşişi............. 80
§2. Sosial status we sosial rol........................................................ 82
§3. Sosial mobillik we onuň görnüşleri.......................................... 89
§4. Stratifikasiýanyň adamzat jemgyýetiniň taryhyndaky görnüşleri.
Kastalar we soslowiýeler. Ýapyk jemgyýet................................ 95
§5. Jemgyýetiň synplara bölünişi dogrusyndaky dürli teoriýalar.. 99

## VI. ETNOSOSIOLOGIÝA

§1. Etnososiologiýanyň predmeti.................................................... 104
§2. Sosial-etniki gatnaşyklaryň we bu ugurdaky syýasatyň
özboluşly aýratynlygy.............................................................. 105

## VII. ŞAHSYÝET SOSIOLOGIÝASY

§1. “Adam”, “indiwid” we “şahsyýet” düşünjeleriniň
mynasybeti…………………………………………………….....114
§2. Şahsyýetiň sosialaşmagynyň düýp mazmuny we etaplary.......118

## VIII. AMALY SOSIOLOGIÝA

§1. Amaly sosiologiýanyň fundamentallaýyn sosiologiýadan
tapawutly aýratynlygy ........................................................... 124
§2. Amaly sosiologiýanyň zerurlygy we ähmiýeti........................ 129

## IX. TAKYK SOSIOLOGIK BARLAGLARYŇ GÖRNÜŞLERI WE METODLARY

**§1. Takyk sosiologiki barlaglaryň mümkinçilikleri we dürli görnüşleri....................................................................133**
**§2. Barlaglaryň programmasy we sosiologiki barlaglarda saýlama, Seçim problemasy..............................................................135**
**§3. Barlagyň, sosiologiki maglumatlaryň toplanylyşynyň usullary.............................................................................138**

**SOSIOLOGIKI ADALGALARYŇ SÖZLÜGI...........................145**